ONORE DE BALZAK

# POLKOWNIK ŞABER

*(gysga roman)*

*Terjime eden:*

**KÖMEK KULYÝEW**

Elektron görnüşe geçiren:

**«YLYMLY»**

ylymly.com@gmail.com

## POLKOWNIK ŞABER

*(gysga roman)*

— Serediň-le, geldi süýrenip! Ýene şol köne şinel!

Bu sözler aklawçylyk edaralarynda, adatça, «Tur-otur, kersen getir» diýilýän milletden bolan ýaşajyk mürzäniň agzyndan çykdy; ol penjiräniň tekjesine ýaplanyp durşuna, elindäki çörekden işdämen symyşlaýardy; ýaňky garagol çöregiň maňzyndan birazajygyny bölüp aldy-da, ondan göjek ýasap, penjiräniň howaçykaryndan pitikläp goýberdi. Mergenlik bilen atylan göjek Wiwýen köçesinde ýaşaýan aklawçy jenap Derwiliň jaýynyň howlusyndan geçip barýan bir nätanşyň başgabyna patlap degägede, aňyrlygyna uçup, penjiräniň tas ýokarky çarçuwasyna ýeteňkirledi.

— Simonen, bes ediň indi oýnuňyzy, ýogsam kowaryn-da, gapyny daşyndan ýapdyryn. Ýarlykly garybam bolsa, islendik müşderi owaly bilen adam ahyryn — diýip, kazyýet çykdajylarynyň hasap-hesibine dümtünip oturan, hat-petek işini ýöredýän kätip başyny galdyryp dillendi.

Simonenem on üç-on dört ýaşlaryndaky ýumuş oglany bolup, kätibiň tabynlygyndady, kazyýet ijaraçylarynyň çakylygy hem öz başlygynyň şahsy

ýumuşlary bilen ýortup, arasynda onuň söýgi hatlarynam gatnadaýmasy bardy. Edim-gylymy Parižiň ähli beýleki oglanjyklarynyňky ýalydyr, kysmaty boýunça-da kazyýet perwanalaryndandyr. Beýle ýetginjek, adatça, rehim-şepagaty, sabyr-takady bilmez keçjaldyr, wäşidir, goşgy zadam düzüberýändir, bitini iýmedir, ýaltadyr. Ýöne şeýle mürzejikleriň her biriniň diýen ýaly, bir ýerlerde jaýyň altynjy gatynda ýaşaýan garry ejesi bardyr-da, ol özüniň otuz-kyrk franklyk aýlyjagyny ejesi bilen deňje paýlaşýandyr.

— Eger ol adam bolýan bolsa, onda nämüçin oňa «Köne şinel» diýýäňiz? — diýip, Simonen öz mugallymyny ýalňyşynyň üstünde tutan okuwçy ýaly, mysapyrsyrap sowal berdi.

Ol penjiräniň söýesine egnini ýaplap durşuna, ýene-de peýnirlije çöreginiň daşyna geçdi, çünki aragatnaşykçylaryň ýabysy ýaly, o-da dik aýak üstünde dynjyny alýar, häzirem dyzyndan eplän çep aýagyny sag taý köwşüniň burnuna çalaja diräp dur.

— Bu petigaraň başyna nähili oýunjagaz salsakkak? — diýip, üçünji mürze Godeşal dördünji mürzä dilden aýdyp ýazdyryp oturan haýyşnamasynda getirýän delilleriniň arasyny bölüp pessaý dillendi, iki sany täze

öwrenje oba oglany bolsa, bada-bat hälki haýýşnamanyň göçürmesini taýýarlaýardylar.

Soňra ol ýene-de dilegeldi haýyşnamasyny dowam etdirdip ugrady:

— ...emma onuň alyhezretleri patyşa Lüdowik On sekizinji (soňky sözi dolulygyna ýazmalydyr, eşidýäňizmi, arassa ýazuwçy, pähimdar Deroş!) özüniň beýik hem parasatly rehim-şepagaty bilen, häkimiýetiň jylawyny eline alyp, aň ýetir... (hany, göreli bakaly, ol pöwhe masgarabaz nämä akyl ýetirdikä?) özüne Ýaradanyň emri bilen berjaý etmeli diýlip berlen belent wezipesine aň ýetirdi! (ýüzlenme belgisi hem alty sany nokat, gorkmaň, kazyýet keramatlysyraýanlary garşy bolup durmaz!). Aşakdaky resminamanyň senesinden görnüşi ýaly, onuň ilkinji aladasy rewolýusiýa döwrüniň aýylganç hem hesretli wakalarynyň salan ýaralaryny bejermek, şondan ötribem, özüniň wepadar hem köpsanly («köpsanly» sözi kazyýetdäkileriň gulagyna hoş ýaksa gerek!) hyzmatkärlerine olaryň satylmadyk ähli emläklerini, olar jemgyýetçilik eýeçiliginde, gaznanyň adaty ýa-da adatdan daşary eýeçiliginde, galyberse-de, jemgyýetçilik edaralaryna peşgeş görnüşinde eýeçilik edilýän bolsa-da, gaýtaryp bermekdir, sebäbi ...de çykarylan bu şan-şöhratly hem

adalatly permanyň manysynyň we ruhunyň şeýledigini biz doly esas bilen tassyklap bileris... Hany, duruň! — diýip, Godeşal mürzelere ýüzlendi. — Bu näletsiňmiş jümle tutuş bir sahypany tutdy-la! — Ol tugraly galyň kagyzyň gatlaryny açmak üçin depderiň kesik gyrasyny dili bilen ýalap goýberdi-de, sözüni dowam etdi. — Diýmek, şeýle, eger siz ony oýnamakçy bolsaňyz, geliň onda biziň başlygymyz müşderileri diňe gije sagat iki hem üç aralygynda kabul edýär diýeliň. Göreli bakaly, garry betnyşan gaýdyp yzyna köwlenäýermikä!

Godeşal ýene-de ýaňky galan jümlesine dolandy:

— ...tassyklap bileris... Taýynmy? — diýip sorady.

— Taýyn! — diýip, mürzeler bilelikde seslendiler.

Bularyň bary — hat ýazdyrmagam, lakgyldaşmagam, dildüwşügem bir wagtyň özünde gidýärdi.

— ...tassyklap bileris... Bukar daýy, bu resminama haýsy senäni goýmaly? Muny jemlemek gerek, myrryhlar! Ýogsam ýene bihuda kagyz köki garalanar!

Kätip Bukar jogap berip ýetişmänkä, mürzeleriň biri:

— Myrryhlar... — diýip gaýtalady.

Godeşal ýaňky täze öwrenjäniň ýüzüne yzgytsyz hem şol bir wagtda ýaňsyly nazaryny aýlap:

— Näme-e, «myrryhlar» diýip ýazaýdyňyzmy?! — diýdi.

— Howwa-da — diýip, dördünji mürze Deroş gapdalyndakynyň ýazýan göçürmesine seredip jogap berdi. — Ol «Muny jemlemek gerek» diýip ýazypdyr, soňam «Myrrryhlar» diýipdir, oňa-da iki däl-de, üç sany «r» goýupdyr.

Mürzeleriň bary pakyrda berdi.

— Diýmek, onda, jenap Gure, «myrryh» sözüni hukuk adalgasy hasaplaýaňyz-da, ýene-de özüňiziň mortanilidigiňizi hetjiklänem bolýaňyz! — diýip, Simonenem sugşurdy.

Kätip:

— Bu jümläni kakyş-kukuş edip, gowuja arassalaň! — diýdi. — Eger kazyýet agzasy bu zatlary aňaýsa, özüniň hat-petek işleriniň sylanmadygy diýip düşüner. Siz sebäpli başlyga-da gep gelmegi mümkin. Jenap Gýure, indikile beýle samsyk zatlary ýazmazlygyňyzy haýyş edýän. Normandiýaly adam haýyşnama ýazanda, kellesini işletmelidir. Bu biziň gatlagymyz üçin esasy düzgündir.

— ...da çykarylan? ...da? — diýip, Godeşal tekrarlap

sorady. — Aýdaýyň-da, Bukar, haçan diýmeli!

Kätip kagyzlaryndan başyny galdyrman oturyşyna:

— 1814-nji ýylyň iýun aýynda — diýip jogap berdi.

Gapynyň tyrkyldysy bu tükezzyban haýyşnamany gap bilinden böldi. Dişleri ýaldyrap, gözleri garagollukdan ýanyp duran hüžžük saçly mürzeleriň bäşisem başlaryny galdyryp, gapa tarap öwrüldiler-de:

— Giriberiň! — diýip sokduryp goýberdiler.

Diňe Bukar äwmän oturyşyna, kazyýet dilinde «ownuk-uşak zatlar» diýlip atlandyrylýan kagyz topbagynyň üstüne eglip, kazyýet çykdajylarynyň tükeniksiz hasap-hesibini çykarmak bilen gümrady.

Bu edara içi köne peçli, giň otagdan ybaratdy, süýrenjeňligiň öýjügi bolan islendik edaraňam hökmany bezegi şeýle peçlerdir. Otagy ortarasyndan o burçdan bu burça kesip geçýän turbalar agzy çüýlenip goýlan diwarpeje baryp birigýärler, pejiň mermer tekjesiniň üstünde bolsa çörek bölekleri, üçburç peýnirmidir doňuz etinden edilen kotletjikler, bulgurdyr çüýşeler, kätibiň hut özüne niýetlenen suwuk şokolad görnüp dur. Bu ýerde azyk-owkadyň ysy gyzgyn pejiň ajy tüssesi, aklawçylyk edaralaryna

hem baslygan kagyzlara mahsus, sözde suratlandyryp bolmajak ys-koky bilen şeýlebir garym-gatym bolup gidipdir welin, hatda tilki süreniniň aňkaýşam bu yslaryň ýanynda hiç zat diýdirjek. Mürzeleriň aýak yzlary galan ýerlerde — düşemäniň üstünde bolsa, erän garyň suwy böreňläp ýatyr. Penjiräniň golaýynda, güberçek gapagy galdyrylypdüşürilýän iş stolunyň başynda kätip hekgerip otyr. Stoluň gapdalynda kätibiň kömekçisi üçinem bir stoljagaz ýanaşdyrylyp goýlupdyr. Edil häzirem şol kömekçi «kazyýet işi» bilen meşguldy. Takmynan, irden sagat sekiz-dokuzlardyr-da. Otagyň içinde gozgalmaýan emläge eýeçiligiň gadagan edilýänligi, miras satylandaky «kim ýokary» söwdasy, gutamykly hem deslapky kazyýet hökümleri baradaky saralyp giden uly bildiriş kagyzlaryndan, gepiň gysgasy aklawçylyk edaralaryna mahsus dürli kagyzlardan başga göz eglenere zat ýokdy. Baş kätibiň ýeňsesinde ullakan, bütin diwary tutup duran yşgap bar, onuň tekjeleri kagyz daňylaryndan urlup dykylan ýaly, şol daňylaryň arasyndan kazyýet resminamalarynyň özbolușly aýratynlygy bolan ýüzläp ýarlyjaklardyr gyzylja ýüplükleriň uçlary sallanyşyp dur. Yşgabyň aşaky tekjelerinde wagtyň geçmegi bilen saralyp giden kagyz jiltleri saklanýar, ol jiltleriň

arka ýüzüne gök kagyz ýelmenip, ol kagyzlarda-da şu edara tarapyndan düşewüntlije işleri «sazlanyp» goýberilen belli müşderileriň atlaryny okasa bolýar. Penjiräniň kirli aýnalaryndan daşarynyň ýagtysy çala düşýär, ýöne bütin Parižde-de fewralyň ir ertirinde çyrasyz hat ýazyp boljak edara tapylmasa gerek, sebäbi şeýle ýerlere känbir pisint edilibem durlanok, bu-da düşnükli zat. Bu ýere onlap adam gelýändir, ýöne birem eglenýän däldir — lenji çykan zatlar hiç kimiň ünsüni çekenok. Ne aklawçyň özi, ne onuň müşderileri, ne-de mürzeleri edara jaýynyň içi-daşy allanäme bolsun diýip duranoklar, bu jaý birleri üçin-ä okuw otagy, ýene birleri üçin kerwensaraý, hojaýynyň özi üçin bolsa — aşhana ýaly bir zat. Ýag siňip giden kirjimek mebeller elden-ele geçende, ony bir-birege şeýlebir gadyrlap berýärler, şonuň üçinem käbir edaralarda baryp-ha «Şle» (ýokary derejeli kazyýet bolan «Şatleniň» gysgaldylan ady — kazyýet işiniň ilkinji basgançagy) döwrüniň prokurorlaryndan galan kagyz atylýan sebetlerdir agzy boguly üýtgeşik haltajyklar häzirem gabat gelýär.

Beýleki aklawçylyk edaralaryndaky ýaly alagaraňky, galyň tozan basan, müşderilerini ýigrendirip bilen bu ýer Parižiň iň bolgusyz jaýlarynyň hatarynda durýardy. Dogry, Parižde dogalaryň edil azyk harytlary ýaly

satylýan ýeri — kilisäniň dymyksy toba otaglary ýa-da bosagasynda esgä öwrülen geýim-gejimleri asyp, durmuş hezillikleri hakdaky pikiriňi bogup, adama onuň şatlygynyň näme bilen gutarjagyny aýdyp duran alyp-satar dükany-da bar. Eger şu iki zibilhanany hasap etmesek, gullukçynyň edarasy durmuş söwdasy edilýän iň ýaramaz ýerleriň biridir.

Humarly oýunlaryň oýnalýan jaýlary-da, kazyýetde, lotereýalar-da, şoruňy ýatyrylýan ýerler-de ondan uzakda däl. Neçüýn beýle? Megerem, şonuň ýaly ýerlere barýan kişiniň kalbynda gopýan harasat onuň daşky hadysalara bolan duýgurlygyny küteldýändir, beýik akyldarlaryň, beýik şöhratparazlaryň biperwaýlygyny-da, belki, şonuň bilen düşündirse bolar.

— Hany meniň çakgym?

— Men ertirlik edinýän!

— Aý, melgun, haýyşnamaň üstüne syýa damdyrdyň-a!

— Ýuwaşrak, jenaplar!

Şeýle wagyrdynyň arasynda otaga giren hälki goja ähli pahyr-pukaralaryň el-aýagyny güýlýän kysmata kaýyl ýygralyk bilen gapyny ýapdy. Nätanyş goja bir

ýylgyrjagam boldy, ýöne ol mürzeleriň gaýgy-gamsyz keşplerinden hiç mylakat tapmansoň, ýüzündäki ýylgyryş solaýdy. O-da azda-kände adam tanap bilýän bolarly, şu oglandan-a gepime jogap alaýaryn-ow diýen umyt bilen, aňrybaş sypaýy görnüşde Simonena ýüzlendi:

— Jenap, men siziň başlygyňyzy görüp bilerinmi?

O bezzadam goja görgülä hiç hili jogap bermän, «Men kerdirin!» diýen manyda barmagy bilen gulagynyň düýbüne dürtgüledi.

— Size näme gerek, jenap? — diýip, Godeşal şapbat ýaly çöregi symyşlap bolansoň sorady, soňra-da çakgysyny oýnap oturyşyna, aýagyny aýagynyň üstüne bat bilen atdy welin, bir aýagy tas burnunyň deňine ýeteňkirläp gitdi.

— Men, jenap, şu ýere eýýäm bäşilenji gezek gelýän — diýip, hälki giren jogap berdi. — Men jenap Derwil bilen ýene bir gaýta gürleşäýjekdim.

— Onluk işiňiz barmydy?

— Howwa, ýöne men ony diňe jenabyň özüne aýdyp biljek...

— Başlyk ýatyr. Eger siz oňa nämedir bir müşgiliňiz

babatda sala saljak bolsaňyz, onda ýarygijeden soň geliň, ol diňe şonda çynlakaý iş başyna geçýär. Eger-de meseläňizi aýtsaňyz, bizem-ä başlykçarak kömek edibilerdik...

Nätanyş gymyldamadam. Ol kesekiniň aşhanasyna bukdaklap girip, indem böwrüne depilerine garaşýan it ýaly, kysmata kaýyllyk hem howatyr bilen töweregine garanjaklady. Mürzäniň hünäriniň bir artykmaç ýeri — oňa ogrudan gorkmaň geregi ýok, şoňa göräde, jenap Derwiliň mürzeleri ýaňky şinelli adamdan erbetligi asla gümanam etmediler, oňa otagy synlamaga päsgelem bermediler, o görgüli bolsa gaty ýadan bolarly, oturar ýaly ýerjagaz gözläp, nähak kösenýärdi. Gullukçynyň edarasynda bilgeşleýin artykmaç oturgyç goýulmaýar. Goý, pukararak müşderiň biri aýagyndan irip, çykyp barýarka hüňürdese-hüňürdesin, ýöne ol artykmaç wagtyň-a almaz, wagt diýlen zada bolsa, entek «nyrh kesilenok».

— Jenap! — diýdi goja-da. — Men öz işim barada jenap aklawçynyň hut özüne gürrüň berip biljekdigimi size eýýäm duýdurdym. Ol oýanýança, garaşaýaryn.

Bukar hasap-hesibini tamamlady. Şokoladyň ysyna imrinip, örme kürsüsinden galdy-da, diwarpejiň

ýanyna bardy, ýaňky gojany boýdan-başa bir synlady, onuň şylha şinelini mazaly gözden geçirensoň, ýüzüni birgeňsi gyşartdy. Megerem, bu müşderini näçe sykyp-silkeňde-de, ondan gara şaýy gaçmajagyny aňandyr-da, onsoň edarany beýle peýdasyz perişdeden dyndarmak üçin, ol ara düşüp, gürrüňe nokat goýmak kararyna geldi.

— Olar size dogrusyny aýdýarlar. Başlyk diňe gijelerine işleýär. Eger gaty zerur işiňiz bar bolsa, gije sagat birlerde geläýiň diýjek men-ä.

Goja aljyraňňy ýagdaýda kätibiň ýüzüne aňaldy, göwnüne, ol duran ýerinde doňup galana meňzeşdi. Adam ýüzündäki her hili agyp-dönmelere, aglaba haýal hem akyly giç gelegenräk müşderileriň geň-enaýy boluşlaryna öwrenişen mürzeler äňlerini gütürdedip, ýabylar ýaly gäwüş çalyp, aldygyna garynlaryny şüweleňli otaryp oturyşlaryna, gojanam unutdylar.

— Ýeri, bolýa-da, jenap, men şu gün agşam ýene geläýerin — diýip, ýaňky goja ýalançylary gepinde tutjak bolýan bedibagtlara mahsus hötjetlik bilen dillendi.

Pukaralaryň ýeke-täk ar aljak ýeri — kanunçylykdyr haýyr-sahawatlylygyň käbir namartja öwrümjik-aýlawjyklaryny paş etmek. Garyp görgüli biadyl

jemgyýetiň aýybyny açýar-da, soňam Hudaýy çagyryp ugraýar.

— Bäý, muň hötjetdigini! — diýip, Simonen gojanyň gapyny ýaparyna-da garaşman dillendi.

— Özem gabyrdan gazylyp alnan ýal-aý — diýip, mürzeleriň biri sugşurdy.

— Megerem, ol nepagaň gamyny iýip ýören ätiýaçdaky polkownik dagy bolaýmasa — diýip, kätip seslendi.

— Aý, ýok-laý, öň gapy garawuly bolan biridir-dä! — diýip, Godeşal garşy çykdy.

— Jedel edýäsmi, şol begzadalardan bolsa nädersiň? — diýip, Bukar gygyrdy.

Godeşal:

— El kesişýän, şonyňyz-a gapy hyzmatkäri bolmaly — diýdi. — Diňe şol zeýilli gullukdan galan garawullaryň nesibesi şeýle takyry çykan, şylha şinellerdir. Şo gojanyň aýagyndaky apgyrdy giden ýyrtyk ädigini gördüňiz dälmi? Boýunbagy dagy näteňet? Köýnegiň ýerine diňe boýunbagy bar-a. Aý, özem köpriň aşagynda ýatyp-turup ýöreniň biri bolmaly.

— Özüň begzada bolubam, ýaşaýjylara gapyny açyp-

ýapyp bermeli ýagdaýlar bolubiler-ä! — diýip, Deroş gygyrdy. — Bolýar-a şeýle!

— Aý, ýok-la — diýip, Bukar bilelikdäki şowhunly gülkiniň arasyny bölüp garşylyk bildirdi. — Onuň bir müň ýedi ýüz segsen dokuzynjy ýylda-ha piwo gaýnadýan, Respublika yglan edilensoňam, polkownik bolandygyna jedelem edip biljek.

— Ýeri, bolýa, eger şol öňde-soňda harby bolup gören bolsa, onda meniň utuldygym, onda men siziň baryňyzy bir tomaşa äkitmeli bolýan.

Bukar:

— Bolýa! — diýdi.

— Jenap, jenap! — diýip, gögele Simonen penjiräni serpip gygyrdy.

— Sen ýene näme hokga çykardyň, Simonen? — diýip, Bukar sorady.

— Men ony polkownikmi ýa gapy hyzmatçydygyny bilmek üçin yzyna çagyrdym. Goý, özi aýtsyn.

Mürzeler jaýy ýaňlandyryp güldüler. Goja bolsa eýýäm basgançakdan yzyna galyp gelýärdi.

— Ýeri, biz oňa näme diýeris? — diýip, Godeşal seslendi.

Bukar:

— Ony maňa goýuň, özüm oňaryn! — diýdi.

Şormaňlaý goja çekine-çekine, hörege düşen aç gözleriniň ýaldyraýşy syryny paş eder diýen howatyr bilen başyny aşak salyp otaga girdi.

— Jenap! — diýip, Bukar oňa ýüzlendi. — Birden başlyk sorasa aýdaýar ýaly, öz familiýaňyzy aýdyp biljek dälmi...

— Şaber.

— Şaber? Şol Eýlauwyň eteginde öldürilen polkownig-ä däldir-dä? — diýip, içi byjyklap duran Gýure sorady.

— Edil özi, jenap! — diýip, goja mertebeli bir sadalyk bilen jogap berdi.

Ol şeý diýdi-de, edaradan çykyp gitdi.

— Utduň!

— Gyrdy!

— Owf!

— O-ow!

— A-aý!

— Pa-aňk!

— Häý, gojaň bar bol-a!

— Läl-läl-lä!

— Al gerek bolsa!

— Jenap Deroş, siz mugtunajyk teatra gidersiňiz — diýip, Gýure dördünji mürzäni pilem düňderip biljek güýç bilen itip goýberdi.

Soňraky gopan goh-galmagaly, gülki seslerini dilde suratlandyijak bolsaň, ses meňzetmeleriniň baryny bir ýere üýşüräýmelidi.

— Ýeri, haýsy teatra gidýäs onda?

— Opera! — diýip, kätip jogap berdi.

— Ilki bilen-ä — diýip, Godeşal goşuldy. — Hökman teatra diýlen gürrüň asla bolmady. Isleseňiz, men sizi hanym Sakini görkezmäge äkidibem bilerin.

— Hanym Saki tomaşa däl-ä!

— Aslynda tomaşa diýlen zat näme özi? — diýip, Godeşal dowam etdirdi. — Geliň, ilki bu meseläniň düýp manysyny seljereliň. Men nämeden jedel etdim, jenaplar? Tomaşa äkiderin diýdim. Tomaşa nämedir, eýsem? Göze görnüp duran...

Simonen onuň sözüni böldi:

— Aý, beýdip tutjak bolsaňyz-a, siz onda bize Täze köpriň aşagyndan akýan suwy görkezip, «Anha, tomaşa-da şol!» diýibem bilersiňiz.

— ...pula görkezilýän zat tomaşadyr — diýip, Godeşal sözüni jemledi.

— Pula görkezilýän müňläp zat bar, emma olar tomaşa däl-dä. Ýaňky kesgitleme anyk bolmady — diýip, Deroş sugşurdy.

— A-how, meni bir diňläýiň-dä!

Bukar:

— Siz, aşnam, belli-külli bulaşdyňyz — diýdi.

— Kursius tomaşamy ýa-da däl? — diýip, Godeşal sorady.

— Ýok — diýip, kätip garşy çykdy — o taýy mumdan ýasalan heýkelleriň otagy.

— Bir sua derek ýüz frank goýýan — diýip, Godeşal dowam etdi. — Kursiusyň otagy dürli-dümen zatlaryň jemlenen ýeri bolany üçin, ony tomaşa jaýy diýip arkaýyn aýtsa bolar. Ondaky zatlara eýeleýän ornuna görä, dürli bahadan tomaşa edip bolýar.

— Aý, biderek zat-laý! — diýip, Simonenem seslendi.

— Sen-how, gowuja bol, ýeňsäňe bir şapbady doňduraýmaýyn, eşidýäňmi?! — diýip, Godeşal haýbat atdy.

Mürzeler eginlerini gysdylar.

— Aý, ýöne şo garry maýmyn sizi oýnap giden bolsa bilýäňizmi, o-da entek belli däl — diýip, Godeşal sözüni basan umumy gülkiniň arasynda hümürdedi. — Aslynda, polkownik Şaber bireýýäm ölen bolmaly, onuň aýalam ikilenç döwlet geňeşiniň agzasy graf Ferro durmuşa çykdy. Hanym Ferro — biziň müşderilerimizden.

Bukar:

— Çekişme ertire goýulýar! — diýdi. — Işimiz bilen bolalyň, jenaplar! Besdir, bikärlik edeniňiz! Ýaňky haýyşnamany bahymrak tükelläň, ony Dördünji palatanyň mejlisine çenli ýetişdirmelidir. Şol işe şu gün serediljek. Hany, onda atly-atyňyza atlanyň!

— Eger ol polkownik Şaber bolýan bolsa, Simonen oň ýanynda kerlige salyp oýnaklan wagty, näme üçin onuň depgisini ýetirmedikä? — diýip, Deroş özüniň bu delilini Godeşalyň aýdanlaryndan has agramly hasaplap, sorag berdi.

— Mesele entek aýdyň bolmanlygy üçin, fransuz teatryna gidip, onuňam ikinji gatdaky hatarynda oturyp, Talmanyň Neronyň keşbinde oýnaýşyna tomaşa etmegi şertleşeliň. Simonen bolsa aşakky gatyň hatarynda oturar.

Kätip şeýle diýdi-de, öz iş stoluna tarap ýöneldi, beýlekilerem onuň göreldesine eýerdiler.

— ...bir müň sekiz ýüz on dördünji ýylyň iýunynda çykarylan (soňky sözleri dolulygyna ýazmaly!) — diýip, Godeşal aýtdy. — Taýýarmy?

— Taýýar! — diýip, iki hatdat hem mürze birden seslendi, olaryň galamlary tugraly kagyzyň ýüzünde şytyrdap ses edýärdi, şeýlelikde, göýä, mekdep okuwçysy kagyz guýguja ýüzläp maý tomzajyklaryny salyp, olaram aldygyna kagyzy dyrnaçaklaýan ýaly, otagyň içi birhilijek şygyrdydyr şytyrdy seslerinden doldy.

— Biz umyt edýäris, ýagny jenap kazylar... — diýip, hälki aýdyjy dowam etdi. — Duruň entek! Men ýaňky jümläni täzeden okap göreýin. Özümem şu wagt hiç zada düşünýän däldirin.

— Kyrk alty... (aý, näme! Bolýan zat! Bolýan zad-a!) goşmak üç, jemi kyrk dokuz — diýip, Bukar hüňürdedi.

Godeşal ýazylanlary täzeden okap gördi-de, ýene dowam etdi:

— Jenap kazylar şol resminamany çykaran belent mertebeli döredijä mynasyp adamlar bolup, Hormatly legion ordeniniň kapitulynyň edarasy tarapyndan bildirilýän ýerliksiz talaplara dogruçyl baha keserler hem-de kanuna biziň şu teklip edýän düşündirişlerimizi giň gerim bilen goşarlar diýip umyt edýäris.

— Jenap Godeşal, bir owurt suwjagaz içermisiňiz? — diýip, hälki ýetginjek mürze sorady.

— Ýene şu Simonen-dä! — diýip, Bukar seslendi. — Hany, bol bahym! Şu bukjany al-da, Maýyplar öýüne tarap ýelk ýasa!

— Biziň şu ýerdäki teklip edýän... — diýip, Godeşal dowam etdirdi. — Hanym (dolulygyna) wikontessa de Granlýäniň bähbitlerini göz öňünde tutup, diýibem goşuň.

— O nähil-ow! — diýip, baş kätip gygyrdy. — Siz wikontessa de Granlýäniň Hormatly legionyň garşysyna gozgap, biziň edaramyzyňam şeýle töwekgellik bilen alyp barýan işi boýunça haýyşnama ýazmaga nädip ýürek edip bilýäňiz?! Siz, görýän welin, gaty paňkelle bolýaňyz! Şonuň göçürmesidir garalamalaryny

saklajak boluň, olar maňa Nawarrenleriň haýyr-sahawat edaralarynyň garşysyna gozgan işinde gerek bolar. Häzirem wagt gijikdi, meň özüm hökman üns beräýmeli hasaplan zatlarymy goşuşdyryp, gysgajyk bir haýyşnama ýazar-da, kazyýete giderin...

Şeýleräjik wakalar ýaşlyk döwrüniň tükeniksiz güýmenjelerine mahsus bolup, gartaşan çagyňda olary, adatça, «Hä-äý, nähilem bolsa gowy döwürler eken» diýip ýatlaýarsyň.

Gije sagat bir töwerekleri özüni polkownik Şaber diýip atlandyrýan şol nätanyş Sena departamentiniň birinji basgançakdaky kazyýetiniň aklawçysy jenap Derwiliň gapysyny kakdy. Gapy garawuly oňa jenap Derwiliň entek gelmändigini aýtdy. Goja-da özüne geläý diýlenligini aýdyp, ýaşam bolsa, Kazyýet edarasynda iň bir üşüklileriň biri hasaplanýan hukukçynyň huzuryna tarap galyp ugrady. Ol ýaýdanjaňlyk bilen gapynyň jaňyny basdy, Derwiliň naharhanasyndaky nahar stolunyň üstünde ertir seredilmeli san-sajaksyz işleriň bukjalaryny ýaýradyşdyryp duran kätibi görübem, ol geňler galdy.

Kätibem şonçarak geňirgenen bolarly, ol polkownik bilen salamlaşdy-da, oturmagy mürähet etdi. Ýaňky

gelen oturdy.

— Hudaýlygymy aýtsam, jenap, şuň ýaly biwagt çagy gel diýseňiz, meni oýnaýansyňyz öýtdüm — diýip, goja sypaýylyga salýan pukara bendäniň bolşy ýaly, zoraýakdan şadyýansyrap gürledi.

— Mürzeler degşendirler, ýöne şonda-da olar hakykaty aýdypdyrlar — diýip, kätip iş arasynda jogap gaýtardy. — Jenap Derwiliň öz işlerine taýynlyk görýän wagty şu: ol şuň ýaly wagtda oturyp, kazyýet işinde goramagyň usullaryny ölçerip-döküýär, öz delillerini seljerişdirýär, ýüze çykaýjak kynçylyklary öňünden görmäge synanýar. Onuň üýtgeşik akyly şuň ýaly wagtlarda has oňat ýazylyp-ýaýraýar, gijäniň ümsümligi hem asudalygy oňat-oňat pikirleri oýarýar. Ol häzirki işine girişeli bäri, şuň ýaly wagtda maslahat berilýän adamlaryň siz üçünjisi bolýaňyz. Biziň başlygymyz öýe dolanýar-da, her bir işi ilik-düwme öwrenýär, boýdan-başa okap çykýar, bäş-alty sagatlabam galman oturýar, soňra meni çagyrýar-da, birtopar görkezme berýär. Irden ondan ikä çenli gelen-gidenleri kabul edýär, günüň galan wagtynam iş boýunça duşuşyklara sarp edýär. Agşamlaryna ol daş-töweregi bilen gatnaşygyny ýitirmezlik üçin, ile-güne çykýar. Şeýlelikde, oňa kazyýet hökümlerini içgin gözden geçirmäge, jemkanunyň

öňki-soňky goruny dörüşdirmäge, indiki tutluşyklaryň donuny biçmäge diňe gijäň birwagty galýar. Onuň ýekeje kazyýet işinem utdurasy gelenok, öz hünärini şeýle gowy görýär. Öz kärdeşleriniň köpüsinden tapawutly ýeri, ol çem gelen işe ýapyşaýanok. Ynha, onuň ýaşaýşy-durmuşy şeýle, ol seýrek duşýan, juda işeňňir adam! Onsoňam, näme, gazanjam az-küş däl-dä.

Kätibiň gürrüňini diňleýän goja ýeke agzam «hä-howwa» diýmän, dymyp otyr, onsoň onuň eger-eger yşrajaga meňzemeýän ýüz keşbine seredibem, Bukar ony öz gününe goýdy. Biraz salymdan egnine art etegi uzyn joşgalaň lybasyny geýen Derwilem geldi. Kätip oňa gapyny açyp berdi-de, ýene öz işi bilen boldy.

Ýaş aklawçy içeriniň alagaraňkysynda öňünde oturan geň kişini gowuja saýgarjak bolup, az salym gymyldysyz durdy. Oturgyçda doňňaradaş bolup oturan polkownik Şaber daşdan görene, Godeşalyň şol öz dostlaryny çagyrýan ýeri bolan Kursiusyň iş otagyndaky mum heýkelleriň biridir öýtdürjekdi. Ýöne polkownigiň daş sypaty şeýle edrenç bolmadyk bolsa, onuň häzirki doňňaradaşlygy beýle bir göze dürtülmezdem. Goja esger şeýlebir hor, durşuna süňk bolup dur. Bilgeşleýin çümre geýlen ýylma oturtma saçy onuň keşbini has-da syrly görkezýär. Gözleriniň öňüne, göýä, ýukajyk perde

çekilen ýaly, oňa seredeňde, şemdanlaryň yşygyna gögümtil öwüsýän, sary giden sadappisint kagyz ýadyňa düşýär. Gan-petsiz, pyçagyň tygy ýaly inçemik ýüzi (şeýle leji çykan meňzetmäni ulanyp bolýan bolsa) merhumyňka çalym edýär. Boýnuna-da gara ýüpekden ýaramazja boýunbagy daňynypdyr. Şol kirli letdäniň aşak ýanyndaky zatlaryň baryny goýy kölege basan ýaly, juda bir hyýalbent adam seredende, ony tümlügiň hyýaly şekilidir ýa-da Rembrandtyň elinden çykan, çarçuwasy aýrylan suratdyr öýtjek. Maňlaýyna çenli basyp geýen başgabynyň etegi onuň ýüzüniň tutuş ýokarky bölegini kölegäniň inli zolagy bilen ýapyp dur. Ýagtynyň bu täsin, şol bir wagtyň özünde-de äp-äşgär düşnükli oýny çuň gasynlaryň egrem-bugram hem sowuk joýalaryny, öliň reňki uran gan-petsiz solgun ýüzüni hasda gözilginç görkezýär. Galyberse, bu gymyldysyz yşarat, buz ýaly nazar telbeligiň, tentekligiň gözgyny alamatlary bilen doly sazlaşyp, gojanyň ýüzüne sözde beýan edip bolmajak juda yzgytsyz bir keşp berýärdi. Ýöne synçy adam, onda-da hukukçy ykbalyň büküp taşlan bu gojasynyň durkunda agyr hasratyň basan tagmasynyň, gören külpetleriniň yzynyň, ýagşyň iň oňat mermer daşam dama-dama owradyşy ýaly, bu ýüzi nähili ýoýanlygyny aňyp biljekdi. Suratkeşiň dostlary bilen

gümür-ýamyrçylygyň arasynda litografiýa daşynyň gyrajygyna dykgatsyz oýnaýan eli bilen çeken hyýaly suduryny ýatladyp duran şeýle aňiybaş bedroýlyk bilen galtaşanda lukman, ýazyjy, kazy onda birgiden betbagtçylygyň jemlenendigini aňlardy.

Derwile gözi kaklyşanda, ýaňky nätanyş, edil gijäň dym-dyrslygynda çeper ham-u-hyýallaryň goýnunda ýüzýän şahyryň oslagsyz gohy eşidende bolşy ýaly, tisginip gitdi. Goja hasyr-husur başgabyny sypyrdyda, ýaş aklawça tagzym etmek üçin ýerinden galdy. Başgabyň teletin içligi mazaly kirlän bolarly, ýasama saçam oňa ýelmeşipdir-de, başgap bilen bile eline geldi, gojanyň ýylçyr kellesi, o kelläniňem ýeňsesinden tä sag çekgesine çenli uzalyp gidýän, galyň kesmek baglap biten köne ýaranyň aýylganç yzy göründi. Birçak iki ýarylan bu kelle şeýle eýmenç göründi welin, garry görgüliniň garagäz, ýasama saçy başgap bilen duýdansyz bile galanda, Derwiliňem, onuň kömekçisiniňem, eger-eger, gülki ýadyna düşmedi. Şol ýarany görenlerinde, ikisiniňem kellesine «Gör, bu bendäň akyly nireden uçup çykan eken!» diýen pikir geldi.

«Goý, ol polkownik Şaber bolmasa bolmasyn, ýöne, herhal, onuň hakyky urşujylyg-a çyn!» diýip, Bukar oýlandy.

— Jenap! — diýip, Derwil myhmana ýüzlendi. — Men kim bilen gürleşýärkäm?

— Polkownik Şaber bilen!

— Haýsy polkownik Şaber bilen?

— Şol, Eýlauwyň eteginde wepat bolan bilen! — diýdi goja-da.

Bu geň sözleri eşidenlerinde, kätibem, aklawçam bir-biriniň ýüzüne ýalt edip seretdiler, olaryň garaýşynda «Aý, bu bir telbe-läý!» diýen many bardy.

— Jenap! — diýip, polkownik söze başlady. — Meniň öz syrymy diňe siziň özüňize açasym gelýär.

Kanun goraýjylara mahsus şu gaýduwsyzlygy aýratyn bellemeli. Ýa her gün adam bary bilen uçraşýanlygyndanmy, ýa jenaýat jemkanunyň penakärligine bolan sarsmaz ynamdanmy, ýa-da öz wezipesiniň şeýle derwaýyslygyny aňýanlygyndanmy, garaz, hukukçam edil lukmandyr ruhany ýaly, nirä barsa, gorky-ürkini bilenok. Derwil Bukara ümledi, ol çykyp gitdi.

Aklawçy:

— Jenap! — diýdi. — Gündizlerine men wagtymy o diýen aýap duramok, ýöne gijesine welin, her minut meň

üçin gymmatly. Şoňa görä, gysga hem düşnükli gürläýiň. Öz meseläňizi artykmaç düşündirişsiz, ýatlamasyz aýdyberiň. Gerek bolsa, goşmaça maglumatlary özüm soraşdyraryn.

Bu üýtgeşik myhmany jaýlaşykly oturdan Derwil öz stolunyň başyna geçdi, ýöne merhumdyr öýdülýän polkownigiň hekaýatyny diňlejek bolýarka-da, beýleki kagyzlaryny dörüşdirip ugrady.

— Jenap, Eýlauwyň etegindäki söweşde meniň atly polka serkerdelik edenimi, belki, siz bilýänsiňiz — diýip, merhumdyr öýdülýän söze başlady. — Şonda Mýuratyň bize ýeňiş getiren meşhur hüjüminiň şowly bolmagyna meniň goşandym az-küş bolan däldir. Kysmatyň keç gelmegi bilen, meniň ölümim taryhy waka öwrülip, «Ýeňişler hem basybalyşlarda» ol hakda örän giňişleýin maglumatam berildi. Biz şonda garşydaşyň üç hataryny böwsüp geçdik, ýöne duşman desbi-dähil daşymyza halka gurdy-da, biz ýene yzymyza, özümiziňkilere tarap böwsüp çykmaly bolduk. Imperatoryň duran ýerine ýetip barýarkak, garşydaşyň uly bir atly toparyna pete-pet geldim. Men ol hötjetleriň göni üstüne sürdüm. Döw ýaly rus serkerdeleriniň ikisi birden maňa topuldy. Olaryň biri depämden gylyjyny inderdi-de, başymdaky demir tuwulgamam, onuň aşagyndaky ýüpekden

içligem parran bölüp, kelleçanagymy ýaryp goýberdi. Men atdan gürpüldäp gaýtdym. Mýurat biziň dadymyza ýetişmäge howlukdy, ýöne onuň özem, ähli atlylaram (o-da bir ýarym müň dagy bardy) meniň üstümden böküp-böküp geçip gitdiler. Meniň gurban boldy habarymy imperatora ýetiripdirler, o-da ätiýaçdan (ol meni mydama-da gowy görerdi), şu gazaply hüjümiň şowlamagyna sebäp bolan adamy ölümden gutarmaga, heý, bir umydyň barlygyny ýa ýoklugyny bilmek isläpdir. Şoň üçinem başga has möhümräk işleri bolansoň, ýüzugra «Baryň-da, görüň, meniň Şaber görgülim dirimikä, dälmikä?» diýip, meni gözläp tapmagy hem hassahana eltmegi buýrup, iki sany hirurgy ýollapdyr. Ol iki sany lagnaty tebipsumagam, meniň üstümden iki polkuň at dabradyp geçenini görensoňlar, hatda damarymam elleşdirip durman, baryp, «Ol-a öldi!» diýipdirler. Şeýlelikde, meniň ölümim hakda kanuny görnüşdäki anyk resminama düzülipdir.

Şol geň-taň, ýöne juda çyna meňzeş wakalaryň şeýle aýdyň beýanyny eşiden ýaş aklawçy kagyzlaryny bir gyra süýşürdi-de, tirsegini stola diräp, kellesini eline diräp, myhmanyň ýüzüne çiňerilip seretdi.

— Jenap! — diýip, ol gojanyň sözüni böldi. — Siz meniň şol polkownik Şaberiň dul galan ýanýoldaşy,

graf aýaly Ferronyň aklawçysydygymy bilýäňiz dälmi?

— Meň aýalymyňmy? Bilýän, bilýän, jenap! Men kän hukukçylara ýüz tutup gördüm, ýöne meniň bar azabym puç bolup çykdy, meni bir sähnedir öýtdüler, ahyrsoňda men siz bilen gürleşmeli diýen karara geldim. Öz başymdan geçen şumluklar hakda soň aýdyp bererin. Ilkibaşda, hakyky bolan ýagdaýlar bilen başardygymdan tanyşdyraýyn, düşündirjek bolaýyn. Diňe Perwerdigäriň özüne mälim käbir ýagdaýlar bolsa, meni birtopar zatlar hakda çen-çak bilenräk gürlemäge mejbur edýär.

Şeýlelikde, jenap, maňa düşen ýaralar, megerem, mende bürmek keselini gozgapdyr ýa-da men ysmaz diýilýäne golaý başga bir derde ýolugan bolmaly. Ýogsam göramançylaryň meni urşuň kadasyna görä, ýalaňaçlap, doganlyk mazaryna gapgaryp gitmelerini başgaça nähili düşündirjek? Şu ýerde, meniň ölümim diýäýmeseň, başgaça atlandyryp bolmajak şol wakadan has soňrak maňa aýan bolan bir ýagdaý barada aýdyp bereýin-le. Müň sekiz ýüz on dördünji ýylda Ştutgartda men öz polkumyň öňki wahmistrine sataşdym. Meniň kimligime ýeke-täk güwä geçen şol ýagşy ýigit (ol hakda ýeri gelende gürrüň bererin) meniň nä gudrat bilen aman galyşymyň syryny açdy. Onuň aýtmagyna görä,

meniň depämden inen aýylganç urgy bilen bir wagtda, atymyň böwrüne-de top oky degipdir. Atam, atlam, kagyz oýnawaçlar ýaly, birwagtda gapdala gürpüldäp gaýdypdyrlar. Özümiň sagamy ýa çepe — haýsy tarapa ýykylanym-a bilemok, ýöne at janawaryň läşi meni basypdyr-da, at toýnaklaryndan hem top oklaryndan aman saklapdyr.

Aýňalanymdaky ýagdaýymy suratlandyrmagy bolsa, jenap, ertir daňdana çenli güirüň bersemem, başararyn öýdemok. Porsy howadan demim tutulýardy. Gymyldajak bolýan welin, daş-töweregimden edil gysaja salnan ýaly. Gözümi açdym, ýöne gören zadym bolmady. Iň ýamanam howa ýetenok, şo-da özümiň nä ýagdaýdalygymy maňa aňdyrdy. Men ýatan ýerimiň petikdigine, özüme-de gutulgysyz ajal howpunyň abanýandygyna düşündim. Şol pikir aňyma gelende, men özümi aýňaldan ýiti yzanam birdenkä unutdym. Gulaklarym şeýlebir güwleýär, çydar ýaly däl. Çyndanmy ýa göwnümemi, daşymy gallap ýatan merhumlaryň perýatlarynam eşidýän ýaly boldum. Şol pursatlar hakdaky ýatlamalarym juda bulaşyk bolsada, hakydamdaky zatlaryň bary alasarmygam bolsa, meniň aňkamy aşyran soňky, has agyr hasratlara-da seretmezden, häli-häzirem

käte uzak gije şo basyk iňňildiler gulagyma gelip dur! Ýöne şo iňlemelerdenem has aýylganjy — ümsümlik, tüýs gabrystanyň ümsümligi eken, ony men şol wagta çenli göz öňüne-de getirip gören däldirin. Ahyrsoňda, ellerimi ýokaryk galdyrdym-da, üstümdäki jesetleri sermeleşdirip, olar bilen öz kellämiň arasynda azajyk yş barlygyny bildim. Şeýlelikde, ykbalyň çüwmesi bilen maňa berlenje şol aralygy ölçemäge gurbat tapdym, o ýagdaýam men düşündirib-ä biljek däl. Has bolubiljegi, gölegçiler ýa-ha geleňsizlikden, ýa-da alňasaklykdan bizi üst-üstüne garyma gapgaryşdyryp gidipdirler, iki sany jesedem, çagajyk kagyzdan öýjagaz ýasandakysy ýaly, atanaklaýyn meniň üstüme düşüpdir. Meniň o ýagdaýymda haýal-ýagallyk etseň boljak däl, şoň üçinem janhowluma töweregimi sermeleşdirip ugradym welin, bagtyma, biriniň gopan goly elime iläýdi, şol pälwan golam meni halas etdi. Şeýle duýdansyz goldaw ýetişmedik bolsa, meniň tepbedim okalardy! Üstümize sürlen gum bilen biziň aramyzdaky jesetleriň arasyndan sogrulyp çykmak üçin meniň nähili gaýduwsyzlyk, erjellik bilen gidişenimi göz öňüne getirip görüň, hamala, dirileriň gürrüňini edýän ýaly, «biz» diýenem bolýan! Ynanaýyň, men şonda şeýlebir gazap bilen hars urdum, ýogsam, jenap, häzir siziň öňüňizde

oturmazdym. Ýöne dirilige barýan ýolda böwet bolup ýatan münder-münder jesediň arasyndan nädip böwsüp geçenime entegem düşünip bilemok. «Sende üçünji elem bar eken-ä» diýersiňiz. Dogrudanam, şol guraly oňardygymdan başarjaň ulanyp, men jesetleri iki ýana süýşürişdirýärdim, özümem dymyk howadan soryan her bir demimi hasaply alýardym. Ahyrsoň, jenap, ýokardan yşraýan bir ýagtylyga gözüm düşdi, ýöne ol garyň arasyndan gelýärdi! Kelleçanagymyň darka ýarylanynam men şonda bildim. Bagtyma, öz ýaramdanmy ýa-da ýoldaşlarymyňkydanmy akan ganlar depämde kepäp, gatap galandyr, belki-de, ýere ýazylan atymyň hamyndan el ýalysy ýelmeşendir, kim bilýär, garaz, meniň kelläme ýapgy ýapylan ýaly bir zat bolaýypdyr. Emma şonda-da depäm gara galtaşanda, şol ýapgynyň goragyna seretmezden, essim aýylyp, özümden gitdim. Bolsa-da, tenimiň ýylysy entek doly gitmän eken, şojagaz gyzgyn gar gatlagyny ereden bolmaly, onsoň birsalymdan özüme gelemde, depämde sähelçe yş gördüm-de, sesimde baryny edip gygyryp ugradym. Emma Günüň ýaňy dogup gelýän çagy, o wagt meniň sesimi biri eşider-ow diýen umyt barmy? Aslynda, ol meýdanda yns-jyns bir bolup biljekmi diýsene? Men aýaklaryma zor salyp, jesetlere direnip

(bagtyma, olaryň gapyrgalary gaty berk eken), biraz ýokaryk galdym. Şoň ýaly pursatda o bendelere ýüzlenip, «Ýatan ýeriňiz ýagty bolsun, gerçekler!» diýmäň ýerlikli boljagynyň gümanadygyna siz düşünersiňiz, jenap! Gepiň gysgasy, men telim sagatlap ejir baryny çekdim, näletkerde nemesleriň yns-jyns ýok ýerden adam sesini eşidip, ökje göterişlerini görenimdäki gahar-gazabymam üstüne goşsam, onda ýaňky aýdanlarym bärden gaýdýar. Ahyrsoňy, bir zenan meniň dadyma ýetişdi, ýürekliligindenmi ýa bilesigelijiligindenmi, garaz, meniň ýerden kömelek ýaly zompa çykan kelläme golaýlaşmaga şo görgüli milt edip bilipdir. Ol zenan äriniň yzyndan eňipdir, iki bolubam meni öz garyp külbelerine süýräp eltipdirler. Megerem, meni ýene ysmaz keseli bürüp taşlan bolsa gerek, şo wagtky ýagdaýyma kesgitleme bermek üçin şu «ysmaz» sözüni ulanmaga rugsat ediň, o ýagdaýyň nähili bolanyn-a asla bilemok, ýöne meni halas edenleriň aýtmaklaryna görä, meniň halym hut şol keseliň alamaty eken.

Alty aýlap ömür bilen ölümiň arasynda, kä dymyp, käte samrap ýatypdyryn. Iň soňunda hojaýynlarym meni Geýlsbergdäki hassahana ýerleşdiripdirler. Siz düşünýänsiňiz, jenap, men ýeriň astyndan çykamda, edil eneden doglamdaky ýaly çuw ýalaňaçdym, alty aýdan

soň huşuma gelip, özümiň polkownik Şaberdigimem ýada salyp, enekeden maňa näbelli bir ykmanda seredilişinden has artygrak sarpa goýulmagyny talap edenimde, hassahanadaky otagdaşlarymyň gülüp, tas içegeleri gyrlypdy. Bagtyma, hirurg öz at-abraýynyň hatyrasyna, meniň sagalandygyma güwä geçdi hem-de öz näsagy bilen çynlakaý gyzyklandy. Men oňa öz geçmişimi jikme-jik gürrüň beremsoň, ol ýagşy ýigit (oňa Şparhman diýýärdiler) meniň bir gudrat bilen doganlyk mazaryndan çykyşymy, halasgärlik eden är-aýalyň meni meýdandan ýygnan gününi hem sagadyny, meniň ýaralarymyň anyk görnüşini görkezip, ýerli kanunçylygyň ähli talaplaryna laýyklykda resmileşdirmegi tabşyrdy, özem şol köpsanly resminamalaryň gapdalyna meniň daşky sypatym baradaky jikme-jik suratlandyrmany goşdy. Emma häzir elimde şol möhüm kagyzlaram, meniň kimligim hakdaky beren maglumatlarym esasynda geýlsbergli kepilçi tarapyndan tassyklanan güwänamada ýok. Soňraky harby hereketler meni Geýlsbergden baş alyp gitmäge mejbur etdi-de, men bir döwüm çöregiň gözleginde sergezdançylyga ýüz urmaly boldum. Öz başyma düşen şumluklar hakda aýdyp ugradygym, adamlar menden edil guduzdan gaçan

ýaly gaçýardylar; men özümiň mamladygymy subut edäýjek, maňa il-günüň içinde öz omumy gaýtaryp beräýjek resminamalaryň tölegini eder ýaly gara şaýam gazanyp bilmedim! Ýygy-ýygydanam men näsaglyk zerarly, gabat gelen şäherjikde telim aýlap eglenýärdim, o taýda-da bir ýarawsyz fransuza idi-yssuwat etselerem edýärdilerde, ýöne o bende özüniň polkownik Şaberdigini subut etjek bolup ugradygy, onuň edil bäbenegine bakyp gülýärdiler. Şol ýaňsyly gülküler, şol müňkürlik meni mydama-da guduzladara getirýärdi, ýöne bu gyzmalyk diňe zyýanymady, ahyrsoň şo-da meni Ştutgartyň dälihanasyna eltip dykdy. Dogrusyny aýtsam, şu hekaýatlarymdan çen tutanyňyzda, meniň şo taýa eltilip dykylmagyma esasam az däldir.

Men dälihanada iki ýyl ýatdym, ýüzlerçe gezegem öz sakçylarymdan «Ynha-da, özüni polkownik Şaberdirin öýdüp ýören bedibagt şü!» diýen sözleri hem-de hassahana gelip-gidýänleriň «wah-wahyny» eşitdim. Iň soňunda öz başymdan geçen şumluklaryň heňe gelmejekdigine özümem ynandym: muňa boýun boldum, ýuwaşadym, täleýe ten berdim, gaýdybam özümi polkownik Şaber diýip atlandyrmadym, diňe bir arzuw galdy, o-da azatlyga çykyp, Fransiýany bir görmekdi. Eý-ho-ow, jenap, meniň küýüm-köçäm

Pariži ýamaşgan görmek boldy...

Polkownik Şaber gürrüňini paýawlaman, çuňňur oýa batdy, bu üýtgeşik myhmanyň homiaty üçin, Derwilem onuň pikirini bölmäge milt etmedi.

— Şeýlelikde, jenap! — diýip, polkownik ýene dowam etdi. — Ýaz paslynyň ajaýyp bir güni elime on taler tutdurdylar-da, meni indi doly akylyna aýlandy hem-de gaýdyp özüne polkownik Şaberdirin diýenok diýlen tutaryk bilen azatlyga çykardylar. Ynanaýyň, şo günden bäri, häli-häzirem käte öz adymy özüm ýigrenýän. Özüm — özüm bolasym gelenok. Öz hukuklarymy aňýanlygym meni ýere sokýar. Wah, dertkesel meniň öňki ýaşaýşym hakdaky ýatlamalarymam ýany bilen alyp giden bolsady, men bagtly adam bolardym! Onda men bir toslama at bilen ýene harby gulluga durardym, kim bilýär, belki, Awstriýada ýa-da Orsýetde feldmarşalam bolardym!

— Jenap! — diýip, aklawçy dillendi. — Men-ä näme diýjegimem bilemok. Siziň gürrüňleriňizi edil düýşde diňlän ýaly boldum. Haýyş edýän, biraz demimizi dürsäliň.

— Jenap, şeýle sabyr-takat bilen meň gürrüňimi diňlän ýeke-täk adam siz bolduňyz — diýip, polkownik

gussaly dillendi. — Hiç bir hukukçy hem şu iş üçin Germaniýadan gerekli kagyzlary getirmäge on napoleondor karz beresi gelmedi...

Myhmanyň gören görgüleri hakdaky gürrüňlerini diňläp oturyşyna, onuň häzirki gözgyny ýagdaýyny ýatdan çykaran Derwil:

— O haýsy iş? — diýip sorady.

— O nähili haýsy, jenap, eýsem, graf aýaly Ferro meniň aýalym dälmi näme? Onuň on müň liwr ýyllyk girdejisi bar, meniň öz hususy girdejim şol, o-da maňa şondan ýekeje şaýy bermek islänok. Men şu zatlary hukukçylara — akylly-başly adamlara aýdanymda, gedaý halyma grafdyr graf aýalyň garşysyna iş gozgamagy teklip edenimde, görden çykan halyma ölenligim dogrusyndaky, nikalaşma baradaky ýa-da dogluş hakyndaky şahadatnamalara gaýtadan seredilmegini soranymda, kanunçylaryň käbiri, siz — hukukçylaryň oňaryşy ýaly, sowuklaç sypaýylyk bilen, käsi öz öňünde durany kezzap ýa-da bir sähnedir öýdüp, gödeklik bilen yzyma it salyp kowýarlar. Men öň-ä bir küde jesediň aşagynda, indem bir topbak kagyzyň, kazyýet işleriniň astynda diriligime gömüldim; meni diri adamlar — ýaňadan gabra dykjak bolýan tutuş bir

märeke mynjyratdy.

— Merhemet ediň! — diýip, aklawçy dillendi. — Gürrüňiňiziň yzyny aýtsaňyzlaň.

Goja görgüli ýaş aklawçynyň elinden ýapyşdy-da:

— Merhemet... — diýip gaýtalady. — Merhemet ediň... Ynha, meniň şondan bäri adam şekilli eşiden sözüm...

Polkownik aglap goýberdi.

Kalbyny pürepürlän minnetdarlyk duýgusyndan ýaňa onuň sesi gyryldy. Adamyň nazaryndan, hereketinden, hatda dymmasyndanam äşgär bolýan, ýöne düşündirip bolmaýan bu sözsüz suhangöýlik Derwili belli-külli ynandyrdy hem-de onuň tutuş kalbyny sarsdyrdy.

— Gulak asyň! — diýip, ol öz myhmanyna ýüzlendi. — Şu gün agşam men üç ýüz frank utdum. Men şo puluň gylla ýarysyny haýyr işe harçlap biljek. Men siziň diýýän kagyzlaryňyzyň gözlegine çykjak, olary tapjagam bolaryn, şolar elimize gelýänçä-de, size her gün ýüz sudan pul bererin. Eger siz, hakykatdanam, polkownik Şaber bolsaňyz, öz gulluk wezipesine ýaňy girişen ýaş ýigitden şeýle ujypsyz pul üçin aýyp-syn etmersiňiz. Dowam ediberiň!

Özüni polkownik Şaber diýip atlandyrýan nätanyş biraz salym doňňaradaş bolup oturdy, abyrsyz külpetler onuň adama bolan ynamyny öňli-soňly syndyran bolarly. Eger ol özüniň harby şöhratyny, mal-mülküni, adyny yzyna gaýtaryp almaga dyrjaşýan bolsa, onda ony muňa iterýän ynsanyň ýüreginden dömüp çykyp, alhimikleriň, müneçjimleriň, fizikleriň gözleglerine, açyşlaryna sebäp bolýan, umuman, adamzady öz işlerinde hem taglymlarynda belende galmaga mejbur edýän şol düşnüksiz duýgy bolmaly. Ölemen oýunça oýundaky ýeňişden alýan lezzetiniň utuşdan zyýada görnüşi ýaly, şeýle adam üçinem «men» diýlen düşünje ikinji derejeli bir zat bolup galýan bolmaly. Ýaş hukukçynyň sözleri tutuş on ýyl bäri öz aýaly, kazyýetçilik hem jemgyýetçilik gurluşy tarapyndan kyhlanyp gelinýän bu adama täzeden jan berdi.

Galyberse-de, aklawçynyň elinden şunça wagtlap, şunça adamyň şonça bahanalar bilen bermedik şojagaz on manatlyk gyzyl puluny almak! Bir zenanyň on bäş ýyllap ýarawsyz ýatyp, sagalansoňam, bu sagalyşyny täze bir derdiň başydyr öýdüşi ýaly, polkownigiň bolşam häzir şo zenanyň ýagdaýyny ýatladýardy. Hiç ynanyp bolmaýan şatlyklar bolýar, olar ýyldyrym çakan ýaly lowurdap gelerem, seniň külüňi sowrup giderem,

şonda-da ynanmarsyň. Gojanyň minnetdarlyk duýgusy şeýlebir çökder bolansoň, ol ony söz bilen beýan edip bilmedi. Daşyndan şeýle sereden adam ony doňbagryň biridir öýderdi, emma Derwil bu gatan hamyň aňyrsynda nähili ymgyr päkgöwünliligiň ýatanlygyny aňdy. Aldawçy kezzabyň hiç bir ýagdaýda-da aňsat-aňsat dili tutulmaz.

— Men nämede galdym-aý? — diýip, polkownik çaga ýa-da esger sadalygy bilen sorady, sebäbi telim otdan geçen esgerde-de şeýle çaga gylygy bolaýýar ýa-da her bir çagada, ylaýta-da, Fransiýada esger damarjygy bardyr.

— Siz özüňizi nädip dälihanadan goýberişlerini aýdan ýeriňizde durduňyz — diýip, aklawçy ýatlatdy.

— Siz meniň aýalymy tanaýaňyzmy? — diýip, polkownik sorady.

— Howwa — diýip, Derwil baş atdy.

— Ýeri, nähili ol?

— Öňküleri ýaly, şeýle ajaýyp.

Goja gussaly halda elini salgap goýberdi, ol, göýä, otdan-suwdan, jeňlerden geçen adamlara mahsus belent hem ýowuz kaýyllyk bilen öz ýüregini ezip duran

bu hasraty basmaga çalyşýan ýalydy.

— Jenap! — diýende, polkownigiň sesi birneme şadyýanrak eşidildi, çünki ol bedibagt özüniň täzeden dem alyp ugranyny, ikilenç gabyrdan sogmlyp çykanyny hem öň kelleçanagyny doňduran gardanam has galyňrak gary eredenini duýýardy, indem ýaňy zyndandan boşan tussag ýaly, petekesini howadan dykalaýardy. — Jenap! — diýip, ol ýene gaýtalady. — Men bir nazarkerde ýaş ýigit bolan bolsam, onda beýle-beýle muşakgatlar başyma düşmezdi. Zenanlar diňe her sözüni yşkyň balyna garyp gürleýän erkege ynanýarlar. Ine, şonda olar öz kalbynyň söýen ýigidi üçin dert-azara galyp, «alaja» işip, haýyş edip, ýalbaryp, elinde baryny edýärler, şonuň hatyrasyna olar islendik zady tassyklap, ant içmäge taýýar, ýüregine jüňk bolan adam üçin olar, gör, nämeler etmeýär. Ýeri, şeýle zenan menden näme tapsyn? Sypatym öliňkidenem edrenç, egin-başym şylha-şylha, özümem, göýä, fransuz dälde, duranja bir eskimos, o-da kim diýsene — müň ýedi ýüz togsan dokuzynjy ýylda titileriň titisi diýlen, men — Şaber, imperiýa grafy!

Ine, onsoň it ýaly köçä kowlan günüm, men öz polkumyň wahmistrine sataşdym, ol hakda men häli aýdypdym. Oňa Buten diýerdiler. Ol ikimiz bilelikde,

ynha, gözüňe söweýin, iki sany maýyp garry ýabyny ýatladýardyk. Men oňa seýilgähde duşdum, gören badyma-da tanadym, ol bolsa meniň kimligimi hiç bilip bilmedi. Bile bir meýhanajyga girdik. Men özümiň kimdigimi aýdanymda, ol, göýä, agyr top atylan ýaly, gulak gapdyryp güldi. Onuň gülküsi, jenap, maňa baryndan beter ýokuş degdi, şo-da meniň gözümi açdy, näderejede üýtgänimi ýaşyr-ýuşursyz açyp görkezdi. Diýmek, men iň sada, iň minnetdar dostumam tanamaz ýaly derejä ýetipdirin. Birwagt men Buteni ölümden gutarypdym, bu-da onuň edil şoň ýaly bir ýagşylygynyň gaýtargysydy. Onuň meni nähili ýagdaýda halas edişini size gürrüň berip oturmaýyn. Ol waka Italiýada, Rawennada bolupdy.

Buteniň meň kastyma gezelen hanjary sowup ýetişen şol jaýyny känbir gowy ýer diýib-ä boljak däldi. O wagtlar men entek polkownik derejesini almandym, Buten ikimizem ýönekeý atly esgerdik. Bagtyma, şol wakanyň käbir jikme-jik ýerleri diňe ikimize mälimdi, şojagaz jikme-jiklikleri ýatladanymda, ol ikirjiňlendi. Soňra men öz başymdan geçen ähli geň-taňlyklary gürrüň berdim. Onuň aýtmagyna görä, meniň gözlerimdir sesim tanalmaz ýaly üýtgänem bolsa, depämde tüý, agzymda diş, maňlaýymda gaş galman, albinos ýaly

çuw ak bolanam bolsam, Buten meni öliň soragyna tutup, menem bu soragdan abraý bilen geçemsoň, ol şu oturan nätanyş ykmandanyň, hakykatdanam, öz serkerdesidigine ahyrsoňy göz ýetirdi. O-da gezeginde meňkiden pes bolmadyk geň-taň başdangeçirmelerini gürrüň berdi. Buten Sibirdäki ýesirlikden gaçyp, Hytaýa özüni atmak üçin onuň serhedine çenli barypdyr. Ol Orsýete ýörişiň puja çykyşyny, imperatoryň tagtyndan birinji gezek el çekişini aýdyp berdi. Bu täzelik meniň köküme palta urdy. Buten ikimiz gaý-tupanda küli çykan gämiden galan iki bölek tagtajykdyk, umman tolkunlarynyň daşjagazlary o kenardan bu kenara oklaşdyryp ýörüşi ýaly, täleý bizem Ýer togalagynyň dört künjüne elesledipdir. Ikimiziň sergezdançylygymyzy goşup hasaplasaň, biz Müsürem, Şamam, Ispaniýanam, Orsýetem, Gollandiýanam, Germaniýanam, Italiýanam, Dalmasiýanam, Angliýanam, Hytaýam, Orta Aziýanam, Sibirem görüpdiris, diňe Hindistanda hem Amerikada bolmandyrys... Iň soňunda-da, eýläkbeýläk gitmesi meňkiden aňsadrak bolansoň, Buten haýal etmän Parižе baryp, meniň düşen ýagdaýymy aýalyma habar bermäge göwünjeň boldy. Men hanym Şabere uzyn bir hat ýazdym. Hasap boýunça ol meniň dördünji hatymdy, jenap! Mende dogan-garyndaş bolan bolsa,

beýle-beýle ýagdaýlar asla ýüze çykmazdam. Emma, size aýtsam, men ýetimler öýüniň çagasydym, ýeketäk baýlygy — merdanalyk, maşgalasy — bütin dünýä, watany — Fransiýa bolan, diriligi, goragy Hudaýyň elindäki bir esgerdim. Ýok, munymam nädogry! Meniň mähriban atam — biziň imperatorymyzdy. Wah, şo bolan bolsady! Öz Şaberiniň (ol maňa «Şaberim» diýerdi) häzirki sypatyny bir gören bolsady, nähili gazaba münerdi! Aý, ýöne nätjek. Bizden döwran ötdi gitdi, indem dünýeler düýşe döndi.

Elbetde, aýalymyň şeýle erjellik bilen dymmasyna syýasy wakalar sebäp bolanam bolsa ähtimaldyr. Buten ýola düşdi. Ol bagtly adam, oňky çüwendi! Onuň iki sany gowy eldekileşdirilen aýysy bardy, şolar bilen ýurt aýlanybam gün görerdi. Men onuň ýany bilen gidip bilemokdym: öz dert-kesellerim zerarly, meniň uzak ýollar aşmaga mejalym ýokdy. Men onuň özi hem aýylary bilen gurbatymyň çatan ýerine çenli bile gitdim, olardan aýrylyşyp galmaly bolanymda-da, möňňürip agladym. Karlsruede kellämden tutdy-da, men aý ýarymlap bir garbanyşhananyň saman düşelgi burçunda läşerip ýatmaly boldum. Şol sergezdançylyk döwrümdäki başdan geçiren şumluklarymy men hiç haçanam aýdyp tükedip bilmerin. Emma ruhy azaplaryň

ýanynda ten yzalary hiç zat ýaly bolsa-da, ol azaplar özgeleriň ýüregini beýle awadýan däldir, sebäbi olar görer gözden ýaşyryn. Strasburgda birmahal özümiň şeýle şowhunly toýlar beren, indem maňa bir döwüm çöregi rowa görmeýän öýümi göremde, neneňsi ah urup aglanym ýadymda.

Biz Buten bilen meniň geçmeli ýolumyň anyk ugruny belläpdik, menem şo ugur bilen gidişime, öz adyma, heý, bir puljagaz ýa hatjagaz ýokmuka diýip, ýolugra her bir aragatnaşyk bölümine burnumy sokup geçerdim. Şeýdip, boram-boş barşyma, Paride ýetdim, näçe umytlar puç bolup çykdy! «Buten ölendir» diýip, men içimden tekrarlaýardym. Hakykatdanam, o neresse Waterloonyň eteginde wepat bolan eken — muny men kän wagtdan soň, tötänden eşitdim. Onuň meň aýalym bilen gepleşikleriniň hiç hili netije bermänligem belli zat. Iň soňy men Parize kazaklar bilen deň girdim. Buda köne derdiň üstesi! Ors goşunlaryny Fransiýanyň paýtagtynda göremde, özümiň aç-ýalaňaç, gedaýlygym ýadymdan çykdy. Howwa, jenap, meniň köýnegim şylha-şylhady. Onuň öň ýanynda men gijämi Kleý tokaýynda geçirmeli boldum. Gijäň çigregine üşäp, sowuklan bolarlym, Sen-Martenden geçip barýarkam, özümi erbet duýdum. Ownuk demirdümür satylýan

bir dükanjygyň bosagasynda ýykylanym çala ýadyma düşýär. Men şäher hassahanasynda gözümi açdym, bir aý ýatdym, şonda men bagtyýar halda diýen ýalydym. Meni bahym hassahanadan çykardylar, jübim ýene-de bilbiliň ketegi ýalydy, ýöne oň ýerine şähdaçykdym. Parižiň mähriban köçelerine gadam basypdym. Monblan köçesine düşemde, men begenjimden uçaýjak bolýardym, meniň şo ýerdäki jaýymda bolsa, megerem, aýalym ýaşaýardy! Soňy nähili bolandyr öýdýäňiz?! Monblan köçesiniň adyny d’Anten şaýoly diýip üýtgedipdirler. Öz jaýymam tapmadym. Ony satypdyrlar, soňam ýykypdyrlar. Ýeserje işewürler meniň bagymda jaý baryny gurupdyrlar.

O wagt aýalymyň jenap Ferro durmuşa çykanyndan habarym ýokdy, şoň üçinem ol hakda hiç hili maglumat alyp bilmedim. Ahyrsoň, men birwagt öz işlerimi ýöreden garry aklawçynyňka gitdim. Barsam, o-da ýogalan eken, müşderilerinem öz ýerine gelen bir ýaş ýigide tabşyryp gidipdir. Şol ýigidem, näçe geňler galsam-da, meniň ähli emlägimiň mirasdüşerlere geçendigini hem satylandygyny, aýalymyňam äre çykyp, eýýäm iki sany çagasynyň bardygyny aýtdy. Men oňa özümiň polkownik Şaberdigimi duýduranymda, ol şeýlebir joşup güldi, onsoň menem gepi uzaldyp

oturman, sessiz-üýnsüz garamy saýlamak bilen boldum. Ştutgartyň dälihanasy entek meniň hakydamdady, onsoň Şarantonam ýatladym-da, indi juda ägä bolmaly diýen netijä geldim. Aýalymyň nirede ýaşaýanlygyny bilip, iň oňat arzuw-umytlar bilen onuňka ugradym. Howwa, onsoň! — diýip, polkownik gaharyna zordan bäs gelip gürledi. — Toslama bir at bilen baramda-da, meni kabul etmediler, soňra öz hakyky familiýamy agzamda bolsa, yzyma it salyp kowdular. Daňdanlar joşgalaňdan ýa-da teatrdan gaýdyp gelýän graf aýalyny, iň bolmanda, gözümiň gytajygy bilen görüp galmak üçin, men howlynyň derwezesiniň agzynda bir ýerlerde telim sagatlap gizlenip otarardym. Gapdalymdan tüweleý ýaly bolup paýtun geçende, men onuň aýnasyny gözüm bilen deşäýjek bolýardym, ýöne hakyna seredeňde meňki, emma indi meniňki däl şol aýaly men ýekeje gezek, çalaja görüp galdym. Öwf, ine, şondan bärem men diňe ar almak hyjuwy bilen ýaşaýandyryn! — diýip, goja oturgyçdan böküp turşuna, güňleç ses bilen gygyrdy. — Ol aýal meniň diriligimi bilýär, gaýdyp gelemsoň, öz elim bilen ýazan iki hatymam alan bolmaly. Ol meni söýenok! Menem, hatda şony söýýänimi ýa ýigrenýänimem bilemok! Birden-ä bar ümzügim şoňa tarap, birdenem

ony näletläp başlaýan. Ol özüniň baýlygy, bagty üçin maňa minnetdar bolmaly, emma maňa gezek gelende, dynnym ýalyjagam kömek etmek islemedi. Wagtal-wagtal öz-özüme erkim ýetmän, nätjegimi bilemok!

Garry polkownik şeý diýdi-de, özüni oturgyja goýberip, ýene doňňaradaşa öwrüldi. Derwil sesini çykarman, myhmanyny synlap otyrdy.

— Howwa, ýagdaý-a gaty çatak eken — diýip, soňrak ol birdenkä dillendi. — Ýeri, şol Geýlsbergdäki kagyzlaryň çynlygy anyklananam eken diýeli, ýöne ol entek biziň bu dawada ur-tut utaýjagymyzy aňladanok. Siziň meseläňize yzygider üç edarada serediler. Siziň şu wakaňyzam adatdan daşary bir zat, şonuň üçinem men bu hakda eli boşlukda kelle döwüp göräýsem diýýän.

— Jenap! — diýip, polkownik başyny buýsançly galdyryp, sowuklaç seslendi. — Men şu göreşde ýykylsamam, adam ýaly ölmäni başararyn, ýöne men ýeke-de gitmerin.

Hälki lagşan gojadan indi nam-nyşan ýokdy. Derwiliň gaşynda häzir gujur-gaýrata galan, gözlerinden ar-namys ody uçganaklap duran bir kişi otyrdy.

Aklawçy:

— Özara birtopar eglişige-de gitmeli bolaýmagy ahmaldyr — diýdi.

— Eglişige?! — diýip, polkownik Şaber gazaply sowal berdi. — O nämäniň eglişigi? Meniň diriligim ýa ölüligim meselesindemi?

— Jenap! — diýip, aklawçy jogaba başlady. — Ähli meselede berjek maslahatlaryma eýerjekdigiňize men gaty ynanýandyryn. Siziň bähbitleriňiz meniň hut öz şahsy bähbitlerim bolar. Hukukşynaslygyň taryhynda deňi-taýy bolmadyk bu işiňize meniň nähili ýürekden ýapyşýanymy bahym görersiňiz. Häzir bolsa men öz kepilçime hat ýazyp bererin, o-da size dilhaty bilen her on günden elli frank tölär durar. Pul üçin şondan şuňa gatnap ýörmek size gelişmez. Siz, eger, hakykatdanam, polkownik Şaber bolsaňyz, onda kimdir birine elgarama bolmaly dälsiňiz. Şol beriljek pullaram men karz borçnamasy hökmünde resmileşdirerin. Siziň mal-mülküňiz bar, o-da size gaýtarylyp berläýmeli, siz baý adamsyňyz.

Bu salykatly rehimdarlygy gören gojanyň gözlerinden ýaş paýrap gitdi. Öz tolgunmasyny äşgär edip oturmak hukukça gelişmez, şonuň üçinem Derwil oturgyjyndan tarsa turdy-da, iş otagyna gitdi, o taýdanam agzy

ýelmenmedik bir haty çykaryp, graf Şabere gowşurdy. Ol görgüli bukjany alanda, kagyzlaryň arasynda iki sany gyzyl teňňäniň barlygyny barmaklary bilen syzdy.

Derwil:

— Indi bolsa, gaýrat ediň-de, resminamalaryňyzy sanaşdyryp beriň, haýsy şäherden, haýsy şalykdan gözlemelidiginem anyk görkezip aýdyň — diýdi.

Polkownik ähli gerekli maglumatlary aklawça aýdyp ýazdyrdy, adam ady gelýän ýerlerini özi gözden geçirdi, soňra ol başgabyny aldy-da, Derwile bakyp, elini, gan-gabarçak elini oňa uzadyp, sadalyk bilen şeýle diýdi:

— Öwlüýä jan kessin, jenap, imperatordan soň, meniň ilkinji howandarym siz bolarsyňyz. Siz, tüweleme!

Aklawçy özüne uzadylan eli berk gysdy, polkownigi basgançaga çenli ugradyp, öňüne yşyk tutup berdi.

— Bukar! — diýip, Derwil soňra öz kätibine ýüzlendi. — Häzirki eşiden şu wakam üçin, kim bilýär, men ýigrimi bäş luidory ýele bermegimem mümkin. Aý, ýele gitse, goý, gitsin, adam öldürýän zat däl-le. Ýöne oň ýerine men häzirki döwrüň iň ýeser masgarabazyny gördüm diýib-ä bilerin.

Polkownik köçä çykansoň, aklawçynyň hälki hatyň

arasyna salan iki sany ýigrimi franklyk teňňesini bukjadan çykardy-da, olary çyranyň ýagtysyna tutup, ünsli synlady. Dokuz ýyl bäri ol gyzyl puly görmändi.

«Diýmek, indi men çilimjagaz çekäýsemem boljakda!» diýip, ol oýlandy.

Polkownik Şaber bilen Derwiliň şol gijeki gürrüňiniň üstünden üç aý çemesi geçensoň, tabşyryk esasynda araky geň myhmana bellenilen kömek puluny töleýän kepilçi hukukçy bilen nähilidir bir möhüm meseläni maslahatlaşmak üçin edara geldi, gürrüňiň başynda-da garry esgere eýýäm alty ýüz frank berendigini ýaňzytdy.

Krotta familiýaly şol kepilçi:

— Seniň köne gwardiýany goldamakdan başga işiň-derdiň ýok öýdýän — diýdi, ol özüniň hat ýörediji kätip bolup işlän edarasyny düýn-öňňinlikde satyn alan eken, şol edaranyň öňki eýesi bolsa goh baryny döreden bir opurylyşykdan soň gaçyp gidipdir.

Derwil:

— Şol meseläni ýatladanyň üçin gaty minnetdar, gadyrdan! — diýdi. — Meniň haýyr-sahawatymam ýigrimi bäş luidordan aňry geçmez! Men öz watançylygymyň pidasy bolmadyk bolsam ýagşydyr

diýip gorkýan.

Şeýle diýip durka, Derwil öz iş stoluna göz aýladyda, kätibiň getirip goýan kagyzlaryny gördi. Daşyna pruss, awstriýa, bawar, fransuz aragatnaşyk edaralary tarapyndan süýnmejik, dört burçluja, gyzyl hem gök reňkli berçe bary ýelmenen bukja onuň gözüne ildi.

— Ä-hä — diýip, ol güldi. — Ine, ähli tomaşaň çözgüdi şü! Meni aldapdyrlarmy ýa ýok, häzir göreris.

Ol bukjany açyp, haty aldy, ýöne ýeke sözem okap bilmedi, hat nemesçe ýazylan eken.

— Hany, Bukar, bu haty derrew terjimeçä äkidiňde, bahymam yzyňyza dolanyň! — diýip, Derwil iş otagynyň gapysyny çala açyp, bukjany öz kätibine uzatdy.

Derwiliň ýüz tutan berlinli kepilçisi onuň talap bildiren kagyzlarynyň hut şu hat-habaryň yz ýany bilen barjakdygyny, ähli resminamalaryň ýerbe-ýerdigini hem kanunyň talaplaryna laýyklykda kepillendirilendigini ýazypdyr. Mundan başga-da, ol resminamada ýatlanylýan ähli şaýatlaryň diýen ýaly Preýsiş-Eýlau şäherinde ýaşaýanlygyny, graf Şaberi halas eden aýalyň bolsa, Geýlsbergiň eteginde bir ýerde ýaşaýanlygyny habar beripdir.

Bukar hatyň mazmunyny gysgaça aýdyp berende, Derwil:

— Eý-how, bu eýýäm oýun iş däl! — diýip seslendi. Ol soňra kepilçä ýüzlendi. — Näme diýsene, gadyrdan dostum, maňa seniň edaraň ygtyýaryndaky käbir ojuk-bujuk maglumatlaryň geregi çykjak. Ýalňyşmasam, hut şol garry kezzap Rogen...

— Biz oňa bişow Rogen, keçmaňlaý Rogen diýäýýäs — diýip, Aleksandr Krotta gülki bilen onuň sözüni böldi.

— Eger ýalňyşmasam, öz müşderilerinden sekiz ýüz müň franky çilip, onlarça maşgalany gedaý goýan hut şol «bişow Rogen» Şaberiň mirasyny terekä salmak baradaky işi alyp baran bolmaly. Şoň ýaly bir görkezmäni Ferroň işleriniň arasynda görenim ýadyma düşýär.

— Dogrudyr — diýip, Krotta jogap gaýtardy. — Men o wagt kiçi mürzedim. Men şol işi göçürip ýazmaly boldum, şeýdibem ony başdan-aýak öwrendim. Imperiýa grafy, Hormatly legionyň uly derejeli serkerdelik haçy bilen sylaglanan Giasint Şaberiň ýanýoldaşy hem dul galan aýaly Roza Şapotel onuň bilen şertnamasyz, diýmek, emläkleriň ortalygy esasynda nika baglaşypdyr. Ýadyma düşüşine görä, olaryň nagt

maýasy alty ýüz müň franka barabar bolmalydy. Entek toýdan öňürti graf Şaber Pariž ýetimhanalarynyň haýryna wesýetnama düzüpdir, özi ýogalýança şolara nagt emläginiň dörtden biriniň berilmegini wesýet edipdir, eýleki dörtden birem gazna miras geçmeli eken. Şobada-da emlägiň sanawyny ýazmak, paýlamak, söwdalaşmak işleri başlandy, sebäbi hukukçylar bu işe gyzgyny bilen girişdiler. Terekä salmak, ýatyrmak işiniň gidýän döwründe şol wagt Fransiýany dolandyryp oturan zalym aýratyn karar bilen gazna geçmeli paýy polkownigiň dul aýalyna gaýtaryp berdi.

— Diýmek, graf Şaberiň öz hususy baýlygy üç ýüz müň frankdan geçjek däl eken-dä?

— Dogry, dost jan! — diýip, Krotta jogap berdi. — Mamlanam, bimamlanam parh goýman goramaga taýýar bolanyňyz üçin, siz aklawçylary wyždansyzlykda aýyplasalaram, käte siz juda akylly-başly pikir ýöredýäňiz.

Graf Şaber kepilçä beren ilkinji dil hatynda ýaşaýan ýeriniň salgysyny görkezen eken, ol Sen-Marsonyň eteginde, Pti-Bankýe köçesinde, imperator goşunynyň öňki ýer-jaý hojalykçysy, indem süýt-gatyk satyp güzeran dolaýan Wernýo atly bir iniňkide ýaşaýan bolmaly.

Ol ýere aşdym edensoňam, Derwil öz müşderisiniň gözlegine pyýadalap çykmaly boldy, onuň paýtunçysy daş-beýleki düşelmedik köçede ýöremekden boýun towlady, ýoldaky joýalar ýeňil paýtun geçerden has çuňdy. Jaýlary ünsli synlap barýan aklawçy bu köçäniň aňmjunda, inli bag zolagyna ýanaşyp gidýän ýerinde, ownuk çagyl bilen palçykdan dikeldilen iki diwaryň arasyndaky göze ilüwsizje iki sany daş sütüni zordan tapdy, daşyna agaçdan ergenek aýlanan hem bolsa, olary ötýän-geçýän arabalar mazaly kakybilipdir. Şol sütünler basyrgydan edilen depesi çürelip gidýän bassyrmany saklaýan kese pürsi göterip dur. Ýaňky kese pürsüň ýüzüne bolsa gyzyl reňk bilen «Wernýo süýt-gatyk önümleri» diýlip ýazylypdyr. Sag tarapynda içi ýumurtgaly sebediň, çepinde-de sygryň suraty çekilip, ikisem ak reňke boýalypdyr. Derwezeler giňden serpilip açylgy dur, olar uzakly günem ýapylmaýan bolarly. Derwezeleriň gabat garşysynda, giňiş howlynyň töründe bir jaý (eger Parižiň eteklerindäki iň garyp oba külbejikleri bilenem deňeşdirip bolmajak çatma babatda bu sözi ulanyp bolsady; ol çatmalaram külbe ýaly gözgyny, ýöne olarda külbäniňki ýaly şahyrana gelşik ýok) görünýärdi. Hakykatdanam, giň meýdanda seleňläp oturan külbäni arassa howa, al-ýaşyl sonarlyk,

depejikler, egrem-bugram ýodajyklar, üzüm haýady, gök öwüsýän gyrymsy germewler, bede küdeleri, eliň tersi bilen oklanan pilmidir kätmen gelşigine getirýär; paýtagtda bolsa garyplygyň ýekeje haýbaty bar, o-da aýylgançlygy. Hälki jaý ýaňy-ýakynda gurlanam bolsa, ynha-ynha güpürdäp gaýdarly görünýär. Bu jaýyň süňňüne goýlan daş-demirleriň hiç birem ýerine düşmändir, o zatlaryň hemmesem ýykylyp aýrylýan jaýlaryň töwereginde çaşyp ýatan zir-zibilleriň içinden çöplenip alnan, ýykylyp aýrylýan jaýam Parižde her gün tapylýar. Köne tagtalardan gumalan gabsanyň ýüzünde Derwil «Nysaklar dlükany» diýlen ýazgyny okady. Dürli ölçegdäki penjireler çem gelen ýerden goýlupdyr. Jaýyň ýaşaýşa ýaramly ýeke-täk bölegi — aşaky gatynyň bir tarapy hol ýokary galyp, beýleki tarapynda bolsa ýeriň ýapaşaklygy sebäpli, penjireler ýere degip dur. Derwezelerdir jaýlaryň aralygynda ýagyş suwundan hem dökülen ýuwundylardan dörän äpet bir porsy kölçe çaýkanyp ýatyr. Daşyndan entek süňňi sagat görünýän, çagşan külbä direg bolup duran diwaryň uzaboýuna simden örülen kapasalar gidip, o taýda-da towşanlaryň san-sajaksyz nebereleri ösüp-örňeýän bolmaly. Derwezeleriň sag tarapynda gapdaly samanhanaly sygyr ýatagy görünýär. Sygyr ýatagy

bilen jaýyň arasynda süýt-gatyk saklanýan ýerzemin bar. Çep tarapda towuk ketek, at ýatak hem doňuzlar üçin bassyrma ýerleşýär; bu desgalaryň bary, jaýyň özem köne-sana tagtalardan gumaşdyrylyp, üstlerem gamyş bilen ýeter-ýetmezräk örtülipdir. Derwiliň giren bu howlusynda, horan Pariž üçin ummasyz nazy-nygmatlaryň gündelik taýýarlanýan her bir künjeginde bolşy ýaly, başly-baratlyk duýulýardy, eger diýlen zady her edip-hesip edip diýlen wagtynda ýetişdirjek bolsaň, şeýle başagaýlygam gutulgysyzda. Süýt daşalýan böwri ýemşik äpet tüneke çelekler, gaýmak guýulýan küýzejikler letde dykylar bilen garym-gatym bolup, dargaşyp ýatyr. Syrykdan syryga çekilen ýüplere serlen, gap-gaç süpürilýän esgiler güne guraşyp dur. Diňe süýtçülerde bolýan ýuwaşja ýabyjyk arabanyň arşyndan ätläp geçipdir-de, indem agzy ýapyk athananyň alkymynda saňalyp dur. Bir geçi bolsa jaýryk-jaýryk sarymtyl diwaryň uzaboýuna ýarmaşyp gidýän, iglän, çaň basan üzüm çybyklaryny gemrişdirip ýör. Küýzejigiň erňegine böküp münen pişigem galan-gaçan gaýmaklary ýalaşdyrýar. Derwiliň garasyny görenden ürken towuklar wakgyldaşyp, dumly-duşa pytradylar, sakçy köpegem aldygyna lowhuldap ugrady.

Bu betgelşik görnüşi gözden geçiren Derwil

«Eýlauwyň etegindäki söweşiň ykbalyny çözen adam, gel-gel, indi şu taýda ýaşaýar!» diýip oýlandy.

Öý üç sany oglanjygyň ygtyýaryna tabşyrylypdyr. Olaryň biri terje ot küdesiniň gerşine atlanyp oturyşyna, gapdaldaky turbany daşlaýardy, özem daşyny ojaga atarylan pitä düşürmäge çalyşýan bolarly. Ikinji oglanjyk bir doňzy arabajyga mündürjek bolup çekeleýär, doňzam öň aýaklaryny ýere direýär, üçünji birem arabajygyň beýleki tarapyndan asylyşyp garaşyp dur, doňuz arabajygyň erňeginden ätledigi, ony edil hiňňildige mündüren ýaly, al-asmana tüwdürip goýberjek.

Derwil oglanjyklardan «Jenap Şaber şu taýda ýaşaýarmy?» diýip soranda, olar dymyp, birhili, ýeserje mönlük bilen (şu iki sözi oňuşdyryp bolýan bolsa) bu gelen nätanşa jikgerilip seredişdiler. Derwil öz sowalyny gaýtalady, ýöne netije bolmady. Bu üç sany ýeňiýolugyň gülümsirän bolup durşy ahyrsoňy Derwiliň degnasyna degdi-de, şuň ýaly garagollara diýip bolaýjak ýarym degişmeli sögünçlerinden birki sanysyny güzledip goýberdi, olaram howludaky ümsümligi bozup, muňa gödeksi bir gülki bilen jogap berdiler. Derwiliň gahary geldi. Bu goh-galmagala ýerkümäniň gapdalyndaky pessejik, garaňky tamjagazdan polkownik çykdy-da,

bosagada hut esgerleriň durşy ýaly sarsman duruberdi. Onuň agzynda, çilimkeşleriň dili bilen aýtsaň, tüssä bişen şybyk burugsap durdy, palçykdan ýasalan bu arzan baha şybyga il içinde burun ýyladýanam diýläýýär. Ol garagäz papagynyň gaşyny maňlaýyndan ýokarrak galdyrdy, Derwili görübem, jork bolup ýatan ders läbiginiň ortarasyndan gönüläp, öz howandaryna tarap gaýtdy, ýüzugra-da:

— Rota, göneliň! — diýip, hälki bezzatlara buýruk berdi.

Oglanjyklar edep saklap dymdylar, bu bolsa goja polkownigiň hökümininiň olara nähili zor ýöreýänligini görkezýärdi.

— Nämüçin maňa hatjagaz ýazaýmansyňyz? — diýip, Şaber aklawçydan sorady. Demiliň ders läbigine bataýmakdan gorkup, ýaýdanjyrap durşuny görübem:

— Sygyr ýatagyny alkymlap gaýdyberiň, şo taýy daş düşelgidir — diýip gygyrdy.

Derwil daşdan daşa böküp barşyna, ahyrsoň polkownigiň sümelgesiniň gapysyna ýetdi. Şaberiň öz myhmanyny şeýle ýagdaýda garşylaýanyna müýnürgeýänligi duýulýardy. Dogrudanam, Derwiliň bu otagda gözüniň düşen zady — ýekeje oturgyç

boldy. Polkownige düşek ýerine, öý bikesi iki-üç gujak bede ýazyp, üstüne-de ondan-mundan tapyşdyryp getiren ýyrtyk halyçalaryny oklaşdyrypdyr, şeýle halyçalary süýtçi daýzalar, adatça, öz arabalarynyň gaty oturgyçlarynyň üstüne ýapýarlar. Ýere-de gum düşelip, gowy berçinlenipdir. Heňläp, ýaşylymtyl öwüsýän jaýrykjaýryk diwarlardan ýakymsyz sowuk çyg haplap duransoň, polkownigiň ýatýan tarapyndaky diwaryň ýüzüne gamyş boýra tutupdyrlar. Şol ady belli şinelem çüýden asylgy dur. Burçda iki jübüt tozan ädik ýatyr. Içki eşigiň ady-soram ýok. Gurçuk gemren stoluň üstünde Planşe tarapyndan täzeden neşir edilen «Beýik goşunyň gysgaça maglumatlary» açylgy ýatyr, o-da, megerem, şu hor-homsulygyň içinde ýüzüni çytman oňşup bilýän polkownigiň ýeke-täk tesellisi bolmaly. Aklawçynyň ýanyna ilki baran şol gijesinden bäri Şaberiň ýüzi-gözem açylaýan ýaly, Derwil indi ol ýüzde süýji-süýji arzuwlaryň, hiç zat bilen deňeşdirip bolmajak umytlaryň alamatyny gördi.

— Bu şybyk size päsgel berýän-ä däldir-dä? — diýip, polkownik Derwile tarap maşşaran örme oturgyjy süýşürip durşuna sorady.

— Aý, ýöne, polkownik, bolýan ýeriňiz-ä juda ýaramaz eken!

Derwiliň dilinden sypan bu sözler hukukçylara mahsus bolan müňkürligiň, olaryň öz işine ilki girişäýen döwründe uçraşýan adaty hem elhenç wakalaryndan susup alýan tejribesiniň netijesidi.

«Bo-how, bar zat düşnükli! — diýip, aklawçy içinden pikir öwürdi. — Polkownik meniň beren puljagazlarymy esgerleriň üç sany üýtgewsiz hajatyna: kart oýnuna, çakyra hem zenanlara harçlan bolmaly».

— Dogry zada dogry diýmeli, jenap; bizde üýtgeşik bir elpe-şelpelig-ä ýokdur. Ýöne oň ýerine şujagaz külbedäki dostluk bizi ýyladýar, oň ýerine (şu ýerde goja esger hukukça ýiti nazary bilen seretdi) men hiç kimi ynjydan däldirin, hiç kimi kemsidenem däldirin, şoň üçinem men şu taýda arkaýyn ýatyp-turýan...

Derwil öz müşderisiniň kepilçiden alan pullaryny nämä harçlanyny soramagy uslyp bilmedi, şonuň üçinem ýeke sowal bilen çäklenmegi makul gördi:

— Siz Pariže göçäýeňizde bolmaýarmy? O taýda ýaşaýyş gymmadrag-a düşer, ýöne amatlyrak şertlerde ýaşardyňyz-da.

— Howwa, ýöne maňa şu taýdan pena beren adamlar meni tutuş bir ýyllap mugtuna ekläp sakladylar. Indem jübime pul düşensoň, men nädip olary terk edeýin?!

Galyberse-de, şu oglanjyklaryň kakasy — bir wagtky müsürli.

— O nähili «müsürli»?

— Biz şol Müsüre edilen ýörişden dolanyp gelen esgerlere «müsürli» diýäýýäs, o ýörişe meniň özümem gatnaşypdym. Müsürden gaýdyp gelenleriň bary — hemmämiz bir dogan ýaly diýseňem boljak, Wernýo bolsa, üstesine, meniň polkumda gulluk edipdi — çölbeýewanlarda iň soňkuja bir owurt suwumyza çenli deň paýlaşyp içipdik; galyberse-de, men onuň ogullaryna entek hat-sowat öwredibem ýetişmedim ahyry.

— Her niçik bolanda-da, şo berýän pullaryňyza ol sizi has amatlyrak ýerde ýerleşdiribem bilerdi ahyryn.

— Siz, eýsem, nähili bolaryny isleýäňiz?! — diýip, polkownik seslendi. — Onuň oguljyklaram saman düşegiň üstünde ýatýarlar! Özüniňkem — aýaly bilen ikisiniň düşegem şondan enaýy däl. Olar, görýäňiz-ä, gaty garyp, bu kärhanalaram olara eýgerdenok. Ynha, men öz mal-mülkümi yzyna gaýdyp alarynam welin... Aý, näme diýjek-dä!

— Polkownik, maňa erte-birigün Geýlsbergden siziň kagyzlaryňyz gelmeli. Sizi halas eden aýal diri eken.

— Näletsiňmiş pul diýsänim! Gör-ä muny, şo ýokda mende! — diýip, Şaber gygyrdy-da, şybygyny ýere pylçap urdy.

Tüssä eýlenen gowy şybyk — onuň gadyryny bilýän üçin, hakykatdanam, gymmatbaha bir zat, ýöne polkownik ony şeýlebir çyny bilen, şeýlebir asyllylyk bilen oklady welin, dünýäniň iň ölemen çilimkeşlerem, hatda temmäki öndürmekde naýbaşy kärhananyň edarasam onuň bu ähtiýalanlygyny bagyşlardy. Perişdelerem ýerden şol şybygyň döwüjeklerini çöpläp almakdan boýun gaçyrmazdylar.

Diwaryň düýbi bilen öňe-yza ýöräp, güneşde biraz gezim etmek üçin daş çykanlarynda, Derwil:

— Polkownik, siziň bu işiňiz seýrek duşýan müşgil iş — diýip seslendi.

— Meniň göwnüme bolsa, ol juda ýeňil iş ýaly görünýär — diýip, polkownik garşy çykdy. — Meni merhum hasap edýärdiler, ýöne men, ynha, siziň gaşyňyzda durun! Maňa aýalymy hem emlägimi gaýtaryp alyp beriň; general derejämem beriň, meniň oňa hakym bar: şol Eýlauwyň etegindäki söweşiň öň ýanjygam men imperator goşunynyň polkownigidim ahyryn.

— Kazyýet dünýäsinde oň ýaly edilip mesele çözülmeýär — diýip, Derwil jogap berdi. — Meni diňläň. Siz graf Şaber, oňa şekim ýok; ýöne onuň şeýledigini hukuk tertibinde, özem siziň aýatda diri bolmanyňyzy has bähbitli görýän adamlara subut etmeli. Şeýlelikde, siziň kagyzlaryňyza garşy jedel gozgalar. Bu ýagdaý bolsa on-on iki gezek deslapky barlag işlerini geçirmeli eder. Ol jedelleriň gürrüňem iň ýokarky edaralaryň dykgatyna ýetiriler, şonuň netijesinde-de, känkän çykdajy bilen bu meselä kazyýetde telim gezek seretmeli bolar, ol işlerem, men näçe jan edemde-de, gaty uzaga çeker. Siziň garşydaşlaryňyz bu meseläniň içgin barlanylmagyny talap ederler, bizem olara ýok diýip bilmeris, soňam wakalaryň geçen ýerine — Prussiýa barlag toparyny ibermeli bolmagam ähtimal. Ýöne, ynha, bu işimiziň soňuny gowulyga ýomp, siziň, hakykatdanam, polkownik Şaberdigiňiz kanuny taýdan bada-bat ykrar edildem diýeli. Ýeri, soň graf aýaly Ferronyň iki ärlilik meselesini nädip çözmeli, ol onuň bilkastlaýyn eden işem-ä däl?! Biziň bu işimizde hukuk meselesi häzirki kanunlaryň çägine syganok, şonuň üçinem kazylar käbir bulaşyk meselelerde oturdaşlaryň edişi ýaly, muny diňe öz ynsabyna eýerip çözmeli bolarlar. Üstesine, siziň nikaňyzdan çaga galmandyr,

graf Ferronyň bolsa siziň aýalyňyzdan iki çagasy bar; kazylar haýsy tarapyň nikasynyň örküni gowşagrak görseler, şonam hakyky däl hasap edip, ikinji nikanam kanuny diýip ykrar etmekleri mümkindir, sebäbi soňky är-aýalyň hereketiniň bilkastlaýyn däldigi subut ediler. Şu ýaşda, şu ýagdaýyňyzda indi özüňize nämährem aýalyňyzy zoraýakdan gaýtaryp aljak bolsaňyz, onyňyz ahlak-edep taýdan geňräg-ä görünse gerek! Aýalyňyzam, onuň häzirki adamsam size garşy durar, olar il arasynda atly-abraýly, kazyýet işine-de täsirini ýetirip biljek adamlar. Şeýlelikde, bu işiň gaty uzaga çekjekdigi mese-mälim. Onuň soňy gelýänçä, siz gaýgy-hasrat içinde garrabam gidersiňiz.

— Meniň mal-mülküm, emlägim näme?

— Siz ony gaty düýplüdir öýdýäňizmi?

— Meniň ýyllyk girdejim otuz müň liwre barabar dälmidi, eýsem?

— Gadyrdan polkownigim, müň ýedi ýüz togsan dokuzynjy ýylda, öýlenmeziňiziň öň ýanynda siz wesýetnama ýazypsyňyz, şol wesýetnamada öz emlägiňiziň dörtden birini Parižiň ýetimhanalarynyň haýryna bagyşlapsyňyz.

— Dogry!

— Howwa, onsoň siz wepat bolan diýlip ykrar edilýäňiz, diýmek, şol dörtden biriň hasabyny çykarmak üçin, siziň emlägiňizi terekä salyp, hasapdan öçürmeli bolýar. Siziň aýalyňyz garyp-gasarlaryň hakyny iýmekden çekinip durmandyr. Emläk ýazgysynda ol, elbetde, nagt pullardyr gymmatbaha şaý-sepleri görkezmäň geregem ýok diýendir, o taýda kümüş zatlaryň biraz mukdary ýazylypdyr, öý goşlarynyň bolsa diňe üçden bir bahasy görkezilipdir, o-da graf aýalyna düşýän paýy köpeltmek üçin ýa-da salgydyň möçberini azaltmak üçin edilen bolmaly, onsoňam emläge baha kesýänçiler, adatça, oňa soraşmasyz-ideşmesiz, kellesine gelen bahany belläýýärler, şol ýazgy boýunça-da siziň emlägiňiz alty ýüz müň frank diýlip kesgitlenipdir. Siziň dul galan aýalyňyz kanun boýunça şol emlägiň deň ýarysyna hakly. Emlägiň bary satlyga goýlupdyr, soňam ony aýalyňyzyň özi satyn alypdyr, şol aluw-satuwlaryň hemmesindenem ol peýda görüpdir, ýetimhanalara bolsa bary-ýogy ýetmiş bäş müň frank paý ýetipdir. Ondan soňra-da, aýalyňyz wesýetnamada agzalmansoň, döwlet gaznasy siziň mirasdüşeriňiz bolup galýar, şoňa görä-de, imperator aýratyn görkezme çykaryp, döwletiň paýyna düşýän pullaryň belli bir bölegini siziň aýalyňyza gaýtaryp bermeli edýär.

Hususan aýdaňda, siziň şu taýda näçeräk paýyňyz galýar? Çykdajylardan daşgary diňe üç ýüz müň frank.

Bu hasaba aňk-taňk bolan polkownik:

— Şuňa-da siz onsoň adyl kazyýet diýip at berýäňizmi? — diýip gygyrdy.

— Ýöne...

— Aý, bolubilýä, ýagşam bir adyl kazyýetiňiz bar eken!

— Başgasy bizde ýok-da, meň görgüli polkownigim. Siziň işiňiziň, göwne getirişiňiz ýaly, ap-aňsatja däldigini, ynha, indi özüňizem görüp dursuňyz. Hatda hanym Ferro imperator tarapyndan gaýtarylyp berlen ülşi özümde galdyrýan diýse-de diýäýer.

— Ol dul däl ahyryn, şoň üçin kararyňam güýji ýok...

— Bolýa. Ýöne jedele-de hemişe esas tapylýar. Siz maňa gulak asaýyň. Häzirki ýagdaýda siziň üçinem, graf aýaly üçinem özara ylalaşyga gelnäýenden gowusy ýok. Şonda siz öz kanuny paýyňyzdanam has köpräk gazanarsyňyz.

— Ol öz aýalyňy satmak dälmidir, eýsem?

— Siziň ýigrimi dört müň frank ýyllyk girdejiňiz bolar, şeýle ýagdaýda bolsa size öňki aýalyňyzdanam has

laýygrak, sizi bagtly edip biljek başga bir zenan tapylar. Men häziriň özünde graf aýaly Ferronyň ýanyna gidip, janymyzy barlap görmekçi, ýöne men sizi, habarly etmän, şol ädimi ätmäýin diýdim.

— Menem siziň bilen gitjek.

— Şu sypatdamy? — diýip, aklawçy seslendi. — Ýok, ýok-la, polkownik, ýene-de bir gezek ýok diýýän! Siz bar işi puja çykararsyňyz.

— Onda meň bu işimi utsa boljak-da?

— Doly ýagdaýda! — diýip, Derwil jogap berdi. — Ýöne, gadyrdan polkownigim, siziň bir zada düşünesiňiz gelenok. Men bir tüçjar adam däl, öz satyn alan edaramyň bahasynam entek doly üzlüşemok. Eger kazyýet size geljekki eşretleriňiziň hasabyna belli bir mukdarda pul almaga ejaza beräýse-de, diňe siziň, hakykatdanam, Hormatly legionyň uly serkerdelik haçy bilen sylaglanan polkownik Şaberdigiňizi ykrar edenden soň berer.

— Ana, ýogsa-da şol uly serkerdelik haçy bilen sylaglananym ýadymda-da ýok eken! — diýip, Şaber sadalyk bilen seslendi.

— Ýeri, bolýa, ondan öňürti biz kän çekeleşiklere döz

gelmeli, kazyýetiň hökümlerini almaly: onuňam tölegi bar, kazyýet ijaraçylaryna-da emlemeli, galyberse-de, gün görme-de gereg-ä. Diňe deslapky çykdajylaryň özi on iki-on bäş müň frank töweregi bolar. Onça pulam mende ýok, şu edaramy satyn almaga karz pul bereniň goýan elhenç göterimleri meni ýegşerdip barýar. Özüňiz näme? Şonça puly siz nireden tapjak?

Şormaňlaý esgeriň gözlerine ýaş aýlandy-da, ýygyrt-ýygyrt ýaňaklaryndan düwmelenip gaýtdy. Ýaňky agzalan külpetleriň öňünde ol özüniň bütinleý ejizdigini duýdy. Jemgyýet hem adyl kazyýet ony edil gara basandaky ýaly bogup barýardy.

— Men Wandom sütünlerine baryp ýykylaryn-da, «Men — polkownik Şaber! Şol Eýlauwyň eteginde söweşen Şaber men!» diýip, sesimde baryndan gygyraryn. Sütünler bürünçdenem bolsa, maňa «hä» berer.

— Sizi dessine Şarantona eltip dykarlar.

Şol aýylganç söz agzalandan, garry esgeriň ýeli ýatdy.

— Harby ministrlikde bagtymyzy synap göräýsek näme?

— Şo edaralardamy? — diýip, Derwil garşy çykdy.

— Bolýa, baryň, ýöne eliňizde siziň wepat boldy hatyňyzyň hakyky däldigi hakynda talabalaýyk düzülen resminamaňyz bolsun. Häzirki emeldarlar imperatoryň tarapdarlaryny jähennemiň düýbüne iberip bilseler, şonça şatdyr.

Polkownik ýeke agzam gürlemedi, birsalym gymyldaman, agyr lapykeçlikden ýaňa öňi tutulan gözlerini bir nokada dikip durdy. Harbylarda kazyýet düzgüni gaty ýönekeý, onda süýrenjeňlik bolmaýar, ol aýgytly, ýöne mydama diýen ýaly adalatly çözgüde eltýär. Şaber diňe şol adalaty bilýärdi. Öňünde duran, her jüre kynçylyklardan doly, aýlawly ýollara nazar aýlap, özüniň şol ýollardaky sergezdançylygynyň nähili çykdajylar talap etjegini ölçerip-döküp görende, goja esger diňe adama mahsus bolan erk diýlen güýje niçiksi elhenç zarba urlanyny duýdy. Ol kazyýetden kazyýete gatnap ýörmäň özi üçin manysynyň ýokdugyna, ondan şu garyp gününiň, gedaý halynyň müň paý gowudygyna, eger alsalar, haýsydyr bir polkda ýönekeý atly esger bolup gulluga duranynyň amatlydygyna düşündi. Beden hem ruhy taýdan çeken ejirleri onuň onki süňňüniň iň näzik ýerleriniň külüni çykarypdyr. Ony häzir içinden gemirýän derdiň lukmançylykda entek ady hem, belli bir mesgeni hem ýok, ol biziň bedenimiziň

iň bir wawwaly ýerinde — degna ulgamynda ornaşýar, oňa «betbagtçylyk derdi» diýilse-de bolardy. Şol göze görünmeýän, ýöne hakykatda bar dert hernäçe güýçli bolanda-da, şowuna düşen halatynda ondan gutulybam bolýar. Ýöne garaşylmadyk bökdençligiň, täze bir duýdansyzlygyň ýüze çykmagy adam synasyndaky gowşan damarlaryň gyrylmagyna, onuň hereketlerinde ýaýdanjaňlygyň emele gelmegine, düşnüksiz, başly-barat hereketleriň ýüze çykmagyna getirýär, şonda iň sagdyn bedenem düýp-teýkaryna çenli lagşaýar, şeýle ýagdaýlaryň hasrat astynda galan adamlarda köp gabat gelýändigini fiziologlar aýdýarlar.

Derwil polkownigiň gam laýyna batanyny bada-bat duýdy, şonuň üçinem duýgudaşlyk bilen oňa ýüzlendi:

— Mert boluň, bu iş, gürrüňsiz, siziň peýdaňyza çözüler. Indi bir zady aýdyň: siz maňa doly bil baglap, siziň bähbidiňize bolar öýden zadyma köre-kör eýerip biljekmi?

— Öz bilşiňizçe ediberiň — diýip, Şaber jogap gaýtardy.

— Bolýa, ýöne siz, hamala, öz ajalyna barýan adam ýaly, öz takdyryňyzy tutuşlygyna meniň elime tabşyrmaga razymy?

— Eger men at-abraýdan ömürlik el ýuwup galsam näme? Men ony çekip-çydap bilerinmi?

— Men bu meselä başgaçarak seredýän — diýip, aklawçy garşy çykdy. — Biz özara ylalaşyga geleris hem-de siziň öldi hatyňyzam, nika hatyňyzam ýok ederis, şeýdibem, siz öz hak-hukugyňyza eýe bolup bilersiňiz. Graf Ferronyň tanyş-bilişleriniň üsti bilen özüňizi goşun gullugynyň hataryna general çininde aldyrmak size başardar, şeýdibem, nepaga ýetjekdigiňize şek-şübhäm ýok.

— Onda haýdaberiň! — diýdi Şaberem. — Men size bil baglaýandyryn.

Derwilem:

— Size gol üçin bir dil haty ugratjakdyryn — diýdi. — Hoş galyň, ruhdan düşmäň! Eger pul-püçek gerek bolsa, men bardyryn.

Şaber Derwiliň elini pugta gysdy, ol häzir şeýlebir ysgyn-deramatdan gaçypdy welin, hatda öz myhmanyny ugradybam bilmän, diwara söýenip, sessiz-üýnsüz onuň yzyndan seredip durdy. Adyl kazyýetiň inçe tilsimlerinden bihabar kişileriň bolşy ýaly, o-da häzir bu oslagsyz darkaşdan heder alýardy.

Şu gürrüňçilik dowam edýärkä, derwezäniň agzyndaky sütüniň aňyrsyndan bir adam telim gezek jyklap seretdi — ol, megerem, Derwiliň köçä çykaryna garaşýan bolarly, soň şeýle-de bolup çykdy, o kişi Derwili çagyrdy. Ony çagyran — egni gök keltekçeli, piwo gaýnadýançylaryň geýýäni ýaly epin-epin köýnekli, başy bagana papakly bir goja kişidi. Onuň gasyn-gasyn ýüzi, birhili, goňras bolsa-da, ýaňaklary agyr zähmetden hem mydama açyk howada gezmeden ýaňa al öwsüp durdy.

— Size gep gatmaga milt edenim üçin bagyşlaweriň, jenap! — diýip, ol elini Derwiliň tirsegine galtaşdyiyp, oňa ýüzlendi. — Ýöne görýän welin, siz biziň generalymyzyň dosty ýaly-la.

— Howwa, bolanda näme? Näme üçin ony beýle idäp-soraýaňyz? Aslynda, siz kim bolarsyňyz? — diýip, aklawçy müňkürlik bilen sorady.

— Men — Lui Wernýo — diýip, ýaňky jogap berdi. — Meniň size birki agyz aýtmaly gepim bar.

— Diýmek, graf Şaberi şu hütdüge dykan siz-dä?

— Bagyşlaň, günämizi ötewериň, jenap, şoň bolýan ýeri — biziň iň gowy otagymyz. Eger meniň ýekeje otagym bolanam bolsa, şony oňa bererdim. Özüm

athanada ýatardym. Şeýle jebir-jepalary başdan geçiren adama (üstesine, ol meniň çagalaryma hat-sowadam öwredýär), generala, «müsürlä», meniň ilkinji serkerdäme... Pikir edip görüň-ä! Men ony öz öýümde oňardygymdan gowy ýerleşdirdim. Özümde bary-ýogumy onuň bilen deňje paýlaşdym. O-da bir allanäme üýtgeşik zatlar-a däl: süýtmüdir, çörekmidir, ýumurtgajykmydyr... Alajyň ýok, umşda — harbylarça bolmaly... Ynanaýyň, men şuny ak ýürekden edýän! Ýöne ol bizi öýkeletdi...

— Öýkeletdi?

— Howwa, jenap, onda-da nähili öýkeletdi! Meniň kärhanam, görýäňizmi, öz gurbum çatardan aňyrda, o-da muny aňdy. Gojanyň gany gyzdy-da, özi atyň yzyna düşermen boldy. Men oňa «Goýaweriň, general...» diýýän. Ol bolsa: «Hil bir iş bolaýşyny... Bikärlikden bizar, men bireýýäm bar zady öwrendim-ä!» diýip jogap berýär. Men bolsa, görýäňizmi, öz kärhanamy girewine goýup, Grado diýlen birine dil haty beripdim. Siz, jenap, oň adyny eşidipmidiňiz?

— Ýöne, dost jan, meniň siz bilen lakgyldaşyp durmaga wagtym ýok. Ýeri, polkownik sizi nädip öýkeletdi?

— Öýkeletdi, jenap, siz meň diýenime ynanaýyň, şu diýenim meniň adymyň Lui Wernýo bolşy ýaly çypba-çyndyr; ol meniň aýalymam aglatdy ahyryn. Ol biziň bergimiziň ujundan entek gara şaýam geçirmänimizi goňşulardan eşidipdir. Garry iňre bize hiç zat aýtmasyzdan, biziň dil hatymyzyň kimdedigini bilişdirip, siziň berenje pullaryňyz bilen ol kagyzy ýapdyryp goýberipdir. Gör-ä onuň mekirligini! Aýalym ikimiz şu bedibagt gojamyzyň bir çümmüjek temmäkä zar bolup oturanynam bilýärdik. Häzir bolsa onuň her gün irden çekere sigary bar... Men bar-a, özümi girewe goýanymy gowy görýän... Aý, ýöne, şonda-da ol bizi öýkeletdi-dä. Ol siziň gaty gowy adamdygyňyzy kän gezek ýanjap aýtdy, şoň üçinem meniň sizden haýyşym — şu kärhanamyzy girew hökmünde görüň-de, bize ýüz ekýu karz beriň, şonda biz onuň egin-eşiginem, ýatýan otagynam adam şekilli düzedip bilerdik. Ol-a biziň bilen üzlüşjekdi, dogrumy? Indem tersine boldy: biz gojanyň öňünde bergidar bolup galdyk... Aý, şeýdibem, gaty gördük-dä, garaz. O-da, gel-gel, öz dostlaryny öýkeledýä-dä. Aýyp bor-a beýtmek! Ynha, bir sapýürek adamyň gepi şu, bu-da meň adymyň Lui Wernýo bolşy ýaly, çypbakaý-çyndyr: men bar-a, özümi girew goýaryn welin, siziň pullaryňyzy gaýtararyn.

Derwil süýt-gatyk kärhanasynyň eýesine dikanlap bir seretdi-de, soňra jaýy, howlyny, ders üýşmegini, athanany, towşanlardyr şol üç oglanjygy — baryny birden göz aýtymyna almak üçin, bäş-on ädim yza süýşdi.

«Dogrudanam, hoşniýetliligiň bir aýratynlygy — onuň dünýetalaplyk duýgusy bilen bir ýere sygyşmaýanlygy!» diýip, ol pikir etdi.

— Ýeri, onda, näme, sen şo diýýän ýüz ekýuňy, belki, ondan gowragam alarsyň. Ýöne ony menden däl-de, ynha, polkownik mazaly baýap, saňa hemaýat eder derejä ýetensoň, şondan alarsyň. Meniňem graf Şaberi şol lezzetden mahrum edesim gelenok.

— Ol bahym baýarmyka?

— Howwa, bahym!

— Eý, Hudaý, meň kempirim-ä, baý, begener-äý!

Şeý diýende, Lui Wernýonyň ýele-güne gaýzygan ýygyrtly ýüzem açylyp gitdi.

«Indi bolsa, öz garşydaşymyzyň üstüne ugraýas! — diýip, Derwil paýtuna münýärkä oýlandy. — Iň esasy emelimizi ondan ýaşyrarys, onda näme emeliň barlygyny biljek bolarys, ilkinji oýunda-da utarys.

Az-owlak gorkuzyp bilsegem-ä kem bolmazdy. Biziň garşydaşymyz — aýal adam. Aýallaryňam iň gorkýan zady näme? Aýallar diňe bir zatdan gaty gorkýalar...».

Derwil graf aýalynyň ýagdaýyny her tarapdan ölçerip-döküp, çuň oýa batdy, şeýle oý-pikirler bilen geljekki hereketlerini beýnisinde bişirýärkä, garşydaşynyň iň gizlin syrlaryna aralaşmaga çalyşýan beýik syýasatçylara bu ýagdaý juda tanyşdyr. Aklawçylaram belli bir derejede şol döwlet işgärlerine çalymdaş dälmidir, ýöne ýekeje tapawudy — olar adamlaryň hususy, şahsy meseleleri bilen iş salyşýarlar.

Şu ýerde, ýaş hukukçynyň zehinine mynasyp baha bermek üçin, graf Ferro bilen onuň ýanýoldaşynyň ýagdaýyna ser salyp geçmek gerek.

Graf Ferronyň kakasy, Pariž mejlisiniň öňki geňeşçisi terrorçylyk döwründe çet ýurtlara göç edip başyny gutardy, ýöne mal-mülkünden el ýuwdy. Kiçi Ferro wekilhananyň günleri bellenýän döwürde watanyna dolanyp geldi hem-de Lüdowik XVIII hemişelik wepaly bolup galdy, onuň kakasam baryp-ha rewolýusiýadan öň şol hökümdaryň ýakyn tutýan adamlaryndandy. Başgaça aýdanyňda, ol Sen-Žermeniň asylzadalar bölegine, Napoleonyň ähli hajyk-hujuklarynyň öňünde

sarsman durup bilen bölege degişlidi. Şol wagtlar ýöne jenap Ferro diýlip ady tutulýan ýaş graf ullakan ukyp-başamykly ýigitleriň biri hasaplanardy, şonuň üçin Napoleonam onuň taryna kakyp görýärdi, sebäbi asylzadalaryň howuny basyp gazanylýan ýeňişleriň imperatora berýän lezzeti jeň meýdanyndaky ýeňişleriňkiden pes däldi. Grafa at-derejesini hem-de entek satylmadyk ýer-mülküni gaýtaryp bermegi wada etdiler, soňlugy bilenem onuň ministr ýa-da senator wezipesini eýeläp biljekdigini ýaňzytdylar. Emma imperatoryň paltasy daşa degdi. Polkownik Şaberiň wepat boldy diýlen döwri jenap Ferro ýigrimi alty ýaşy arka atypdy; bu ýaş ýigitde mal-mülk ýokdy, ýöne ol görmekli, syratlydy, ýokary gatlagyň arasynda at-abraýy bardy hem SenZermen etrabynyň buýsanjy hasaplanardy. Graf aýaly Şaber bolsa öňki äriniň mal-mülkünden lomaýja bölegi girisine salmany başardy, şunlukda, dullugynyň ikinji ýylynyň ortalarynda onuň, takmynan, kyrk müň liwr ýyllyk girdejisi bardy, şonuň üçinem onuň ýaş graf bilen toý edýändigi hakdaky habar Sen-Žermen etrabynyň abraýly, gelim-gidimli öýleriniň arasynda goh-galmagala, gep-gybatlara sebäp bolmady. Özüniň öňki hem soňky ýokary gatlagy birleşdirmek, jebisleşdirmek hyýallaryna laýyk gelýän

bu nika Napoleonyňam ýüregine jüňk boldy, onsoň ol polkownigiň mirasynyň gazna düşýän ülşüni hanym Şabere gaýtaryp berdi. Emma Napoleonyň eden tamasy çykmady. Hanym Ferronyň ýaş grafy gowy görmesi diňe onuň öz adamsy bolanlygy üçinem däldi, onuň şol hondanbärsi asylzadalar jemgyýetine aralaşmak arzuwy bardy, ol jemgyýetmem, çöküp barýanam bolsa, entek imperatoryň köşgünden demi rüstem gelýärdi. Bu nika graf aýalynyň diňe göwün isleglerini kanagatlandyrman, onuň şan-şöhrat babatdaky arzuw-hyýallaryna-da kybap gelýärdi. Ol ýokary gatlaga degişli zenana öwrüldi. Sen-Zermen etrabynyň adamlary ýaş grafyň bu nikasynyň asla ähtiýalanlyk däldigine düşünenlerinden soň, onuň aýalynyň öňünde ähli gapylar açyldy. Täzeden dikeldiş döwri geldi. Emma Ferro syýasatdan orun edinmäge gaty bir howluganokdy. Ol Lüdowik XVIII ýagdaýynyň yrgarakdygyny aňýardy, şoňa görä-de, «rewolýusiýanyň döreden düýpsüz uçudynyň ýapyljak» pursadyny peýleýän bilermen adamlaryň hatarynda durýardy, hökümdaryň ýaňky sözlerinde bolsa käbir «aralykçylaryň» erin gyşartmasyna seretmezden, özüçe bir syýasy many bardy. Şonda-da hökümdaryň şu hekaýatymyzyň başynda ýatlanan haşamly görnüşdäki karary bilen, Ferronyň iki sany tokaýlyk ýeri hem

mellekleri özüne gaýtarylyp berildi, şol ýerleriň bahasy bolsa şo wagt mazaly galypdy. Şol aralykda graf Ferro döwlet geňeşiniň agzalygyna hem diwanyň iş dolandyryjylygyna bellenipdi, ýöne ol bu zatlary entek öz syýasy wezipesiniň başlangyjy hasaplaýardy.

Şöhratparazlyk hyýallary kalbyny gemirýän graf öň lüt düşen aklawçylaryň biri, Delbek atly bir hilegär kezzaby özüne şahsy mürze edindi, bar işi bulaşdyrmanyň müň dürli ýoluny bilýän şol mekgaram jenap Ferronyň şahsy işlerini ýöredýärdi. Ýaflky ýeserje-de özüniň şindiki ýagdaýyny gowy bilýärdi, şonuň üçinem ol häzir dogruçyl bolup, arassa işläniň has bähbitli diýen netijä geldi. Ol özüniň direg-tutaryk hökmünde ýapyşan adamynyň ynamyna girmek bilen, girdejili bir wezipe edinmegiň köýündedi, şonuň üçinem hojaýynyň bähbitlerini gözüniň göreji deý goraýardy. Delbekiň häzirki bolşy ol hakdaky öňki gürrüňlere düýbünden ters gelýärdi, şonuň üçinem ol aýdylýanlar bir şyltak eken diýdirýärdi. Graf aýaly Ferro diňe aýallara mahsus synçylygy hem duýgurlygy arkaly öz iş dolandyryjysynyň kimligini derrew tanady we ony gözden sypdyrmazdan, şeýlebir ökdelik bilen işledip ugrady welin, tizara hanymyň mal-mülki goşalanyp gidiberdi. Graf aýaly jenap Ferronyň öz diýeninden

çykmaýandygyna, eger-de Delbek wepadar hyzmat etse, ony iň iri şäherleriň birinde kazyýetiň başlyklygyna belledip biljekdigine ynandyrmagy başardy.

Şol müdimilik wezipäni eýelemek, soňra bähbitlije ýerden öýlenmek, deputat bolup, geljekde syýasat äleminde ýokary derejelere ýetmek umydy Delbeki graf aýalynyň öňünde wepadar gul edip goýdy. Ol täzeden dikeldişiň ilkinji üç ýylynda birža bahalarynyň üýtgäp durmasy hem gozgalmaýan emläkleriň gymmatlamagy sebäpli Parižde çemeçil adamlar üçin dörän kän-kän amatly pursatlaryň hiç birini deňinden geçirmedi. Delbek öz howandar bikesiniň baýlygyny üç esse artdyrdy, özem graf aýalynyň gysga wagtda ummasyz baýlyk edinmek üçin hiç zatdan gaýtmaýandygy sebäpli, bu iş Delbeke has aňsat düşdi. Graf aýaly öz pullaryny tygşytlamak üçin öýe gerek çykdajylaryň baryny adamsynyň aýlyk-günlüginiň hasabyna ýapýardy, Delbekem bu açgözlügiň sebäplerini biljegem bolup durman, graf aýalyň hasaplarynyň başa barmagy üçin yhlas bilen jan çekýärdi. Beýle kysymdaky adamlar diňe özleri üçin bähbidi boljak syry paş etmäge çalyşýardylar. Onsoňam Delbek bu açgözlügi tebigy zat hasaplaýardy, ony parižli zenanlaryň köpüsine degen harsydünýälik keseline deňeýärdi, ylaýta-da, graf Ferronyň ähli etsem-

goýsamlarynyň amala aşmagy üçin ummasyz baýlyk gerekdi; iş dolandyryjy käteler graf aýalyň bu açgözlügi onuň öz adamsyna juda rakyplygyndan bolaýmasyn diýen pikire-de gol ýapman duranokdy, sebäbi hanym ärini şindem söýýärdi. Graf aýaly bu syryň açaryny öz ýüreginiň iň töründe gizläpdi. Onuň bu syry ölmeli ýa almaly diýen meselä direýärdi, şu hekaýatdaky wakalaryň barynyň çözgüdem şondady.

1818-nji ýylyň başlarynda Täzeden dikeldişiň düýp esaslary yrylmaz bolup görünýärdi, hoşniýetli, akylly-başly adamlaryň pikiriçe, hökümetiň amala aşyrjak bolýan işleri Fransiýany täze bir abadan durmuşa ýetirmelidi, ine, şol wagtam Pariž jemgyýetçiliginde öwrülişik bolup geçdi. Graf aýaly Ferronyň ikinji nikasy, şeýlelikde, oňa söýgi, baýlyk getirdi, şan-şöhrata suwsan kalbyna aram berdi. Hanym Ferro entek ýaş hem owadandy, ol ýokary gatlagyň zenany bolup ýaşaýardy, köşgüň howasyndanam dem alýardy. Öz-ä bir baý, adamsam baý hem roýalistler toparynda iň bir ukyply adamlaryň biri, hökümdaryň dosty, özem wagty gelende, ministriň wezipesini eýeläp biljek, graf aýaly-da indi asylzadalar gatlagyna degişli, şol gatlagyň ähli üstünliklerine deň şärikdi. Ynha, şol ýeňişler bilen birlikde-de, graf aýalyň kalbyny çüýredip barýan başga

bir dert bardy. Şeýle bir pynhan duýgular bolýar, ýöne erkek kişi hernäçe jan etse-de, olary aýaldan gizläp bilmeýär. Hökümdar gaýdyp geleninden kän wagt geçmänkä, graf Ferro özüniň öýlenenine puşman edibräk ugrady. Polkownik Şaberiň dul galan maşgalasynyň tanyş-bilişlik ugmndan hiç hili ýapyşalgasy ýok diýerlik eken, şonuň üçin graf hiç bir hemaýatsyz, öz-özüne ýol arçamaly boldy, o ýolda bolsa telim-näçe duzaklar, duşmançylyklar gizlenip ýatan eken. Soňra-da, beýnisiniň dury wagty ölçerip-döküp görende, ol öz aýalynda terbiýäniň kemterräk gelýän ýerlerini gören bolarly, şol kemçilikler zerarlam aýaly grafýň göwne düwen etsem-petsemlerini amala aşyrmagyna düýpli ýardam ederden asgyn gelýärdi. Taleýranyň öýlenişi hakda äriniň aýdan bir degişmesi graf aýalyň gözüni açdy, şonda ol, eger graf häzir öýlenmeli bolsa, onda özüniň hiç haçanam graf aýaly Ferro bolup bilmejek ekenligine düşündi. Öz ýanýoldaşynyň şeýdip ökünjiräp oturmasyny haýsy bir aýal bagyşlap biler? Birtopar öýke-kineler, jenaýatlar, haýynlyklaram şojagaz şineden döreýän bolaýmasyn? Ylaýta-da, öňki äriniň gaýdyp gelerinden howpurganyp ýören graf aýalyň ýüregine ýaňkyja degişmäniň nähili agyr ýara salandygyny göz öňüne getirmek kyn däldir. Ol aýal polkownik Şaberiň

diridigini magat bilýärdi, özem ondan belli-külli dänipdi. Ondan köp wagtlap habar-hatyr bolmansoň, graf aýaly o-da Buten ýaly, imperatoryň algyr bürgütleri bilen bilelikde, Waterloonyň eteginde wepat bolandyr öýtdi. Şol aralykda-da, ol soňky adamsyny gaty pugta — altyn zynjyr bilen örkläp goýmagy, eger graf Şaber ýene dolanyp geläýende-de, özüniň ikinji nikasyny hiç zat bozup bilmez ýaly, ummasyz baýlyk toplamagy ýüregine düwdi. Şaberem dolanyp geläýdi, ýöne graf aýaly özüniň galpyldaplar garaşan darkaşynyň näme üçin enteklerem tutaşybermeýänligine hiç düşünip bilenokdy. Haýsydyr bir dert-kesel ony bu adamdan gutaraýdymyka? Ýa-da ol bir telbemikä? Oň ýaly bolsaha, graf aýalyň dadyna Şaranton ýetişer. Emma graf aýaly özüniň bu syryny Delbeke-de, polisiýa-da ynanmady, ol şeýdäýse, özüm olara bakna bolup galaryn ýa-da şol aýylganç çözgüdiň gelmesini tizleşdirerin öýdüp gorkdy. Parižde graf aýaly Ferro ýaly, elhenç syrlaryny içine salyp ýa-da düýpsüz uçudyň gyrajygyndan ýöräp barýan aýallar az däl, ýöne, näme, wagt geçýär, içdäki ýaralar kesmekläp gataýar, onsoň gülmäge, şatlanmaga-da güýç tapylaýýar.

«Grafyň häzirki ýagdaýynda birgeňsi gümürtiklig-ä bar — diýip, öz münen paýtuny Ferronyň Warenn köçesindäki howlusynyň deňinde togtanda, oý-

pikirlerden aýňalan Derwil netijä geldi. — Şeýle baý, hökümdaryňam merhemetinden peýdalanýan adam bolsa-da, ol näme üçin henize çenli Fransiýanyň perligine saýlananokka? Belki-de, hanym Granlýäniň aýdyşy ýaly, dogrudanam, hökümdar syýasy pikirlerden ugur alyp, bu derejäniň ähmiýetini has-da artdyrmak isleýändir, ony saga-sola paýlaşdyrasy gelýän däldir? Galyberse-de, mejlisiň geňeşçisiniň ogly boldugyň — seniň Krilon ýa-da Rogan boldugyňam däl. Graf Ferro ýokarky palata göni ýol bilen däl-de, diňe arka ýüzdäki gapydan girip biler. Emma ol häzirki nikasyny bozsa, onda ogulsyz, diňe gyzy bolan haýsydyr bir garry senatordan perlik derejesini miras hökmünde alyp biler, muňa hökümdaram şat bolar. Onda näme, ilki şujagaz çeňňegi oklap, graf aýalynam birazajyk gorkuzyp göreli» diýip, ol basgançaklardan galyp barýarka pikirlendi.

Derwil, şeýdip, özi bilmezden, graf aýaly Ferronyň pynhan derdiniň syryny açdy, onuň ýüregini paralap ýatan ýaranyň üstünden bardy. Bu zenan ony özüniň kaşaň gyşky otagynda ertirlik edinip, arasynda-da, demir germewaçly agaç sütünjige zynjyrlanyp goýlan maýmynjygyny oýnadyp oturan ýerinde garşylady. Graf aýalynyň egninde nepis ýektaýjygy bardy, başatgyjynyň aşagyndan ýüzüne dökülip, ygyp duran

zülpleri ony, birhili, şadyýan görkezýärdi. Ol tep-terje hem şadyýan görünýärdi. Öňündäki stol altynsow, kümüşsöw, sadapreňk öwüsýärdi, onuň üstündäki birenaýy farfor güldanlarda seýrek tapdyrýan güller goýlupdyr. Äriniň ýalan ölüminiň arkasyndan baýan graf aýaly Şaberiň nähili elpe-şelpelikde ýaşaýandygyny görüp, polkownigiň özüniň bolsa bir garyp söwdagäriň öýünde, sygyrlardyr towşanlaryň arasynda gün görüp oturyşyny ýatlap, Derwil pikire batdy: «Şundanam, ynha, şeýle tymsal gelip çykýar: eýjejik zenan egni göwşül şinelli, başy çüprejik ýasama saçly, aýagy ýyrtyk ädikli bir kişä hiç haçanam: «Şü meniň ärim» ýa, hatda «söýgülim» hem diýmez».

Derwiliň ýüzünde ýeser hem ýaňsyly ajy ýylgyryş peýda boldy, onuň aňyrsynda ýarysy pelsepä, ýarysy kinaýa ýugrulan many bardy, parižlileriň köpüsiniň maşgala durmuşyny bassyr-ýussur edýän her jüre galplyklaryň düýp körügini öz iş ýagdaýy arkaly aňryýany bilen bilýän adamyň kellesine şeýle pikirler hökman geläýmelidi.

Eldeki maýmynjygyna kofe içirip oturan graf aýaly öz işini bökdemezden:

— Hä, gündiziňiz haýyrly bolsun, jenap Derwil! —

diýip dillendi.

Graf aýalyň «Gündiziňiz haýyrly bolsun, jenap Derwil!» diýen sözleriniň äsgermezçilikli äheňine ýeňse damary gatan aklawçy:

— Hanym! — diýip, birden ýaryldy. — Men siziň ýanyňyza gaty çynlakaý bir iş bilen geldim.

— Gynansagam, graf şu wagt öýde däl-dä.

— Men bolsa, hanym, şoňa gaty begenýän. Eger ol biziň şu gürrüňimizi eşidip oturan bolsa, şo has gynançly bordy. Onsoňam Delbekden eşidişime görä, siz grafy azara goýman, özüňize degişli meseläni özüňiz çözeniňizi kem görmeýän bolmaly.

— Onda men Delbeki çagyrdaýyn — diýdi graf aýaly.

— Öz işine näçe ökde-de bolsa, onuň häzir size geregi ýok — diýip, Derwil garşy çykdy. — Diňläň, hanym, ýagdaýyň neneňsi çynlakaýdygyny duýmagyňyz üçin häzir ýekeje agyz söz ýeterlik. Graf Şaber diri!

Graf aýaly güldi-de:

— Şoň ýaly ýapa degmejek warsakylar bilen meniň keýpime sogan dograryn öýdýän-ä dälsiňiz-dä? — diýip sorady.

Ýöne Derwiliň çüý ýaly içiňden geçip barýan nazaly

graf aýalyny bada-bat haýalçyratdy, ol nazar onuň kalbynyň iň pynhan syrhanasyna aralaşyp, özüne derhal jogap talap edýärdi.

— Hanym — diýip, Derwil sowuklaç hem ýaňsyly äheňde söze başlady. — Siz öz üstüňize abanýan howpuň neneňsi abyrsyzdygyny gümanam edeňzok. Men graf Şaberiň diriligine güwä geçýän kagyzlaryň hakykylygy, delilleriň şeksizligi hakda-ha aýdybam oturjak däl. Meniň gümürtik işlere ýapyşmajakdygymam siz bilýäňiz. Eger-de siz Şaberiň ölümi hakdaky resminamanyň ýatyrylmagy babatda biziň goýýan talaplarymyza şek ýetirip ugrasaňyz, birinji seredilişikde utulýaňyz, şo-da onsoň galan zatlary biziň peýdamyza çözer.

— Siz meniň bilen nämäniň gürrüňini etmekçi bolýaňyz?

— Polkownigiň gürrüň-ä däl, siziň özüňiz hakdada däl. Şu işe dahylly, juda gyzykly birtopar zatlary jikme-jik bilýän bir ökde aklawçynyň galamyndan çykaýjak resminamalar hakda-da agzap durmaýyn, o diýýän aklawçymyzam siziň entek graf Ferro bilen toý etmänkäňiz ilkinji adamyňyzdan gowşan hatlardan birentek gereklije maglumatlary tapyşdyran bolmagy ähtimaldyr.

— Bu diýilýänleriň bary ýalan! — diýip, graf aýaly kes-kelläm garşy çykdy. — Men Şaberden hiç hili hat alan däldirin, eger kimdir biri özüni şol polkownikdirin diýýänem bolsa, ol bir arabozardyr, Konýor ýaly sürgünden gaçanyň biridir. Beýle zatlary akylyňa bir sygdyryp boljakmy, heý?! Ýeri, onda, siziň pikiriňizçe, polkownik dirilip geläýipdir-dä? Bonopartyň hut özi kömekçisiniň üsti bilen polkownigiň wepat bolandygyny aýdyp, maňa gynanç bildirdi, menem, ynha, şu güne çenli polkownigiň yzynda dul galan aýaly hökmünde bellenen üç müň frank kömek puluny alyp otyryn. «Men Şaber» diýip gelýänleriň barynyň yzyna it salyp kowmaga meniň müň dürli delilim bar, indikide şeý diýip geljeklerem ýene şeýdip kowaryn.

— Bagtymyza, hanym, biz häzir ikiçäk otyrys. Şu wagt göwne geldikçe, näçe patarrakyny ursagam hakymyz bar — diýip, içinden heşelle kakyp, graf aýalynyň atanlykda dilinden bir zat sypdyraryna garaşyp, ony bilgeşleýin giňželäp oturan Derwil sowuksala gürledi, öz garşydaşlary ýa-da müşderileri gahardan ýarylara gelende-de, sowukganlylygyny saklap bilýän hukukçylar üçin bu bir adaty emeldi. «Aý, näme, uruşmy — uruş bolmaly-da!» diýip, ol oýlandy-da, bada-badam graf aýalynyň ýagdaýynyň nähili yrgadygyny görkezmek

üçin ýene bir hile tapdy. — Hanym, size birinji hatyň elin gowşurylandygyny, o hatyň ýanynda-da gymmatly kagyzlaryň bolandygyny subut edýän birtopar deliller bar.

— Ýalan, hiç hili kagyzam ýokdy şo taýda!

— Diýmek, siz o haty alan bolmaly-da? — diýip, Derwil ýylgyrdy. — Görýäňizmi, bir hukukçynyň guranja ilkinji duzagyna düşdüňiz oturyberdiňiz, ýene-de giden adalat kazyýeti bilen gidişip bilerin öýdýäňiz.

Graf aýalynyň ýüzi çym-gyzyl boldy, soňra-da agardy, ol elleri bilen ýüzüni tutdy. Soň utanjyna bäs gelip, şu hili zenanlara mahsus bolan sowukganly sypata girdi:

— Siz özüne polkownik Şaber diýip at berýän adamyň aklawçysy bolýan bolsaňyz, merhemet ediň-de...

— Hanym — diýip, Derwil onuň sözüni böldi. — Men häzirlikçe polkownigiň aklawçysy bolşum ýaly, şo derejede siziňem aklawçyňyz. Eýsem, siziň ýaly özüme ynam bildirýän şeýle gerekli adamyny men ýitirmäge dözerin öýdýäňizmi?! Emma siz meni diňlemek islänzok-da...

— Aýdyberiň, jenap! — diýip, graf aýaly şelaýyn dillendi.

— Siziň mal-mülküňiz graf Şaberden galan miras, siz bolsa o bendäniň özüni kyhlap goýberdiňiz. Siz gaty baý adam, graf bolsa siz sebäpli gedaý gezip ýör. Hanym, işiň özi şeýle-de bar zady äşgär aýdyp durka, aklawçylaryňam dili çeperleşiberýändir. Şu taýda köpçüligi siziň garşyňyza goýup biläýjek käbir sebäpleriňem bardygyny ýatdan çykarmaň.

— Ýeri, bolýa-da, jenap — diýip, özüni şu hili otlara salýan Derwiliň bolşuna jany ýanan graf aýaly jogap berdi. — Siziň şol Şaberiňiz, hamala, direm ekenmiş-dä, ýöne meniňem-ä çagalarym bardyr! Şolaryň haky üçin kazyýet meniň ikinji nikamy hakyky diýip tassyklar, menem jenap Şabere iki ýüz ýigrimi bäş müň frankyny gaýtaryp berägede dynaryn.

— Hanym, şu meseläniň ahlak tarapyna kazyýetiň nähili seretjegin-ä bilemzok. Bir tarapda-ha iki çagaly ene bolsa, beýleki tarapda-da, gör, nijeme bela-beterleriň aşagynda mynjyran, siziň günäňiz, doňýürekligiňiz bilen gan'ap sandan galan bir adam ejir baryny çekip ýör. Hany, indi ol nireden özüne aýal tapynsyn? Onsoňam kazylaryň kanundan çykmaga haky bir barmy? Kanun jähetden seredilende, polkownik ikiňiziň nikaňyzda artykmaçlyk bar. Ondan daşgaram, siz ýüzügara bolsaňyz, gapdalyňyzdan täze, özem oslanylmadyk bir

garşydaş çykaýmagy ahmaldyr. Menem, ynha, sizi şol howpdan sowmakçydym.

— Täze garşydaş diýýäňizmi? — diýip, graf aýaly sorady. — Kimdir ol?

— Ol graf Ferrodyr, hanym.

— Graf Ferro maňa juda göwün berendir hem öz çagalarynyň ejesi hökmünde meni juda sylaýandyr...

— Hukukçylaryň ýanynda oň ýaly boş gürrüňleri etmäweri — diýip, Derwil onuň sözüni böldi. — Biz bar zady adamlaryň ýüreginden okamaga endik edipdiris. Häzirlikçe-hä jenap Ferronyň asla siz bilen nikasyny bozmak niýeti ýok, özem, gürrüňsiz, sizi sylaýar, emma kimdir biri onuň gulagyna pyşyrdap, siziň nikaňyzyň hakyky däl diýlip yglan ediläýmeginiň ähtimaldygyny, onuň aýalynyň, ýagny siziň bolsa köpçüligiň öňünde jenaýatçy hökmünde wejeralanmagyňyzyň ahmaldygyny aýdaýsa...

— Ol meni gorar şonda.

— Ýok, hanym.

— Ýeri, ol näme üçin meni taşlasyn?

— Fransiýaň haýsydyr bir periniň ýeke gyzyna öýlenip, hökümdaryň permany bilenem onuň şol

derejesini miras hökmünde almak üçin!

Graf aýalynyň ýüzi ak-tam boldy.

«Çeňňege ilaýen bolsaň gerek! — diýip, Derwil oýlandy. — Indi sen biziň elimizdesiň, polkownik bedibagtyňam işi şowlady bilaý».

— Galyberse-de, hanym — diýip, Derwil daşyndan gürledi. — Ol ynsabynyň öňünde arkaýyndyr, çünki bu taýda gürrüň haýsydyr bir kezzap hakda däl-de, şan-şöhrata eýe, general, graf, Hormat legiony ordeniniň kawaleri, uly serkerdelik haçyna mynasyp bolan adam barada gidýär. Ynha, eger-de şeýle adam «Meniň aýalymy gaýtaryp beriň!» diýip talap edäýse...

— Boldy, boldy, jenap! — diýip, graf aýaly dillendi. — Sizden gowy aklawçy maňa geregem däl! Ýeri, indi nätmeli?

— Özara ylalaşyga gelmeli.

— Ol meni entegem söýýänmidir? — diýip, graf aýaly sorady.

— Men-ä başga hili bolubam bilmez öýdýän.

Şu sözleri eşidenden, graf aýaly buýsanç bilen başyny galdyrdy. Onuň gözlerinde umyt uçguny göründi; kim bilýär, ol başky äriniň duýgy damarlaryny gyjyklap,

nähilidir bir hatyn hilesi bilen bu işiň netijesini öz peýdama çözerin diýen hyýala münenem bolsa ahmal.

— Men siziň netijäňize garaşýan, hanym; şoňa laýyklykda-da, ýa-ha biz öz kagyzlarymyzy kazyýetiň garamagyna berýäs, ýa-da siz merhemet edip, özara ylalaşygyň şertlerini düşünişmek üçin bize gelýäňiz — diýip, Derwil baş egip, yza döndi.

Şu gepleşiklerden bir hepde soň, iýun aýynyň ajaýyp gününiň ertir çagy, kelläňe gelmejek ýagdaýlar zerarly öň aýra düşen är-aýal öz aralyk aklawçylarynyň edarasynda duşuşmak üçin, hersi Parižiň bir künjünden haýdaşyp geldi. Derwiliň polkownige sahylyk bilen eçilen pullary oňa öz derejesine görä birkemsiz geýinmäge ýetipdir. Ýalan merhum kaşaňja bir paýtunda geldi. Onuň başynda indi özüne gelşip duran ýasama saçy, egninde gök mawutdan penjegi, ap-ak köýnegi bardy, jiltgesiniň ýakasynda-da, Hormat legionynyň nyşany dakylýan gyzyl peltejik görnüp durdy. Birmahalky eli giňligi bilen bilelikde, polkownik öňki harby nazarkerdeligine-de dolanyp geläýene meňzeşdi. Ol eginlerini dim-dik tutup gelýärdi. Onuň agras hem syrly keşbe giren ýüzünde bagtyýarlygyň, bagt hakdaky täze umytlaryň möhüri bardy, şol sebäplem onuň ýüz-keşbi has ýigdelen ýaly, suratkeşleriň dili bilen aýtsak, reňkine gelen ýaly

görünýärdi. Ol öňki göwşül şinelli Şaberden, sürçegi çykan gara şaýynyň ýaňyja zikgelenen gyzyl teňňeden tapawutlanyşy ýaly, şeýle parhlydy.

Eýläk-beýläk geçýän ötegçilerem oňa ilki gözleri kaklyşandan, bu adamyň şol köne goşunymyzdan galan ýadygärlikdigini, Gün şöhlesiniň aýna döwüjegine düşüp ýaldyraýşy ýaly, biziň milli şöhratymyzyň şuglalaryny özünde jemlän gahrymanlaryň biridigini bada-bat aňyp bilýärdi. Bu goja esgerler — taryhyň özi, sungat eseri.

Graf edaranyň edil agzynda ýaş ýigit ýaly böküp paýtundan düşdi. Onuň paýtuny eýwanyň öňünden saýlanyp-saýlanmanka-da, gapdallary tugraly, iki omnly enaýyja bir paýtunjyk ýetip geldi. Ondan egni ýönekeýden gelşikli tikilen, ulugyzyňky ýaly inçe syratyny has göze gelüwli görkezýän eşikli graf aýaly Ferro süýnüp-sarkyp ýere düşdi. Onuň başynda alkymyndan aýlanyp daňlan, gyrmyzy ýüpekden astarly owadan başatgyç bolup, ol gelniň ýüzüni diýseň çyraýy, şuglaly görkezýärdi. Ýöne Derwiliň müşderileri şeýle ýigdelen ýaly görünseler-de, onuň edarasynyň şol öňki durkudy hem-de şu hekaýatyň başynda beýan edilen ýagdaýlara juda muwapykdy.

Simonen doly serpilip açylan penjiräniň söýesine egnini ýaplap, çar ýany jaýlar bilen gabsalan howlynyň üstünden yşrap görünýän inedördül boşluga tiňkesini dikip durşuna, ertirlik şamyny iýýärdi.

— Bo-how! — diýip, ýaşajyk mürze birden gygyrdy. — Hany, kim meň bilen bir tomaşa äkitmeden jedel etjek? Anha, şol gelýän döşi gyzyl pelteli general öňki polkownik Şaber bolaýsa nädersiňiz!

— Biziň başlygymyz barypýatan jadygöý-läý! — diýdi Godeşal.

— Diýmek, onda bu gezek biz ony oýnap bilemzok-da? — diýip, Deroş sorady.

— Ony indi diňe öz aýaly, graf aýaly Ferro şeýdäýmese! — diýip, Bukar jogap gaýtardy.

— Diýmek, graf aýaly Ferro indi iki äriň göwnüni tapmaly bolýa-da? — diýip, Godeşal dillendi.

— Ana, o-da ýetip geldi! — diýip, Simonen seslendi.

Şol wagtam polkownik gapydan girdi-de, Derwili sorady.

— Ol öz ýerindedir, jenap graf! — diýip, Simonen jogap berdi.

— Hä, gör-le muny! Häý, garagol diýsänim, sen kerem

däl ekeniň-dä?! — diýip, Şaber oglanjygyň gulagyndan towlap çeken boldy, bu üýtgeşik müşderini sarpaly bir nazar bilen synlap duran mürzeleriň bary hezil edip gülüşdiler.

Graf Şaber Derwiliň ýanyna giräýen pursady, edaranjai bosagasynda graf aýalam göründi.

— Häzir başlygyň huzurynda nähili tomaşaň turjagyny bir pikir edip gör, Bukar! Graf aýaly jübüt günler-ä graf Ferro bilen, täk günlerem graf Şaber bilen geçirmeli bor. Bulaşdyrmasa-da ýagşydyr! Ýazgy-zat ýöretmeli bolar-da.

— Graflaryň yşkyna düşen bolsa, goý, indi ýazgysyny ýöredibersin! — diýdi Godeşal. — Her dört ýyldanam bir gezek graflar hutma-hut bolarlar-da.

— Hany, ümsüm bolsaňyzlaň, jenaplar! Bu lakgyldyňyzy eşidäýseler nätjek?! — diýip, Bukar azmly dillendi. — Öz müşderileriniň üstünden şeýdip gülnüp oturylan ýeri barmydyr, eýsem!

Derwil polkownigi öz içki jaýyna salaýan wagty, graf aýalam onuň iş otagyna gelip girdi.

— Hanym! — diýip, aklawçy dillendi. — Graf Şaber bilen ýüzbe-ýüz oturmanyň size ýakjak-ýakmajagyny

bilmämsoň, heriňizi aýratyn bir jaýda oturdaýyn diýdim. Ýöne siz isleseňiz-ä...

— Şeýle duýgurlygyňyz üçin gaty minnetdar, jenap!

— Men özara geleşigiň taslamasyny taýýnlap goýdum, ondaky şertleri gepleşik wagtynda sizem, jenap Şaberem oňlap ýa oňlaman bilersiňiz. Men yzygider siziň ýanyňyzdan onuň ýanyna gatnar durarуn hem iki tarapyňam pikirlerini ondan-oňa ýetirerin.

— Başlaberiň! — diýip, graf aýaly sabyrsyzlyk bilen dillendi.

Derwil okap başlady:

«Biz, şu aşakda gol çekişenler — bir tarapdan, Hormat legionynyň ordeniniň uly ofiser haçy bilen sylaglanan brigada serkerdesi, Parižiň Pti-Bankýe köçesinde ýaşaýan graf Giasint Şaber hem-de ýokarda ýatlanan graf Şaberiň aýaly hanym Roza Şapotel, doglan ýeri...».

— Giriş sözlerinden böküp geçibereli-le! — diýip, graf aýaly onuň sözüni böldi. — Gönüden-göni ylalaşygyň şertlerine geçiberiň.

— Hanym — diýip, aklawçy dillendi. — Şu girişde siziň bir-birege bolan gatnaşyk ýagdaýyňyz gysgaça beýan edilýär. Soňra-da, birinji şert boýunça, siz üç

kişiniň, ýagny iki sany kepilçiniň, şeýle-de adamyňyzyň häzirki ýaşaýan ýeriniň — süýt önümleri kärhanasynyň eýesiniň (men örän gizlinlikde saklamak şerti bilen, olara bu syry doly açandyryn) şaýat bolmagynda şu ylalaşyga çatylýan resminamalardaky (olaryň hakykylygy bolsa siziň kepilçiňiz Aleksandr Krott tarapyndan düzülen delilnamada tassyklanylýar) görkezilen şahsyň graf Şaberdigini, onuňam öz adamyňyzdygyny ykrar etmeli. Ikinji bölümde graf Şaber siziň bähbitleriňize görä, öz hukuklaryndan diňe şu delilnamadaky görkezilen ýagdaýlarda, ýagny şu gizlin ylalaşykdaky şertleriň berjaý edilmedik halatynda peýdalanmaga borçlanýar — diýip, aklawçy gepiň gerdişine görä aýdan ýaly edip sözüniň üstüne goşdy. — Polkownik Şaberem öz gezeginde siziň bilen bilelikde öz ölümi baradaky delilnamany ýatyrmak we öňki nikaňyzyň bozulandygyny ykrar etmek hakynda haýyş bilen ýüz tutmaga borçlanýar.

— Aý, ýöne bi meniň üçin hiç boljak zat däl-ä! — diýip, graf aýaly geňirgendi. — Maňa kazyýet işi gerek däl. Näme üçinliginiem siz bilýäňiz-ä.

— Üçünji bölüm boýunça — diýip, aklawçy şol öňki äwmezek äheňinde sözüni dowam etdi. — Siz graf Şabere ýigrimi dört müň frank möçberinde ömürlik

renta girdejisini bellemek üçin döwlet gaznasyna maýa geçirmeli, özem polkownik ýogalan ýagdaýynda şol maýanyň ýene siziň ygtyýaryňyza geçmek şerti bilen...

— Bäý, onyňyz-a gaty gala bolýa! — diýip, graf aýaly seslendi.

— Siz şondan pesräge gürleşip bilerin öýdýäňizmi?

— Bolubiler.

— Gepiň tümmegi, siz näme isleýäňiz, hanym?

— Meň isleýän zadym... men işe kazyýetde seredilmegini islämok... meň isleýänim...

— Onuň şol merhumlygyna galmagymy? — diýip, Derwil bada-bat suňşurdy.

— Jenap — diýip, graf aýaly seslendi — siziň eger ýigrimi dört müň frank möçberinde renta girdejisini talap edýänligiňiz çyn bolsa, onda kazylaşsak kazylaşaýarys.

— Howwa, kazylaşaýarys! — diýip, tördäki otagyň şarkyldap açylan gapysynda oslagsyz peýda bolan Şaber basyk sesi bilen gygyrdy. Ol çep elini jiltgesiniň ýakasyna gysdyryp, beýleki eliniň penjesinem aşaklygyna gerip durdy, bu hereket bolsa onuň başyndan geçen ähli şumluklaryň sözsüz, aýylganç bir beýany ýaly bolup

görünýärdi.

«Şoň özi!» diýip, graf aýaly oýlandy.

— Gaty gala gördüňiz-ow! — diýip, goja esger gaýtalady. — Men size tas-kem bir millionlyk mal-mülk goýdum, siz bolsa meniň şu betbagtçylyklarymdan peýda görjek bolýaňyz! Onda bilip goýuň, indi şu siziň özüňizem, baýlygyňyzam maňa gaýtaryp beriň diýip tutaryn. Biziň emlägimiz paýlaşylan däldir, nikamyzam bozulan däldir.

— Ýöne, jenap, siz asla polkownik Şaberem däl-ä! — diýip, graf aýaly ýasama geňirgenen boldy.

— Hä, şeýlemidi asyl! — diýip, goja ajy ýaňsy bilen dillendi. — Onda size delil gerek-dä. Aý, näme, men sizi Pale-Roýaldan ýygnap alamda...

Graf aýalynyň ýüzi agaryp gitdi. Onuň ýaňagyna çalan gülgüne reňkiniň aşagyndan şol solgunlygy gören garry esgeriň öz birwagtky eý gören adamyna salan bu ýarasy üçin ýüregi gyýylyp gitdi-de, dypba dymdy; ýöne bu ýukaýürekligi üçin almytynam aldy — graf aýaly oňa şeýlebir alarylyp seretdi welin, ol durup bilmän, ýene başlady:

— Siz şo wagt nemedediňiz...

— Goýaly-la şuny, jenap — diýip, graf aýaly aklawça ýüzlendi. Men gideýin. Men bärik şuň ýaly elhençlikleri diňläp oturmak üçin gelmedim.

Ol hasyrdap galdy-da, daş çykdy. Derwil onuň yzyndan ylgadam welin, graf aýaly edil ganat-per baglan ýaly, eýýäm zym uçupdyr. Derwil öz iş otagyna dolanyp gelende, polkownigiň edil guduzlan ýaly bolup, otagyň o burçundan bu burçuna batly-batly ädim urýanyny gördi.

— Şo wagtlar — diýip, ol dil ýardy — her kim islän ýerinden gelinlik saýlap, öýlenip bilýärdi, ýöne men, gynansamam, aýal saýlap bilmändirin, görk-görmege aldanypdyryn. Ol bir daşýürek eken-ä.

— Ýeri, polkownik, meniň «Görünme, görünme!» diýip sargaýşym, eýsem, nämamla ekenmi? Siziň, hakykatdanam, polkownik Şaberdigiňize meň indi şek-şübhäm ýok. Siz otaga kürsäp gireňizde, graf aýaly tisginmän oturyp bilmedi, şol tisginmäňem manysyny tirip oturmaň geregi ýok. Emma oň öwezine siz bu işi utdurdyňyz, çünki aýalyňyz siziň tanap bolmajak derejede üýtgäniňizi gördi.

— Men ony öldirin...

— Telbe diýsänim! Sizi tutarlar, basarlar, adam

öldüren diýibem kelläňizi alarlar. Ýok, galyberse-de, jygba-jyga gelende, ol işe eliňizem barmaz, öz aýalyň babatda-ha beýle işler asla bagyşlanýan däldir. Indi bu säwlikleriňizi ýuwup-ýylmamak üçin maňa bir maý beräýiň, ulalyp-oňalmadyk diýsänim! Häzir öýe gaýdyň. Özüňizem ägä boluň, ol aýal size duzak gurup, Şarantona eltip dykybam biler. Sizi garaşylmadyk wakalardan goramak üçin, men öz kagyzlarymyzy kazyýetiň garamagyna tabşyrmakçy.

Polkownik görgüli öz ýaş howandaryna tabyn bolup, ötünç baryny sorap, çykyp gitdi. Ýüregine bar zatdan agyr ýara salan hälki urgudan ýaňa mazasy gaçan polkownik gamgyn oý-pikirlere gark bolup, garaňky basgançaklardan keremara inip gelýärkä, birden aşaky meýdançajykda aýal köýneginiň pasyrdysyny eşitdi hem graf aýalyna gözi düşdi.

— Ýörüň, jenap! — diýip, graf aýaly köneden tanyş hem mährem hereketler bilen onuň elinden tutdy. Graf aýalynyň hereketi, birdenkä mylaýymdan-mylaýym owaza ýugrulan sesi polkownigiň kalbyndaky gazap odunyň üstüne suw sepdi, o-da onsoň graf aýalynyň yzy bilen paýtuna tarap ýöräberdi.

Hyzmatkär paýtunyň aýak basylýan merduwanjygyny

aşak goýberenden, graf aýaly:

— Geliň, meniň gapdalymda oturyň! — diýdi.

Ynha-da, polkownik bir görse, jada uçran ýaly, paýtunda, aýalynyň gapdaljygynda otyr.

— Nirä sürmeli, hanym? — diýip, hyzmatkär sorady.

— Grole tarapa! — diýip, graf aýaly jogap berdi.

Atlar agzybir toýnak urup, Parižiň içi bilen daýyrdaşyp ugradylar.

— Jenap! — diýip, graf aýaly polkownige ýüzlendi welin, onuň sesinde onki süňňüňi lerzana getirýän üýtgeşik bir labyz endiräp gitdi.

Şeýle pursatlarda adamyň bar ýeri — ýüregem, degnasam, ýüzem, göwresem, her bir damarydyr synasynyň her bir öýjügem sarsyp gidýär. Şonda, göwnüňe, jan gidip, jeset boşap galana dönýär, o janam bizi terk edensoň, bakyşlardyr sesiň owazy, hereketler arkaly başga birlerine kesel kimin ýokuşyp, olary biziň erkimize tabyn edýän ýaly bolýar. Goja esger graf aýalynyň agzyndan ilkinji gezek şol aýylganç, ýeke agyz «Jenap!» sözüni eşidende, sandyrap gitdi. Şol sözde gyjalatam, haýyşam, geçirimliligem, umydam, lapykeçligem, sowalam, jogabam — hemmesi bardy. Ähli

zat şonda jemlenendi. Şeýdip, bir sözi şeýle owadanlap, oňa şunça duýgyny siňdirip bilmek üçin dogabitdi aktrisa bolmaly. Emma hakykat diýlen zat welin, özüni beýdip doly äşgär etjek bolanok, özüni güjeňlänok, ol öz pynhan syrlarynyň inçeden duýulmagyny isleýär. Polkownik häzir öz eden şübhelerine, talaplaryna, gahar-gazabyna ökünip aňyrsyna çykybilmän, kalbyny gaplan tolgunmasyny ýaşyrmak üçin gözlerini ýumdy.

— Jenap — diýip, graf aýaly sähelçe salym böwşeňlikden soň ýene dillendi. — Men sizi şobada tanadym-a.

— Rozina — diýdi, goja esgerem. — Şujagaz sözüňiz meniň ähli ýarama melhemdir.

Iki düwme gyzgyn gözýaş graf aýalynyň elleriniň üstüne togarlanyp gaýtdy, Şaber ol elleri ata mähiri bilen aýasynda gysymlap otyrdy.

— Jenap — diýip, graf aýaly sözüni dowam etdi. — Şu häzirki ýalanpisint ýagdaýymda bir keseki adamyň gözüne görünmegiň meň üçin nähili uýat boljakdygyna siz, heý, düşünmediňizmi?! Men gyzarmalam bolsam, diňe öz maşgalamyň arasynda gyzaraýyn. Bu syr, eýsem, biziň ýüreklerimiziň töründe gömlüp galmaly dälmidir? Özüni graf Şaber diýip atlandyrýan bir

nätanşyň ykbalyna sowuk-sala seredenligim üçin meni günäli saýmarsyňyz diýip umyt edýärin, özem onuň diriligine ynanmazlyga hakym barka. Men siziň hatlaryňyzy aldym — diýip, adamsynyň garşy çykjak bolýanyny onuň ýüzünden aňan graf aýaly bada-bat sözüniň üstüni ýetirdi. — Ýöne ol hatlar maňa Eýlauwyň etegindäki söweşden on üç aý geçenden soň gowuşdy; özlerem açylyp, kirläp gidipdir, siziň hatyňyzam asla tanar ýaly däl. Napoleonyň özi meniň nika şertnamama gol goýansoň, arabozar ýesiriň biri başyma oýun saljak bolýandyr öýtmäge mende doly esas bardy. Graf Ferrony ynjalykdan gaçyrmazlyk hem-de maşgalany dargatmazlyk üçin men şol galp Şabere garşy ätiýaçlyk çärelerini görmäge borçludym. Ýeri, indi özüňiz aýdyň, men bimamlamy?

— Howwa, sen mamla. Men akmak, haýwan, göhert bolsa şeýle ýagdaýyň soňunyň nähili boljagyny pikir etmändirin... Ýöne biz nirä barýas-a? — diýip, Laşapel berkitmesine gözi düşen graf Şaber sorady.

— Meniň mülküme, ol Groleniň golaýjygynda, Monmoransi jülgesinde ýerleşýär. Şo taýda, jenap, biz indiki etmeli işlerimizi bileje ölçerip-dökeris. Men öz borjumy bilýän. Kanun boýunça men siziň aýalyňyz bolsamam, hakykat ýüzünde men siziňki däl. Eýsem,

siz biziň bütin Pariže gülki bolarymyzy islärmikäňiz? Geliň, öz işimizi jemgyýete jar etmäliň, bu işde meniň tutýan omum-a şeýle gülkünç. Öz mertebämizi saklalyň. Siz meni entegem söýýänsiňiz — diýip, graf aýaly polkownige gussadan hem mähir-muhabbetden doly nazaryny aýlady. — Ýöne men özüme täze durmuş gurunmak bilen, nädogry edipdirinmi? Şeýle adatdan daşary ýagdaýlarda siziň mälnibanlygyňyza, hoşniýetliligiňize bil baglap biljekdigimi bir pynhan ses maňa duýdurýar, siziň şol mähribanlygyňyza-da men örän beletdirin. Size öz ykbalymyň ýeke-täk kazysy diýmek bilen, men, eýsem, ýalňyşypmydyryn? Diňe kazy däl, aklawçymam, goragçymam boluň! Men siziň dogabitdi asylly gylygyňyza bil baglaýaryn. Siz juda geçirimli adam, meniň biygtyýar goýberen säwliklerim sebäpli dörän ýagdaýlar üçin meni bagyşlaweriň. Jenap Ferrony, dogmsy, men gowy görýän. Ony gowy görmäge özümi hakly diýibem hasap edýärdim. Men utanman-gyzarman aýdýan. Meniň şu boýun almam siziň çetiňize degýändirem, ýöne, barybir, bu aýdylanlar biziň hiç birimiz üçinem masgaraçylyg-a däldir. Men sizden hakykaty gizläp bilemok. Kysmatyň gerdişi bilen dul galan wagtym, meniň entek perzende ýüzüm düşmändi...

Polkownik haýyş manysynda elini daldaladyp, onuň sözüni kesdi, olar ep-esli ýere çenli sessiz-üýnsüz gitdiler. Şaberiň göz öňünde bolsa iki sany çaganyň keşbi ör-boýuna galdy.

— Rozina!

— Diňleýän, jenap!

— Merhumlar gabyrdan çykmaly däl eken, dogrumy?

— Aý, ýok, jenap, ýog-a! Meni bir gadyrbilmezdir öýtmäweriň. Ýöne bir zada düşüniň, siz yzyňyzda aýalyňyzy goýup gitdiňiz, indi bolsa gaşyňyzda duran — söýgä berlen zenan hem ene. Sizi täzeden söýmäge ygtyýarym ýetmese-de, size minnetdar bolmaly ýerlerimi men ýatdan çykaran däldirin, men size öz gyzyňyz hökmünde göwün berip bilerin...

— Rozina! — diýip, polkownik mylaýymlyk bilen onuň sözüni böldi. — Men saňa gahar edemok. Gel, baryny ýatdan çykaraly-la! — diýip, ol nurana kalbyň şuglasyny berýän mysapyr bir ýylgyryş bilen sözüne goşdy. — Özümi indi söýmeýän aýaldan söýgä meňzeş bir zady talap eder ýaly, men entek beýle göhertleşen däldirin-ä.

Graf aýaly oňa şeýlebir minnetdar nazar bilen seretdi

welin, Şaber biçäre hut häziriň özünde Eýlauwyň etegindäki şol doganlyk mazaryna gaýdyp girmäge kaýyl boldy. Käbir adamyň öz wepadarlygyny subut etmek üçin hiç zady gaýgyrmazlyga güýji-gaýraty çatýar, öz ezizine ýagşylyk edendigi hakdaky ýakymly duýgusy bolsa, olar üçin iň ýokary sylagdyr.

— Dostum, biz bu gürrüňe soňrak, biraz köşeşemizsoň dolanyp geleris — diýdi graf aýaly.

Olaryň söhbedi başga ugra syrykdy, sebäbi ýaňky ýaly meseleler hakda uzak gürrüň edibem bolanok. Äraýal öz düşen üýtgeşik ýagdaýlaryny kä kakdyrybrak, kä gönüläbräk agzaşsalaram, olaryň bu gezelenji ajap bir gezelenç boldy, olar, göýä, öňki bileje döwran süren wagtlaryna, Imperiýa döwrüne dolanyp geläýene döndüler. Graf aýaly şol ýatlamalary mylaýym bir öwüşgine ýugrup, gürrüňe gussaly äheň çaýdy, bu-da söhbediň ähmiýetiniň has nygtaldygydy. Ol polkownigiň duýgy damarlaryny gyjyklamazdan, onda söýgi oduny täzeden tutaşdyrmagy başardy, şol bir wagtda-da ol özüniň mhy taýdan nähili baýlaşandygyny gep arasynda ärine görkezmäge ýetişdi hem-de onuň indi diňe öz söwer gyzynyň ýanyndaky ata bagtynyň şatlygy bilen oňmaly boljakdygy hakdaky pikire uýdurmaga çalyşdy.

Polkownigiň öňki tanaýany Imperiýa döwrüniň graf aýalydy, indi bolsa onuň öňünde Täzeden dikeldiş eýýamynyň graf aýaly otyrdy.

Är-aýaly alyp barýan paýtun ahyrsoň bir sokma ýola sowuldy-da, Maržansi depesi bilen owadanja Grole obasynyň aralygyndaky jülgede ýerleşen giň seýilgähiň çetinden girdi. Graf aýalyň şol ýerde kaşaňja jaýy bardy, bu taýda-da ikisiniň bile bolmagy üçin gerekli ähli taýynlygyň görlendigini polkownik aňdy. Betbagtlygam özbaşyna tumar ýaly bir zat bolup, ol biziň zandymyzda bar bolan häsiýet-ukyplary has-da güýçlendirýär: käbirlerinde ol müňkürligiň, gahar-gazabyň artmagyna getirse, kalby nurana adamlaryň ýüregini öňküsindenem beter ýumşadýar. Başyndan geçen külpetler polkownigiňem ýüregini has ýukaldypdyr, öňküdenem gowulapdyr, şonuň üçinem ol aýal maşgalanyň köp erkekler tarapyndan düşünilmejek pynhan hupbatlaryny aňmany başaiýardy. Ýöne ol hernäçe ynanjaňam bolsa, graf aýalyndan bir zady soraman durup bilmedi:

— Diýmek, siziň meni şu taýa getirip biljegiňize gaty ynamyňyz bar eken-dä?

— Howwa — diýdi graf aýalam. — Eger-de meniň

dawagärim, dogrudanam, polkownik Şaber bolsa, onda ynanýardym.

Bu jogap şeýlebir ýürekden çykdy welin, polkownigiň şübheleri duman dagan ýaly boldy, ol öz müňkürligine utandam.

Üç günläp polkownik Şaberiň aýaly mähir-mylakatyň öýjügine öwrüldi. Göýä, ol özüniň üznüksiz aladasy hem-de zenan mylakaty bilen, polkownigiň ähli çeken jebir-jepalaryny unutdyrmaga, öz aýdyşyça, ondan biygtyýar ýuwudylan hunabalar üçin ötünç sorap, günäsiniň geçilmegini gazanmaga çalyşýan ýalydy, ol polkownigiň öňünde bar owsun-jadysyny gaýgyrman, oňa-da geregiçe gussajyk garyp eçilmekden lezzet alýardy, bu jadynyň öňünde polkownigiň dump bilmejeginem bilýärdi; bizem käbir hereketleri, akylyň ýa-da ýüregiň käbir gözelliklerini juda duýgurlyk bilen kabul edýäris hem-de olaryň öňünde dyza çökýäris ahyryn; ol Şaberde öz ýagdaýyna duýgudaşlyk duýgusyny oýarmaga, onuň ýüregini eretmäge, şeýdibem, kalbyny eýeläp, lükgeligine öz eline almaga dyrjaşýardy.

Öz maksadyna ýetmek üçin bar zada taýýar bolsada, ol entek bu adamy nätjegini bilenokdy, ýöne, ilkinji nobatda, ony jemgyýetçilik taýdan ýere sokmanyň

köýündedi. Gronlede geçirilen üçünji günüň agşamy, ol hernäçe jan etse-de, öz kyljak bolýan oýnunyň başa barjagyna ynamynyň azdygyny, onam indi ýaşyryp bilmejegini aňdy. Ol ýekeligi küýsäp, ýokaryk — öz otagyna galdy-da, ýazuw stolunyň başyna geçdi, şunça günläp graf Şaberiň öňünde dakynan asudalyk örtüginem ýüzünden sypyryp taşlady — güzaply bäşinji görnüşiň soňuna çykyp, ysgyndan gaçan aktrisa sahnadan gaýdyp gelen badyna, şeýdip çalajan halda özüni oturgyja oklaýandyr, tomaşaçylaryň hakydasynda goýup gaýdan keşbinden häzir onda nam-nyşan ýokdur. Graf aýaly Delbeke ýazýan hatyny soňlamaga girişdi, ol, hatda Derwiliň ýanyna baryp, polkownik Şabere degişli kagyzlaryň hemmesini onuň adyndan talap etmegi, şol kagyzlaryň barynyň göçürmesini alybam, derhal Grolä gelmegi tabşyrdy. Ol hatyna nokat goýan badyna-da, onuň gürüm-jürüm bolmasyndan ynjalyksyzlanyp, gözlege çykan polkownigiň aýak seslerini eşitdi.

— Eý-waý-eý! — diýip, ol, hamala, öz-özi bilen gürleşýän ýaly, dillenen boldy. — Wah, men bir ölüp dynsadym! Meniň bu halymyň çekip-çydarlygy ýog-a.

— Size näm bolýa? — diýip, dözmezek polkownik sorady.

— Aý, ýok-la, bolan zat ýok — diýip, graf aýaly jogap berdi.

Ol ýerinden galdy-da, polkownigi ýeke goýup, aşak düşdi, hyzmatkär gyzy ikiçäk ýanyna çagyryp, Parižе gitmegi, haty Delbekiň hut özüne elin gowşurmagy, iş dolandyryjy ony okan badyna-da, haty yzyna alyp gaýtmagy buýurdy. Soňra graf aýaly baga çykdy-da, polkownik ony göreýin diýen wagty tapaýar ýaly, görnükli ýerde, dyzeperde jaýlaşdy. Graf aýalyny häliden bäri gözläp ýören Şaberem geldi-de, onuň gapdalynda oturdy:

— Rozina, size näm boldy? — diýip, ol sorady.

Graf aýalyndan jogap bolmady. Iýun aýynyň bir ajaýyp agşamy, ýaşyp barýan şapagyň şeýle eşretli pursatlarynda üýtgeşik bir sazlaşyk duýulýar. Howa ap-arassa, daş-töwerek ümsümlik, diňe hol uzakdaky çemenzarlykdan eşidilýän çaga sesleri bu ajaýyp görnüşiň üstüni owaz bilen dolduryan ýalydy.

— Siz jogap berjegem dälmi? — diýip, polkownik dowam etdi.

— Meniň ärim... — diýip, graf aýaly söze başlady-da, derrewem dymdy, elleri bilen, birhili, gümürtik hereket etdi-de, gyzaryp sowal berdi. — Siziň ýanyňyzda men

graf Ferrony nähili atlandyrsamkam?

— Adamym diýiber-dä, naşyjam — diýip, polkownik akgöwünden jogap berdi. — Ol seniň çagalaryň atasy dälmidir, eýsem?

— Bolýa — diýip, graf aýaly dowam etdi. — Eger jenap Ferro meniň bärde näme işläp ýörenimi sorasa, eger ol meniň bir nätanyş kişi bilen telim günläp ýüzbe-ýüz oturanymy bilse, men oňa näme jogap bererin? Diňläň, jenap — diýip, ol dabaraly bir sypata girdi. — Meniň ykbalym siziň eliňizde, men bar zada boýun...

— Mähribanym — diýip, polkownik aýalynyň elinden tutdy. — Siziň abadan durmuşyňyzyň hatyrasyna men bar zatdan geçýän.

— Ol boljak zat däl-ä! — diýip, graf aýaly galdyrap gygyrdy. — Pikir edip görüň-ä, siz öz-özüňizden geçmeli borsuňyz, onda-da ähli resmi kadalary berjaý edip.

— O nähili? — diýip, polkownik sorady. — Meniň sözüm näme, size ýeterlik dälmidir?

«Resmi» sözi polkownigiň edil ýüregine çümdi, onda biygtyýar bir şübhe döretdi. Şonda ol aýalyna şeýlebir göz bilen seretdi welin, ýaňkynyň ýüzi dym

gyzyl bolaýdy. Ol ýüzüni aşak saldy, polkownigi bolsa indi ony ýigrenmegininiňem daşda däldigi hakdaky pikir howatyrlandyrdy. Graf aýalam bu adamyň ýowuz päkligininiň, hiç berime aldanmaýan dogruçyllygynyň ýüzüne urandyryn öýdüp gorkdy, onuň mert häsiýetine, dogabitdi asyllylygyna ol örän beletdi ahyryn. Şeýle pikirler ikisininiňem ýüzüni saraltsa-da, tizara olar ýaraşdylar. O-da, ynha, şeýle boldy. Daşdan çaga gykylygy eşidildi.

— Žül, jigiňe azar berme! — diýip, graf aýaly gygyrdy.

— Çagalaryňyz bärdemidi? — diýip, polkownik sorady.

— Howwa-la, ýöne men olar siziň ýüregiňize düşüp durmasyn diýdim.

Goja esger onuň bu ajaýyp hereketininiň inçeligine, zenan sypaýylygynyň çuňlugyna häzir gowy düşündi hem-de graf aýalyň elini dodagyna ýetirdi:

— Goý, olar gelsin bärik! — diýdi.

Kiçijik gyzjagaz doganynyň üstünden şikaýat etmek üçin ejesine tarap topuldy.

— Ejejan!

— Ejemjan!

— Ine, şu bar-a...

— Ýok, onuň özi başlady...

Çaga elleri ejelerine tarap uzap, olaryň özlerem bir-birine gezek bermän, bir zatlary gürrüň bermäge durdular. Bu garaşylmadyk ýagdaý örän ýürekgopduryjydy.

— Wah, görgüsiýaman çagajyklar! — diýip, graf aýaly gözüni ýaşlady. — Men bulardan aýra düşmeli boljakda. Kazyýet bulary kime bererkä? Ene ýüregini ikä bölüb-ä bolmaz, men bularyň öz ýanymda galmagyny isleýärin.

— Ejem siz sebäpli aglaýamy? — diýip, Žül polkownige gözlerini alardyp sorady.

— Žül, sem bol! — diýip, graf aýaly abaýly seslendi.

Çagalar ses-üýnüni çykarman, gymyldaman, bir ejelerine, birem hälki nätanşa sözde aýdyp bolmajak bilesigelij ilik bilen seredişip durdy.

— Waý, goý, meni grafdan aýyrsa-aýyrsynlar — diýip, graf aýaly dowam etdi. — Ýöne çagalary maňa goýsunlar, men bar zada kaýyl...

Bu aýgytly göçüm doly küşat boldy, graf aýalyň garaşýanam şody.

— Howwa! — diýip, polkownik içinden aýlap oturan pikiriniň dowamy ýaly edip gygyrdy. — Men öz gabryma gaýdyp girmeli, men eýýäm onuň pikirini etdimem!

— Onuň ýaly pidany men kabul edip bilerinmi? — diýip, graf aýaly jogap berdi. — Eger erkek öz söýgülisiniň namysyny goramak üçin ýeke gezek janyny berýän bolsa, siz maňa her gün, her sagat öz ömrüňizi bermeli bolarsyňyz! Ýok, ýok, ol boljak zat däl! Eger gep diňe siziň ömrüňiz hakda bolsa, o-da entek zyýanyň ýarysy, emma özüňize men polkownik Şaber däl diýip, galp at edinen diýip hat ýüzünde boýun almak, öz at-abraýyňyzdan geçmek, her gün, her minut ýalan sözlemek — ýok, ynsan söýgüsi beýle belentlige ýetip bilmez! Pikirlenip görüň-ä! Ýok, şu garamaňlaý çagalar bolmadyk bolsa, men siziň bilen ýeriň aňrujuna gaçyp giderdim.

— Men siziň ýanyňyzda, şujagaz jaýda, daşgyn bir garyndaşyňyz hökmünde ýerleşäýsem näme? — diýip, Şaber garşy çykdy. — Men indi bir sandan galan adam, ulanyşdan çykan top-ýarag ýaly bir zat, özüme-de bary-ýogy az-owlak temmäki bilen her gün irden «Konstitýusionel» gazetiniň täze sanyny getirip berseler, ýeterlik.

Graf aýaly gözýaşa gark boldy. Onuň bilen polkownik Şaberiň arasynda rehimdarlyk ýaryşy tutaşdy, bu ýaryşda bolsa goja esger üstün çykdy. Şu asuda agşamda daşyna çagalaryny egelendirip oturan enäni görüp, ýüregi hasda ýukalan polkownik merhumlygyňa galmaly diýlen netijä geldi-de, indi resmi kagyzlardan üýşenmän, graf aýalyndan bu maşgalanyň bagtyny mydamalyk üpjün etmek üçin özüniň nätmelidigini sorady.

— Öz bilşiňizçe ediberiň! — diýip, graf aýaly seslendi. — Men şu işe goşulmajakdygymy size duýdurýan. Men oňa goşulmalam däl!

Şondan birnäçe gün öň Grolä gelen Delbek graf aýalyň görkezmesi boýunça, goja esgeriň ynamyna girmäni başarypdy. Ertesi irden polkownik Şaber öňki aklawçy bilen Sen-Le-Tawernä gitdi, o taýda-da kepilçide Delbekiň taýynlap goýan delilnamasy bar eken, ýöne ol şeýlebir gümürtik sözler, jümleler bilen ýazylypdyr welin, ony okadyp gören goja zöwwe ýerinden galdyda, gapa tarap ugraberdi.

— Al kakmyş diýsänim! Ýagşam bir adam boljak ekenim! Munyňyz bir galplyk ahyryn! — diýip, ol gygyrdy.

— Jenap — diýip, Delbek oňa höre-köşe etdi. —

Menem şu kagyza alagada gol çekiň diýjek däl. Siziň ýeriňizde bolsam, şu söwdadan bolmanda otuz müň liwr ýyllyk girdejim-ä gazanyp alardym, graf aýalam şoňa ýok diýmezdi.

Ýedi derýaň suwuny içen bu kezzaba päkýürek adamyň otlukly nazaryny aýlan polkownik içini it ýyrtdyryp, ümdüzine çykyp gitdi. Şol müňkürlik duýgusy ony ýene otdan alyp suwa oklap ugrady, ol käte gazaba galyp, käte-de köşeşýärdi.

Ahyrsoň, ol seýilgähiň germewinden bir ötelge tapyp girdi-de, bassyrmanyň aşagyna tarap ýöneldi, şo taýdan Sen-Leden gelýän ýol oňat görünýärdi, polkownigiňem häzir şol ýerde oturyp dynç alaryn hem pikirlerimi durlaryn diýen umydy bardy. Çemenzarlyga derýa daşlary däl-de, ownujak sary çäge düşelipdir; şol ýerdäki pawilýonyň çaklaňja myhman otagynda oturan graf aýaly polkownigiň alkymlap gelýäninem aňşyrmady; ol öz işiniň netijesi bilen şeýlebir gümrady welin, ýaňky aýak sesleriniň çybşyldysy dagy gulagyna iler ýaly däl. Goja esgerem häzir aýalyny görenok.

Iş dolandyryjysynyň ýeke özüniň sömpüldäp gelýänini garymyň daşyna aýlanan pessejik haýadyň üstaşyr gören graf aýaly:

— Ýeri, nähili, jenap Delbek, ol gol çekdimi ýa ýok? — diýip sorady.

— Ýok, hanym. Men-ä şoňa ne döw çalanyna-da düşünmedim. Arkan gaýşyp, çarpaýyna galyp dur-da, lagar ýaby diýsänim.

— Diýmek, ony Şarantona dykdyrmaly bolýas, gowy ýeri, ol biziň elimizde şu wagt! — diýip, graf aýaly gürledi.

Polkownige birden şol birwagtky çalasynlygy gaýdyp geldi, ol garymdan böküp geçdi-de, göz açyp-ýumasy salymda iş dolandyryjynyň alkymynda peýda boldy hem onuň gulagynyň düýbüne taýly gezek doňduryp goýberdi welin, beýle şarpygy ýaňky şermende ömründe-de dadan däldir.

— Bilip goý, lagar ýaby toýnak salybam bilýändir! — diýip, polkownik gygyrdy.

Gaharyny çykaransoň, polkownik indi garymdan yzyna böküp geçmäge gurbunyň çatmajagyny bildi. Hakykat onuň öňünde çuw ýalaňaçlygyna ör-boýuna galdy. Graf aýalyň sowaly hem Delbekiň jogaby şeýle dildüwşügiň bardygyny, özüniňem şonuň pidasy bolmalydygyny aýan etdi.

Graf aýalyň eçilýän hajyk-hujuklarynyň bary ony duzaga düşürmek üçin gurnalan albaý eken. Onuň hälki sözleri bilniksiz zäher damjasy kimin, goja esgeriň ýürek hem ten ýaralarynyň baryny birdenkä gozgap goýberdi. Ol eňkamy giden goja ýaly aýagyny zordan süýräp, seýilgähiň derwezesinden girip, pawilýona ýöneldi. Diýmek, dynçlygam ýok, rahatlygam! Mundan beýläk bu heleý bilen Derwiliň aýdan şol ýigrenji urşuna başlamaly bolar, bulam-bujarlyga urup, agzyňdan awy getirip, her günem gam pyýalasyny pürepürläp içmeli bolar. Ýeri, onsoň ilkibaşdaky kazyýet seljermesiniň tölegleri üçin puly nireden tapjak, ine, iň eýmenç pikir! Onda häzir ýaşaýşa şeýlebir ýigrenç döredi welin, ol şu wagt deryanyň kenarynda duran bolsa, göni özüni suwa oklardy, elinde sapançasy bolan bolsa, öz maňlaýyndan bir ok goýbererdi. Onuň aňy ýene-de bulaşdy, Derwil Wernýonyň jaýyna baranda, durlanan duýgular ýene öz nyzamyny ýitirdi.

Eýdip-beýdip pawilýona ýetensoň, ol ýokaryk — myhman otagyna galdy, onuň dört tarapa açylýan tegelek penjirelerinden çar ýanyň gözel görnüşi gözüňi dokundyrýardy. Şol ýerde-de ol öz aýalynyň üstünden bardy. Graf aýaly ýumşak oturgyçda oturyşyna, daş-töweregiň owadanlygyny synlaýardy, onuň bütin

durkunda agras arkaýynçylyk bardy, ýüzünden bolsa zat aňjak gümanyň ýok, beýle keşp iň soňuna çenli gidişjek zenanlarda bolýandyr. Ol, hamala, entek gözüniň ýaşy kepemedik mysaly, ýaglyjagy bilen gözlerini sylyşdyryp, soňam äm-säm halda bilindäki uzyn gyrmyzy guşagynyň ujuny oýnaşdyryp ugrady. Daşyndan şeýle sowukganly terzini saklaýanam bolsa, birdenkä edil çat maňlaýynda gollaryny gursagynda çilşirip, gaşlaryny çytyp duran, gahar-gazapdan ýüzi üýtgän hilesiz howandaryny görende, graf aýaly saňňyldanyny bilmän galdy.

— Hanym — diýip, polkownik söze başlanda, onuň içiňden geçip gelýän nazarynyň öňünde graf aýalyň ýüzi şapak ýaly gyzardy. — Hanym, men sizi näletlämok, men sizi ýigrenýän. Indi men ikimizi aýrylyşdyran ýagdaýlara şükür edýän. Meniň, hatda sizden ar alasymam gelenok, men şundan beýläk sizi söýemogam. Maňa siziň çigit ýalyjagam zadyňyz gerek däl. Meniň şu sözüme ynanyň-da, arkaýyn ýaşaberiň, ol söz Parižiň kepilçileriniň ähli çyrşamalaryndan ähtibarlydyr. Men özümiň şan-şöhrata besländirin diýip hasaplaýan adymy hiç haçan gaýtaryp aljagam bolmaryn. Mundan beýläk men özüne zeminiň üstünden ýekeje garyş ýer gözläp ýören ykmanda Giasintdirin. Hoş galyň...

Graf aýaly polkownigiň aýagyna ýykyldy-da, ony saklajak bolup, ellerinden ýapyşdy, emma ol ony itekläp goýberdi-de:

— Maňa galtaşmaga milt edäýmäň! — diýip gygyrdy.

Polkownigiň kem-kemden daşlaşýan aýak seslerini eşidende, graf aýaly diňe eginjigini gysaýdy. Ýokary gatlagyň öwredýän aňrybaş haýynlygy ýa-da wagşy bir mençilligi bilen döreýän düşgürlik arkaly, ol mundan beýläk akýürek esgeriň sözüne hem ýigrenjine bil baglap, arkaýyn ýaşap biljegine göz ýetirdi.

Şaber, dogrudanam, ýitdi. Süýt-gatyk satýançy lüt düşdi, paýtunçy bolup işe durdy. Belki, polkownigiň özem şoň ýaly bir kär-pişejik tapynandyr. Belki-de, uçuda oklanan daş ýaly, o-da kertden kerte degip, Parižiň köçelerini hyryn-dykyn dolduran atsyz-sorsuz garamaýak jemendäniň içinde ýitip gidendir.

Bu wakalaryň üstünden alty aý geçip, polkownik Şaberdenem, graf aýaly Ferrodanam habar-hatyr bolmansoň, Derwil olary özara ylalaşyga gelendirler hem graf aýalam ondan öç almak üçin bu işi başga bir aklawça tabşyrandyr diýen pikire geldi. Bir gün irden Şabere beren pullaryny hem oňa eden çykdajylaryny hasaplap görensoň, Derwil bu hasaby polkownige

ýetirmegini sorap, graf aýaly Ferro ýüz tutdy, sebäbi ol başky ýanýoldaşynyň nirede otlap-suwlaýanyny graf aýaly bilýändir diýip çaklaýardy.

Edil ertesi, graf Ferronyň iş dolandyryjysy, golaýda uly şäherleriň birine kazyýet başlygy edilip bellenen Delbek Derwile ýakymsyz mazmundaky şeýle haty iberdi:

«Siziň alyjenabyňyz!

Hanym Ferro öz müşderiňiziň siziň ynamyňyzdan örän hyýanatçylykly peýdalanandygyny habar bermegi maňa tabşyrdy, özüne graf Şaber diýip ýören ol adam bu ady bikanun galp edinendigini boýun aldy.

Hormatlamak we ş.m. bilen Delbek».

— Men ýaly aňkawlaram Ýer göterip ýör-dä! — diýip, Derwil seslendi. — Ýene-de özüme aklawçam diýen bolup ýörün! Bar, sen bir rehimdar haýyr-sahawatçymyşyň, üstesine, hukukçy alymmyşyňam-da, barybir, saňa aňňalak gapdyrýalar. Şu wakada-da meniň iki müň frankym jüwläp gitdi, ynha!

Şol haty alanynyň yzysüre ol düzediş polisiýasynda iş alyp barýan bir aklawçy bilen görüşmek üçin kazyýete gitdi. Derwil tötänden, şol wagt kazyýet başlygynyň

Giasint atly öz aslynyň-nesliniň kimligini bilmeýän birine ykmandaçylygy üçin, soňlugyndan Senidäki Garaşyk öýüne geçirmek (bu bolsa iş ýüzünde düzediş polisiýasynyň ömürlik tussaglygyna barabardy) şerti bilen iş kesýärkä, altynjy kamera girdi. Giasint diýlen ady eşiden Derwil günäkärlenýäniň oturgyjynda oturan aýyplanýan kişiniň ýüzüne seretdi-de, özüniň galp Şaberini tanaýdy.

Goja esgeriň oturyşy gaty arkaýyn, ýöne pikiri biraz dagynyk ýaly görünýärdi. Egnindäki şylhalaram, hatda ýüzünde öçmez yz goýan hor-homsulygam ony asylly hem buýsançly durkundan mahrum edip bilmändir. Onuň bakyşynda merdana arkaýynçylyk duýulýardy, bu arkaýynçylyk kazynyňam gözünden sypmasa sypmazdy, emma adam pahyr adalat kazyýetiniň penjesine düşdügi, ol aýyplanýan mahluga, hukugyň meselesine, çolaşyk bir işe, hasap ýöredýänleriň elindäki bimany sana öwrülýär. Goja esgeri şu gün işine seredilen özi ýaly ykmandalaryň topary bilen tussag etmek üçin diwanhana alyp ugranlarynda, Derwil hukukçynyň kazyýetiň ähli jaýlaryna girmäge ygtyýar berýän hukugyndan peýdalanyp, olaryň yzyndan bardy hem-de her jüre gedaýlaryň arasynda oturan Şaberi sessiz synlap, birsalym durdy. Ol wagtlar kazyýet

diwanhanasyna degişli kameralaryň öz görnüşem üýtgeşik bir tomaşady, o-da, juda gynansagam, entek kanunçylar ýa-da haýyr-sahawatçylar tarapyndanam, suratkeşlerdir ýazyjylar tarapyndanam öwrenilenok.

Bulam-bujarlygyň ähli barlaghanalary ýaly, bu kamera-da alagaraňky, porsy bir jaýdy; diwaryň uzaboýuna reňki goňralyp giden dyzeperler goýlupdyr, jemgyýetçilik nogsanlarynyň bu üýşmeleňine ähli ýerden gelip goşulýan bedibagtlaryň (olara mundan gaçyp gutulma-da ýokdur) kirjimek şylhalarynyň sürtülmesinden ýaňa dyzeperler ýalpyldap dur. Şahyr, belki, müňläp-müňläp şum ykballaryň akyp gelýän bu elhenç çukuryna Güneşem şugla saçmany kiçilik biler diýerdi. Bu jaýyň her jaýrygynda bir jenaýat ýa-da ýaramaz pygyl busup ýatyr, munuň her bir künjeginde ilkinji etmişinden soň kazyýet tarapyndan tagmalanyp, indem näm bolsa — şo bolsuna salagada, şu gara ýola düşen adama duşsa bolýar, o ýoluň aňyrsynda bolsa oňa ýa jelladyň paltasy, ýa özüniň bilkastlaýyn ölümi garaşýandyr. Parižiň köçelerinden süýrenip barýan her bir şormaňlaýy irde-giçde getirip, şu sary-çal diwarlaryň arasyna dykarlar, munda haýyr-sahawatçy adam (eger ol bir bikär tomaşaçy bolmasa) köpsanly öz janyna kast edilmeleriň sebäbine düşüner, soňy jesethana ýa-da

Grewsk meýdançasyna gelip gutarýan pajyganyň başky bölümini açar, ikiýüzli ýazyjylaryň birtopary bolsa bu ölümler üçin ajydan-ajy gözýaş dökýändir, emma şu zatlaryň öňüni almak üçin welin, ýatan çöpem galdyrmazlar.

Ine-de, polkownik Şaber ýüz-gözleri dogumly, şylha-şylha myrtar egin-eşikli adamlaryň üýşmeginiň arasynda otyr. Üç sany žandarm gylyçlaryny tagyrdadyp süýreşip, iki ýana gezmeläp ýörensoň, ýaňky ýeňiýoluklar käte ýuwaşjadan gürleşip, käte-de dymşyp otyrdylar.

— Siz meni tanaýaňyzmy? — diýip, Derwil goja esgeriň alkymyna baryp sorady.

— Howwa, jenap! — diýip, Şaber oturan ýerinden gobsundy.

— Eger siz sap ýürek adam bolýan bolsaňyz, nämüçin maňa bergiňizi bermän gitdiňiz? — diýip, Derwil pessaýdan sözüni dowam etdi.

Goja öz söýgülisi bilen pynhan duşuşandyr öýdýän ejesiniň şübhesine uçran gyza meňzäp, gulaklaryna çenli gyzardy.

— O nähil-ow! — diýip, ol gygyrdy. — Hanym Ferro size hiç zat tölemedimi näme?

— Tölemedimi? — diýip, Derwil onuň sözüni gaýtalady. — Ol sizi aldawçy diýip maňa hat ýazdy.

Polkownik Arşy-kürsden bu täze ýalana şaýat bolmagyny soraýan ýaly, haýhatdan hem naladan doly gözlerini göge dikdi.

— Jenap — diýip, ol soňra öz gazabyna zordan bäs gelip, parahat äheňde dillendi. — Žandarmlardan haýyş ediň, meni diwanhana eltsinler, men talapnama ýazaýyn, şo boýunça-da size algyňyz, gürrüňsiz, tölener.

Derwil saklawyň baştutanyndan haýyş edensoň, oňa öz müşderisi bilen diwanhana girmäge rugsat berdiler, o taýda-da Giasint graf aýaly Ferronyň adyna gysgajyk hat ýazdy.

— Şu haty oňa iberiň — diýdi polkownik — şondanam siziň ähli çykdajylaryňyzyň öwezini bererler, maňa harçlan pullaryňyzam gaýtararlar. Onsoňam, jenap, maňa ynanaýyň, siziň ähli eden ýagşylyklaryňyz üçin öz alkyşlarymy dilden aýdyp bilmedigem bolsam, şol minnetdarlyk, ine, şu taýda ýatandyr — diýip, ol elini ýüreginiň üstüne goýdy. — Hawa, şol durkuna, şo dolulygyna durandyr. Ýöne bir pukara bende ýagşylygyň öwezine näme berip bilsin? Diňe öz söýgüsi bilen üzlüşäýmese, başga zady ýokdur.

— Heý-de, birazajygam bolsa bir hakjagaz özüňize tölener ýaly şert goýup bilmediňizmi, eýsem? — diýip, Derwil seslendi.

— Maňa aýtmaňam şony — diýip, goja esger jogap berdi. — Köpleriň ölüp-öçüp barýan şu güjeň-güjeň durmuşyny meniň nähili ýigrenýändigimi siz göz öňüne-de getirip bilmersiňiz. Maňa oslagsyz ýerden täze bir kesel degdi, o-da külli adamzada bolan ýigrenç keseli. Napoleonyň Keramatly Ýelena adasynda ýatanlygy ýadyma düşende, şu dünýäň ähli zady meniň aňrymy bärime getirýär. Indi men esger bolup bilemok, ine, şo-da meniň iň uly betbagtçylygym. Galyberse-de — diýip, ol birhilije çaga hereketi bilen sözüniň üstüni ýetirdi — adama şa lybaslary däl-de, öz duýgulary has gowy gelşik berýär, şoň üçinem men hemmeleriň garaçygyna müýnsüz seredip bilýändirin.

Polkownik şeý diýdi-de, ýene dyzepere çökdi.

Derwil daşary çykdy. Öz edarasyna gelibem, indi baş mürzäniň wezipesini eýeläp oturan Godeşaly graf aýaly Ferronyň ýanyna iberdi, graf aýalam onuň hatyny alan dessine, Şaberiň bergilerini üzmek barada öz aklawçysyna görkezme berdi.

1840-njy ýylda indi aklawçy hem Derwiliň

mirasdüşeri bolan Godeşal onuň özi bilen bilelikde Ri şäherine geldi. Bisetre eltýän şaýol bilen gidip baryşlaryna, bir agajyň kölegesinde oturan goja olaryň gözi kaklyşdy, täleýiň büküp taşlan, saçlary çuw ak bolan, gedaýlygyň aňrybaş derejesine ýeten bu hili gojalar öýsüz-öwzarsyz naçarlaryň Salpetriýerde mesgen tutuşlary ýaly, Bisetrde günemasyny görýärler. Garrylar öýünde ýaşaýan iki müň sany üflis bedibagtyň biri bolan bu goja pessejik sütüniň üstünde oturyşyna, ähli maýyplara tanyş bolan bir işe — temmäkiden garagäz elýaglygyny Güne guratmaga bar ünsi bilen meşguldy, o-da elýaglygyny kir ýuwýanlara bermezlik üçindir-dä. Onuň ýüz-gözi örän çynlakaý sypatdady. Egninde-de maýyplar öýüniň öz müşderilerine geýdirýän şylhasy — sary giden keltekçesi bardy.

— Oňa seretseňiz-le, Derwil — diýip, Godeşal hemrasyna ýüzlendi. — Şo garryny görýäňizmi? Germaniýadan ýasap getirilýän äteňet agaç gurjaklara meňzeýämi? Şu mahlugyňam ýaşap ýörşüne haýranlar galaýmaly, özem görseň, öz ýanyndan bagtyýardyram.

Derwil gözaýnasyny dakynyp, ýaňky diýilýän bedibagta seretdi-de, çalarajyk geňirgenme bilen seslendi:

— Baý-bow, o garrymy, ol, gadyrdanym, giden bir poemadyr ýa-da romantikler aýtmyşlaýyn, tutuş bir dramadyr. Graf aýaly Ferro ýadyňyza düşýändir-ä?

— Howwa-la. O diýýäniňiz juda mylakatly hem akylly aýal bolmaly, ýöne gaty hudaýhondyr.

— Anha, Bisetriň şo garry müşderisi — onuň nikaly äridir, graf Şaberdir, öňki polkownikdir; ony şu ýere dykanam, elbetde, şol aýaldyr. Eger ol gojamyz öz köşgi-eýwanynda däl-de, maýyplar öýünde ýaşaýan bolsa, onuňam bir sebäbi şudur, ýagny bir gezek ol enaýyja graf aýalyna özüniň ony paýtun tutan ýaly köçeden söwdalaşyp alyp gaýdanyny ýatladyp, uly säwlik goýberdi. Şonda ol aýalyň neneňsi aýylganç seredişi ömrylla ýadymdan çykanok. Edil bir urkaçy gaplaňyň bar-da!

Bu gürrüňiň başlangyjy Godeşaly gaty gyzyklandyrdy, onsoň Derwilem oňa ýokardaky beýan edilen wakalary başdan-aýak aýdyp berdi. Şondan iki gün geçibem, bu iki dost ýene-de Bisetriň deňinden geçmeli boldy, şonda Derwil Godeşala polkownik Şaberi görüp geçmegi teklip etdi.

Ýarpy ýolda iki dost kesilip taşlanan söwüt şahasynyň üstünde jaýlaşyp, elindäki taýajyk bilen çägäň ýüzüne

bir zatlar çyzyşdyryp oturan gojany gördüler. Has içginräk synlanlaryndan soň, onuň eýýäm ertirlik edinmäge, onda-da maýyplar öýünden başgarak bir ýerde garbanmaga ýetişendigini aňdylar.

— Gündiziňiz haýyrly, polkownik Şaber! — diýip, Derwil oňa ýüzlendi.

— Şaber däl men! Şaber däl! Meniň adym Giasint. Men indi asla adamam däl-de, ýüz altmyş dördünji belgili bir zat, özümem ýedinji näsaglar otagyndan — diýip, ol edil çagalaryň hem garrylaryň bakyşy ýaly, howatyrly bir nazar bilen Derwile seretdi. — Siz ölüme hököm edileni görmäge gelensiňiz, şeýlemi? — diýip, ol birsalym dymansoň, ýene dillendi. — Ol öýlenmedik sallahdyr! Ol bagtly adamdyr!

— Wah, görgüli — diýip, Godeşal dillendi. — Belki, size pul-sul gerekdir? Temmäkijik alnarsyňyz.

Polkownik Parižiň köçelerinde ygyp ýören oglanjyklaryň hilesiz nebsewürligi bilen iki elinem açyp, iki dostuň ikisine-de gezek-gezegine el serdi, olaram oňa ýigrimi frank berdiler, ol manysyz bir nazaryny aýlady-da:

— Berekella, ýigitler! — diýip seslendi.

Soňra ol, hamala, tüpeň çeneýän ýaly edip, taýagyny bulara çenedi-de, gülüp:

— Iki topdan ot açyň! Ýaşasyn Napoleon! — diýip gygyrdy.

Şeýle diýibem, ol elindäki taýagyny howada galgadyp, birhili-birhili şekiller çekişdiren boldy.

— Ol indi tüýs çaga öwrülip barýar. Bu-da onuň alan şol aýylganç ýaralarynyň netijesi bolmaly-da! — diýip, Derwil dillendi.

— Şomy indi çaga öwrüljek? — diýip, bu wakalary synlap oturan Bisetriň başga bir ýaşaýjysy gapdaldan dillenäýdi. — Käbir-käbir günlerde onuň golaýyna baran özüň bolma! Bu mekir garry barypýatan pelsepeçidir! Toslama-da ökdedir! Ýöne, näme, etjek alajyňam ýok, bu gün duşenbedir, o-da biraz keýpini kökländir. Ol, jenap, 1820-nji ýyldan bäri şu ýerden girip-çykýar. Şo ýylam bir pruss serkerdesiniň şu taýa degip geçeni ýadymda. Ol paýtunyny Wilžüife galýan kötelden ugradypdyr-da, özem pyýadalap gaýtmakçy bolupdyr. Giasint ikimizem şo wagt ýoluň gyrasynda otyrdyk. Ýaňky serkerde-de, ynha, özi ýaly bir göhert bilen (o-da çet ýurtly bolara çemeli) lakgyldaşyp gelýän eken, onsoň olar biziň gojamyzy gördüler-de, oýun-

henek etjek boldular, ýaňky pruss serkerdesi «Şu oturan garry atyjy baryp-ha Rosbahyň etegindede gyrlyşyp gören bolsa gerek» diýdi. Biziň gojamyzam: «Eý, o wagtlar biz oglanrak bolduk, ýöne Iýeniň etegindäki söweşde welin, men eýýäm tüýüm ýeten ýigitdim» diýdi. Şeý diýdem welin, ýaňky pruss serkerdesi soragbeýlekinem unudyp, ýeňsesini el ýaly edäýdi.

— Gör-ä munuň kysmatyny! — diýip, Derwil seslendi. — Çagalygyň-a köçä zyňlan çülpeleriň ýetimhanasynda geçirip, peýmanaňam sandan galan garrylaryň öýünde dolduryp, şol iki aralykda-da Napoleona Ýewropany hem Müsüri basyp almaga kömek edip ýetişmek... Biler bolsaňyz, gadyrdan dostum — diýip, Derwil biraz salym dymyşlykdan soň sözüni dowam etdi — biziň jemgyýetimizde üç hünäriň adamy: birä ruhany, birem lukman bilen hukukçy adam sylaýan däldir. Olaryň mydama gara eşikde gezýänligem ýönelige däldir, ol ähli oňat niýetleriň hem arzuw-hyýallaryň ýasy tutuldygydyr. Şol üçüň içindede iň bedibagty — aklawçydyr. Bir adam ruhanynyň aýagyna ýykylanda, onuň kalbynda puşman bardyr, ynsabynyň yzasy bardyr, ynanç-ygtykaty bardyr — şoda ol adamy beýgeldýändir hem onuň ruhy halypasyna teselli bolýandyr, onuňam berjaý etmeli işiniň azda-

kände mazasam ýok däldir, çünki ol günäleri geçdim edip bilýär, azaşany ýola salyp, teselli berip bilýär. Biz welin... Biz aklawçylaryň görýäni şo bir pis duýgular, olaram ýumşadyp biljek zat ýok. Men şu işimde, gör, nämeler görmedim! Iki sany gyzy tarapyndan taşlanylan atanyň kapasada har-hor bolup ölşünem gördüm, ýogsam o pahyr gyzlaryna segsen müň liwrlik ýyllyk girdejem galdyrypdy, wesýetnamalaryň ýakylyşynam, eneleriň öz çagalaryny tozduryşynam, ärleriň öz aýallaryny talaýşynam, aýallaryň öz äriniň söýgüsini awy ýerine ulanyp, ärini bir akmak-tentege öwrüşlerinem gördüm. Öz nikasyz çagasyna bar emlägi geçirjek bolup, kanuny nikasyndan önen çagalaryny ahyry ölümli edähetler bilen zaýalan aýallaram gördüm. Ähli gören-eşidenlerimi size aýtmaga bognum ysanok, sebäbi meniň gören zatlarymyň garşysynda adyl kazyýet asgyn gelýär. Dogrudanam, kyssaçylaryň öz kitaplarynda ýazyp bizi eýmendirjek bolýan ähli zatlary hakyky durmuşyň ýanynda hiç zat bolýa galyberýär. Sizem, ynha, şo zeýilli zatlar bilen uçraşmaly bolarsyňyz. Men bolsam aýalym bilen oba siňmeli diýen netijä geldim. Pariž meniň ýüregimi bulaýar.

— Bu diýýän zatlaryňyzy men Deroş bilen işleýärkämem görme kemini goýmadym — diýip, Godeşal jogap gaýtardy.

*Pariž, fewral — mart, 1832 ý.*